**BAÝRAM BASAROW**
**ÝAGŞYLYK ANNAMYRADOWA**
**SELBI ATAÝEWA**

# PIKIRLENMÄNIŇ WE SÖZLEÝIŞIŇ PSIHOLOGIÝASY

## Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

## Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi

AŞGABAT – 2010

**Professor B.Basarow, uly mugallym Ýa.Annamyradowa, mugallym S.Ataýewa**
**Pikirlenmäniň we sözleýşiň psihologiýasy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy – A: Türkmen Döwlet neşirýat gullygy, 2010 ý. 137 sah.

## Sözbaşy

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet başyna geçen gününden döwletimiziň geljegi bolan ýaş nesle bilim-terbiýe bermeklik meselesine aýratyn üns berýär. 2007-nji ýylyň Mart aýynyň 4-ne "Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek" hakyndaky Karara gol çekilmegi, bilim ulgamynda alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik işleriniň hilini ýokarlandyrmaga, mugallymlaryň terbiýeçilik işlerini netijeli guramaga esas döretdi.

Bu gollanmanyň esasy maksady geljekki psiholog hünärmenlere agzalan ösüş derejeleri baradaky taglymatlary ylmy-nazaryýetden amaly düşünjeler we ýumuşlar esasynda öwretmekden ybaratdyr.

Adamyň işi we durmuşy onuň öňünde täze-täze çylşyrymly meseleleri goýýar. Olaryň belli bir bölegi akyl ýetirişiň aşaky derejeleri bolan duýma we kabul ediş arkaly çözlüp, has çylşyrymlylary bolsa özüniň aýan edilmegi üçin akyl ýetirişiň ýokary derejelerine daýanmaly bolýar. Her bir adam durmuşyň belli bir pursatlarynda haýsydyr bir näbelliligiň çozlüşini hut özi açmaly bolýar. Adamyň pikirlenmesi haýsy görnüşde amala aşyrýanlygyna garamazdan, dilsiz mümkin däldir. Islendik pikir sözleýiş bilen baglanyşykda döreýär we ösýär. Pikir näçe düýpli oýlanylan bolsa ol şonça sözde, sesli ýa-da ýazuw sözleýşinde has aýdyň aňladylýar. Tersine, pikiriň sözde aňladylyşy näçe kämil bolsa, ol şonça-da düşnükli bolýar. Pikirlenme maksada gönükdirilen häsiýetde bolýar. Pikirlenmä bolan zerurlyk haçan-da adam öz durmuş tejribesinde täze maksat, täze mesele we işiň şertleri bilen ýüzbe-ýüz bolan wagtynda döreýär. Pikirlenmede meseläniň çözgüdi dürli-dürli bolup geçip biler. Adamyň synanyşmak we

ýalňyşlyklar usulda, has dogry we doly, nädogry çaklamalaryň üsti bilen hereket edýän ýagdaýlary-da bolýar.

Pikirlenmäniň üsti bilen mesele çözmäge has döredijilikli çemeleşmek algoritmiň has işjeň ulanylmasy bolup, ol öz çözgüdini meseläniň mazmunyna uýgunlaşmak arkaly ýa-da meseläniň transformasiýasynda (meseläniň yzygiderli çözmegi üçin böleklere bölünmegi; meseläniň mazmunynyň täzelenmegi; ülňiniň gurluşy; meseläniň hususy ýagdaýa ýa-da umumy ýagdaýa getirilmegi) tapyp biler.

Haçan-da adam pikiröňdengörüjiligiň usulyny özi üçin açyp özeleşdirende başgaça çykyş edýär. Şonda pikirlenme maksimal ýagdaýda görkezilendir. Indi pikiröňdengörüjilik bolup diňe aňlanylýan maglumatyň obýektiniň häsiýeti bolman (meselem, Gün) şeýle hem azda-kände pikirlenme hadysasynyň kömegi bilen obýekti aňlamak bolup geçýär. Diňe şeýle ýagdaýlarda pikirlenme öňden garaşylýan ýa-da pikiröňdengörüjilik açylan hadysa hökmünde çykyş edýär. Pikiröňdengörüjilik meselesi irki döwürlerden bäri pikirlenmäniň psihologiýasynda öwrenilýär. Şeýle meselede öwrenilmedik pudaklary köp bolup durýar.

Ýumuşy çözmekligiň başlangyç döwründe indiwid öz umumy çaklamasyny esaslandyrmak üçin täze-täze subutnamalaryny ulanýar. Ýöne ähli ýagdaýlarda bu çaklamanyň pikiri öz güýjini ýitirmeýär. Şeýle subutnamalar jemlenen, ,,gysga wagtlaýyn,, maglumatlardan ybarat bolup biler. Haçanda adam pikirleniş ýumuşyny çözende, ol ony çözmek bilen bir hatarda, öz pikiriniň gidişini bahalandyrmagyň usullaryny işleýär. Synag geçirilýän adam näçe ynamly subutnamalary tapmagy başarsa, tapylan çözgüdiň dogrulygyny şonça-da ynamly subut eder.

## Bap I. Pikirlenmäniň psihologiýasy barada umumy düşünje.

### 1.1. Pikirlenmäniň psihologiýasynyň öwrenýän meselleri.

Adamyň işi we durmuşy onuň özünde täze-täze çylşyrymly meseleleri goýýar. Olaryň belli bir bölegi akyl ýetirşiň aşaky derejeleri bolan duýma we kabul ediş arkaly çözlüp, has çylşyrymlylary bolsa özüni aýan edilmegi üçin akyl etirişiň ýokary derejelerine daýanmaly bolýar. Her bir adam durmuşyň belli bir pursatlarynda haýsydyr bir häbelliligiň çozlüşini hut özi açmaly bolýar. Meselem: tomsuň jowzasynda çölde suwsuz galanyň otlara suw halta geýdirip, gije onda bugarmadan ýygnanan nemleri toplap oňşuk edip bilmegi. Şeýle jöwzada salkynly duýmak üçin sowadylan içegä derek çaý derlemek bilen fizikanyň degişli kanuny ulanyp bilmek we ş.m. Ýumuşlaryň şeýle gözlüşi adamyň gündelik tejribesinde gaýtalanmaýan, onuň öz pähimi boýunça amal edilýän bolsa, onda adamözboluşly açyş edýär. Şeýle açyş jemgyýet üçin däl-de, onuň diňe özi üçin niýetlenen we döredilendir. Adamyň durmuş bilen özara täsiriniň şeýle görnüşi ýokary akyl ýetirşiň görnüşini düzýär pikirlenme arkaly dolandyrylýar. Pikirlenme-bu sözleýiş bilen baglanşykly, belli bir täzelik açmaga gönükdielen, barlagy aralaşdyrlan usulda onuň düýpli baglanşyklarynda aňda şöhlendirýän psihiki hadysadyr.

Pikirlenmäniň sözleýiş bilen arabaglanşygy dil we dil üsti däl aragatnaşyk serişdeleriniň pikiriň maddy «gabygy» bolýandygy bilen düşündirilýär. Sözlerde aňladylýan pikir adamyň özi hem-de beýlekiler üçin düşnükli bolýar. Şol bir wagtyň özünde «keşipsiz», söze, şertli belgiler baglanmaýan pikiriň bolup bilýändigi hem bellenmelidir (Kýulpe, Bine).

Pikirlrnmäniň kesgitlemesinde getirilýän onuň açyş edişe gönükdirilenligi bu psihiki hadysanyň hemişe döredijilikli häsiýetde bolaýndygyny häsiýetlendirýär. Eýsem pikirlenmäniň barlagy aralaşdyrlan usulda şöhlendirilýändigi ňäme aňladýar?

Mysala ýüzleneliň. Nähoşuň gyzgynyny biz elimiz bilen hem barlap bilýäris. Ýöne şeýle çemeleşiş hemişe bir taraplaýyn, nätakyk bolýar. Nähoşuň maňlaýyny eldänumizde ozal adam elinde nähili ýyllykda tutýanlygyna laýyklykda hassanyň gyzgynlygy has ýokary ýa-da kadaly ýaly kabul edilip biliner. Şeýle nätakyklygy aradan aýyrmak üçin lukmanlar aralaşdyrjynyň kömeginden peýdalanýarlar. Termometordäki simap sütüniň gyzgynda, giňelip ýokary galmak häsietde nähoşyň gyzgynyny anyk ölçemeklige seişde bolýar. Gös-göni görüp bolýan ýagtylyk tizligini ýörüte abzal arkaly ölçemek bolýar.

Pikirlenmäniň barlagy, onuň düzüjilerini düýpli baglanşyklarda şöhlendirlen häsiýeti şeýle baglanşyklaryň umumy we düýpli görnüşlerde bolýandygy bilen baglanşyklydyr. Meselem, jandarlaryň görnüşlere bölünmeginde diňe umumy baglanşykdan ugur alynsa, onda kit balylaryň görnüşine goşulup (suwda ýaşaýanlygy, ýüz güýçleriň barlygy we ş. m), egerde düýpli baglanşyga esaslansa, ol süýt endirjileriň klasynda bolýar.

## 1.2. Pikirlenmäniň tebigaty.

Pikirlenme akyl ýetirişiň duýgy organlar üsti bilen alnyp barylýan görnüşinde tejribe işiň netijesinde döräp, onuň çäginden has uzakdaky hadysalary aňlamaklyga mümkinçilik berýär.

Akyl ýetiriş işi duýmadan we kabul edişden başlanyp, soňra pikirlenmä geçýär. Duýma we kabul edişiň üsti arkaly pikirlenme daşky dünýä bilen baglaşyp, ony şöhlelendirýär. Bu şöhlelendirmäniň takyklygy, dogrulygy üznüksiz tejribede, tebigaty we jemgyýeti özleşdirmek hadysande barlanyp durulýar.

Gündelik işde duýmanyň we kabul edişiň daşky dünýä berýän maglumatlary zerur bolsa-da, oňa çuňňur hertaraplaýyn akyl ýetirmäge ýeterlik däldir.

Pikirlenmede adam duýmanyň, kabul edişiň we göz öňüne getirmäniň berýän maglumatlaryna esaslanyp, şol bir wagtyň özünde duýma üsti bilen amala aşyrylýan akyl ýetirişiň çäginden çykýar we aşky dünýäniň hadysalarynyň gös-göni kabul edişde berilmedik, gös-göni synlanylmaýan häsiýetlerine we gatnaşyklaryna akyl ýetirip başlaýar.

Meselem, häzirki zaman fizikasynyň iň bir çylşyrymly meseleleriniň biri elementar bölejikleriň taglymatyny döretmekdir. Emma bu ownuk bölejikleri häzirki zamanyň iň kuwwatly mikroskopynyň üsti bilende görüp bolmaýar. Başgaça aýdanyňda olary gös-göni kabul edilmeýär, olary görüp bolmaýar, ýöne olar hakynda pikir etmek mümkin. Abstrakt , aralaşdyrlan pikirlenme şeýle "görünmeýän" elementar bölejikleriň hakykatda-da barlygyny, belli bir obýektiw häsiýetleri özünde jemleýändigini subut etmäge mümkinçilik berýär. Bu gös-göni synalynmaýan bölejiklere pikirlenme hadysande aralaşdyrlan usulda akyl ýetirilýär.

Şeýlelikde pikirlenme duýma üsti bilen akyl ýetirmek ýeterlikli bolmaýan ýerinden başlanýar. Pikirlenme duýmanyň, kabul edişiň we göz öňüne getirmäniň çäginden has daşa çykyp, olaryň akyl ýetiriş "işini" dowam etdirýär we ösdürýär.

Adamyň pikirlenme işi bilen onuň diňe bir düýma üsti arkaly alnyp barylýan ýerinden akyl bilen baglanyşygy däl-de, eýsem dil sözleýiş bilen arabaglanyşygy-da örän möhümdir.

Adamyň pikirlenmesi haýsy formada amala aşyrýanlygyna garamazdan, dilsiz mümkin däldir. Islendik pikir sözleýiş bilen baglanyşykda döreýär we ösýär. Pikir näçe düýpli oýlanylan bolsa ol şonça sözde, sesli ýa-da ýazuw sözleýşinde has aýdyň aňladylýar. Tersine, pikiriň sözde aňladylyşy näçe kämil bolsa, ol şonçada düşnükli bolýar. Ýörite

psihologik synaglaryň görkezişi boýunça käbir okuwçylar, hatda ulular-da öz pikir ýöretmelerini sesli sözleýişde aňlatmasalar mysal işlemekde kynçylyk çekýärler. Haçan-da olar esasy pikirlerini ýörite aýdyň "sözleseler" /goý, ilkibada ýalňyşan bolsada/, onda şeýle "şesli pikirlenme" adatça olar üçiň mysallaryň çözülişini ýeňilleşdirýär. Adam öz pikir ýöretmelerini beýleki adamlara sesli aňladyp, şol bir wagtyň özünde-de olary özi üçin hem aňladýar. Şeýle aňlatmak, berkitme pikiriň dürli pursatlarynda ünsli saklanmagyna mümkinçilik berip, olaryň has çuň düşünilmegine kömek edýär.

Akyl ýetirişiň jemgyýetçilik-taryhy ösüşinde, tebigaty we jemgyýeti özgertmek hadysande ylmy düşünjeler döredilýär, ösdürilýär we sis kämilleşdirilýär. Başgaça aýdanyňda, akyl ýetirişiň dil üsti bilen berkidilmegi arkaly döredilýän, netijeler ýüze çykýar we ösdürilýär. Bu gazanylan netijeler öz gezeginde ylymlar sis ulgamy – fizika, himiýa, biologiýa, sosiologiýa, psihologiýa we ş.m. emele getirýär.

Logika pikirlenmäniň logiki formalaryny – düşünjeleri, pikir ýöretmeleri we jemlemeleri öwrenýär. Düşünje – bu özünde predmetleriň we hadysalaryň umumy, düýpli tapawutlandyryjy häsiýetlerini şöhlelendirýän pikirdir. Meselem, "adam" düşünjesine zähmet işi, zähmet guralyny öndürmek, sözleýiş we ş.m. ýaly esasy düşünjeler girýär. Bu möhüm häsiýet adamlary haýwandan tapawutlandyrýar.

Düşünjeleriň mazmuny pikir ýöretmelerde açylyp görkezilip, olar bolsa sesli ýa-da ýazuw formada, sözlemek arkaly ýa-da pikirde amala aşyrylýar. Pikir ýöretme – bu predmetleriň we hadysalaryň ýa-da olaryň häsiýetleriniň arasyndaky baglanyşyklary aňda şöhlelendirmekdir. Meselem, "metallar gyzdyrlan ýagdaýynda giňelýärler" diýen pikir ýöretme temperaturanyň üýtgemekligi bilen metallaryň göwrüminiň arasyndaky baglanyşygy aňladýar. Düşünjeleriň arasyndaky dürli baglanyşyklary we gatnaşyklary ýüze

çykarmak bilen pikir ýöretmeler belli bir zat hakynda degişli bir zat aýtmaklyk bolýar. Olar predmetleriň, wakalaryň, hadysalaryň arasyndaky gatnaşyklar dogrusynda belli bir pikiri ykrar ýa-da ret edýärler. Meselem, haçanda biz "Ýer Günüň töwereginde aýlanýar" diýmek bilen giňişlikde iki sany asman jisiminiň arasynda obýektiw baglanyşygyň bardygyny tassyklaýarys.

Pikirlenmäni proses hökmünde psihologik taýdan öwrenmek ol ýa-da beýleki akyl ýetiriş netijelerini emele getirýän içki, gizlin sebäplerini ýüze çykarmak diýmekdir. Psihologiýa bu daşky faktlaryň ählisiniň arasynda olaryň içki pikirlenme hadysani ýüze çykarmaga ymtylýar. Şonuň üçin ol daşky häsiýet boýunça göze ilýän psihiki hadysalaryň we wakalary ýüze çykarman, aňlatman eýsem, olaryň içki, özboluşly sebäplerini derňäp, olara düşündiriş berýär. Bu prosesde psihologiýa ylmy dialektiki materialistik determinizm prinsipinden ugur alýar. Bu prinsipe görä ähli daşky sebäpler içki şertleriň üsti bilen täsir edýär. Başgaça aýdanyňda, meselem, islendik pedagogik täsir adama göni däl-de aralaşdyrlan görnüşde – şol adamyň psihiki ýagdaýynyň üsti bilen, onuň duýgularyna, pikirlerine we ş.m. baglylykda täsir edýär. Pikirlenme prosesleri ilkinji nobatda – derňew, sintez we jemlemekdir. Derňew – obýektde onuň ol ýa-da beýleki taraplaryny, elementlerini, gatnaşyklary we ş.m. ýüze çykarmak, akyl ýetirilýän obýekti dürli böleklere we komponentlere bölmek meselesini öwrenmekdir.

Derňew – hadysande bölünen bitewiligiň komponentlerini birleşdirmeklige sintez diýilýär. Sintez hadysa esasynda akyl ýetirilýän obýektiň böleklere bölünip, olary bir-birleri bilen baglanyşdyryar, birleşdirilýär.

Derňew we sintez elmydama özara baglanyşyklydyr. Olaryň aýrylmaz baglanyşygy akyl ýetiriş hadysasynyň biri bolan deňeşdirmede has aýdyň ýüze çykýar. Daşky dünýä bilen

tanyşmaklygyň başlengyç döwründe dürli obýektlere ilki bilen deňeşdirme esasynda akyl ýetirilýär.

Iki ýa-da birnäçe predmetleriň deňeşdirmesi olaryň bir-birleri bilen baglanyşdyrylmagyndan, ýagny sintez başlanýar. Bu sintetiki işiň esasynda deňeşdirilýän predmetleriň derňewi – olaryň umumy we dürli häsiýetlerini ýüze çykarmak bolup durýar. Meselem, okuwçy süýtemdirijileriň dürli toparlaryny öz aralarynda deňeşdirip, mugallymyň kömegi bilen kem-kemden bu haýwanlaryň umumy häsiýetlerini ýüze çykarýar. Deňeşdirme şeýlelikde jemlemeklige getirýär. Jemlemek esasynda deňeşdirilýän predmetleri derňewlemek netijesinde haýsy-da bolsa bir umumy häsiýet ýuze çykarylýar. Bu umumylyk dürli obýektlere degişlilikde iki görnüşde bolýar.

Bir meňzeş – häsiýetleriň umumylygy, 2/ düýpli – häsiýetleriň umumylygy. Meselem, düýbünden başga predmetlerde meňzeşlik tapmak mümkin; bu babatda şol bir topara reňkiniň meňzeşligi boýunça üljäni, piony, gany, çig eti, gaýnadylan leňňeji we ş.m. goşmak mümkin. Emma, bu meňzeşlik /umumylyk/ agzalan predmetleriň düýpli häsiýetlerini aňlatmaýar; ol diňe predmetleriň daşky, örän ýüzleý, esasy bolmadyk alamatlaryna esaslanýar. Şeýle ýagdaýda döredilýän jemlemeleriň uly ähmiýeti bolman, olar köplenç ýalňyşlyga getirýär.

Pikirlenme maksada gönükdirilen häsiýetde bolýar. Pikirlenmä bolan zerurlyk haçanda adam öz durmuş tejribesinde täze maksat, täze problema we işiň şertleri bilen ýüzbe-ýüz bolan wagtynda döreýär. Pikirlenmä bolan hakyky zerurlyk haçan-da täze maksatlar döräp, olara ýetmek üçin işiň öňden bar bolan serişdeleriniň we usullarynyň ýetmezçilik edýän ýagdaýlarynda ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýlara, meseleýin ýagdaýlar diýilýär. Problema ýagdaýlarynda öz başlangyjyny alýan akyl ýetiriş işiniň kömegi bilen maksada ýetmekligiň,

islegleri kanagatlandyrmagyň täze serişdelerini we usullaryny döretmek, açmak mümkin bolýar.

Pikirlenme - bu bir täzelenşi agtarmak we ony açmakdyr. Haçan-da hereketleriň öňden mälim bolan usullary, öňki bilimler we endikler bilen meseläni çözmek başarylýan bolsa problema situasiýasy we pikirlenmä bolan zerurlyk düýbünden döremeýär.

Pikirlenmäniň özbaşdaklygy ilkinji nobatda täze, problemany görmek, meleläniň goýluşynda öz güýjüň bilen çözülişini tapmakda ýüze çykýar. Pikirlenmäniň döredijilikli häsiýeti hut şunuň özbaşdaklygynda ýüze çykýar.

Pikirlenmäniň çeýeligi, eger-de ýümuşyň ilki göz öňünde tutulan çözüliş meýilnamasyny meseläniň çözüliş esasynda soňra dörän şertlerini kanagatlandyr-maýan ýagdaýynda ony üýtgedip bilmekde ýüze çykýar.

Pikirleriň çaltlygy adamyň örän gysga wagt aralygynda /meselem, söweş wagtynda, awariýalarda we ş.m. degişli netijä gelip bilmekliginde döreýär. Emma bu häsiýet okuwçlarda zerurdyr. Meselem, birnäçe oňat okaýan okuwçylar hat-da ýokary synplarda hem täze mysallary işlemek üçin tagta çagyrylýan wagtynda tolgunyp, bütin synpyň öňünde özlerini ýitirýärler. Şeýle oňaýsyz emosiýalar olaryň pikirini togtadýar, olaryň pikiri örän haýal we köplenç şowsuz bolýar.

## Bap II. Pikirlenme psihologiýasynyň öwrenilişi, görnüşleri hakynda.

### 2.1.Pikirlenmäniň görnüşlerini kesgitlemä psihologik çemeleşmäniň esaslary.

Taryhy - jemgyýetçilik ösüşde adamlar öz durmuşynda döreýän meseleleri ilki-ilkiler tejribe-synag iş arkaly çözüpdirler. Diňe amaly-tejribe işiň netijesinde soň-soňlar teoretik (taglymat) işi bölünip aýrylypdyr. Meselem: ilki durmuş adamy ilki başda tejribe usulda (ädimläp we ş.m.) ýer böleklerini ölçemekligi öwrenip, diňe şeýle işiň esasynda ýüze çykan düşünjeleriň esasynda geometriýa aýratyn teoretik ylym hökmünde döräpdir. Amaly we teoretik iş özara baglanyşyklydyr. "Pikirleriň, düşünjeleriň , aňyň hasyl bolmagy ilkibaşda adamlaryň gönüden-göni maddy işi bilen we maddy baryş-gelişe bilen hakyky ýaşaýşyň dili bilen utgaşykly bolupdyr" – diýip marksizmiň esasyny goýujylar ýazypdyrlar. Bu amaly işiň ilkinjidigini, teoretiki işiň bolsa ikinijidigini aňladýar.

Adamzat taryhynyň ösüşinde däl, eýsem her bir çaganyň psihiki ösüş ýagdaýynda ikinji nobatda sap teoretik iş däl-de amaly iş döreýär. Amaly işiň jümmüşinde ilki bilen çaganyň pikirlenmesi ösüp başlaýar. Mekdebe çenli ýaşyň öňsyrasynda pikirlenme esasan aýdyň – hereket görnüşde bolýar. Çaga şu döwürde, kabul edilýän obýektleri amaly böleklere bölüp, birleşdirmek esasynda, olary derňeýär hem-de sintezleýär. Şol sebäpli bilesigeliji çagalar, köplenç "içinde näme barlygyny" bilmekleri üçin oýnawaçlary döwýärler. Ýönekeý görnüşde aýdyň – şekil pikirlenme esasanda mekdebe çenli, ýagny 4-7 ýaşlarda döreýär. Pikirlenme tejribe-amaly hereketler bilen baglanyşykly saklansa-da ol edil öňki ýaly aýrylmaz, berk häsiýetde däldir. Akyl ýetirilýän obýekti

derňemek we sintezlemek esasynde çaga indi predmetleri eli bilen birleşdirmek, dargatmak zerur bolmaýar. Emma çaga bu obýekti göz öňüne getirmeýär. Başgaça aýdanyňda mekdebe çenli çagalar entek düşünjeler arkaly däl-de, aýdyň şekilleriň üsti bilen pikirlenýärler. Mekdebe çenli çagalarda düşünjeleriň ýokdugy şweýsar psihology J.Piýajeniň geçiren tejribelerinde has aýdyň ýüze çykýar. 7 ýaşly çagalar bilen geçirilen tejribelerde, çagalara hamyrdan edilen birmeňzeş, göwrümi boýunça deň iki sany şarjagaz görkezilýär. Çagalaryň her biri şarlaryň ikisini-de ünsli synlap, olaryň deňdigini aýdýarlar. Soňra çagalaryň gözüniň öňünde şarlaryň birini kökejige öwürýärler.: çagalar bu kökejige öwrülen şara hiç bir artykmaç hamyryň goşulmandygyny anyk görkezýärler. Emma şeýlede bolsa, olar kökejikde hamyryň mukdarynyň köpelendigini aýdýarlar. Munuň sebäbi çagalaryň aýdyň keşp pikirlenmesiniň gös-göni olaryň kabul edişine tabyndygyny, şonuň içinde düşünjeleriň kömegi bilen predmetiň has göze ilgiç häsiýetlerinden sowulyp, abstragirlenip bilmeýänligi bilen düşündirilýär. Kökejik hakynda pikir edip, çagalar ony synlaýarlar we onuň stoluň üstünde şarjagaza seredende köp ýer tutýandygyny görýärler. Aýdyň - keşp görnüşinde amala aşyrylýan çagalaryň pikirlenmesi kabul edişe eýerip kökejikde indi şarjagazdan hamyryň köplügi hakyndaky netijä gelýärler. Tejribe we aýdyň duýma tejribäniň netijesinde çagalarda olar mekdep ýaşyna ýetenlerinde, ilki has ýönekeý görnüşde teoretiki pikirlenme, ýagny abstrakt düşünjelerde amala aşyrylýan pikirlenme döreýär. Pikirlenme bu ýerde diňe bir praktiki hereketler we aýdyň keşpler görnüşinde bolýar. Dürli ylymlaryň – matematikanyň, fizikanyň, taryhyň we ş.m. esaslarynyň özleşdirilmeginde döredilýän düşünjeler çagalaryň akyl taýdan ösüşinde uly ähmiýete eýedir. Mekdep okuwy esasynda dürli dersler boýunça düşünjeleriň kemala getirilişi rus psihologlary tarapyndan ýörite öwrenilýär. Bu işlerde

düşünjeleriniň haýsy häsiýetleriň okuwçylar tarapyndan nähili yzygiderlikde we şertlerde özleşdirilýändigi çuňňur öwrenilýär. Mekdep okuwynyň ahyryna çenli okuwçylardan belli bir derejede düşünjeleriň ulgamy kemala getirýär. Okuwçylar diňe bir aýry düşünjeler bilen däl-de, eýsem düşünjeleriň tutuş toplumu arkaly pikirlenmäge ukyply bolýarlar. Öň hem belleýşimiz ýaly, iň bir abstrakt pikirlenme hem duýma üsti bilen amala aşyrylýan akyl ýetirişiň çäginden has daşa çykyp, şol bir wagtyň özünde duýmandan, kabul edişden we göz öňüne getirmeden doly arasyny üzmeýär. Pikirlenmäniň aýdyň duýgy tejribe bilen şeýle özara baglanyşygy okuwçylarda düşünjeleri kemala getirmekde uly rol oýnaýar. Aýdyňlyk okuwçylarda düşünjeleri ösdürmekde iki hili häsiýetde bolýar.

Bir tarapdan ol bu hadysany ýeňilleşdirýär. Çaganyň pikiri özüniň ilkinji ösüş döwründe aýdyň, anyk-duýma esaslanan materialy aňsat özleşdirýär. Meselem, köpsanly taryhy düşünjeler degişli aýdyň şekillendirmeler bilen utgaşdyrylsa has ýeňil özleşdirilýär. Ikinji bir tarapdan islendik aýdyňlyk, ähli şertlerde okuwçylarda taglymat pikirlenme döretmäge kömek etmeýär. Aýdyň görkezme esbaplardaky we illýustrasiýalardaky aşa ýiti göze ilgiç detallar akyl ýetirilýän obýektiň esasy, düýpli häsiýetlerinden ünsi sowýar. Şeýlelikde, bu düýpli häsiýetiň derňewi we jemlenmesi kynlaşýar. Meselem, 7-nji synp okuwçylarynyň köpüsine *“basyş”* temasy boýunça fiziki ýazgy meseleleriniň *“abstract”* görnüşlerini çözmek bu temanyň köpsanly konkret aýdyň detallary formasyny çözmekden ýeňil düşýär. Fiziki we beýleki hadysalaryň arasyndaky baglanyşyklar predmetleriň aýdyň kabul edilýän häsiýetleri arkaly ikinji derejä geçip açylman galýar (meselem, ekskowatoryň aýdyň modelinde birbada ryçag pribsipini ýüze çykarmak aňsat däldir). Şonuň içinde aýdyň görkezme esbaplar ulanylýan her bir anyk ýagdaýynda

aýdyň - anyk we abstract komponentleriniň arasynda kesgitli, optimal utgaşyklyk bolmalydyr.

Okuwçylarda düşünjeleri özleşdirmekde teoretiki pikirlenmäniň ösmegi, mundan beýläk olarda pikirlenmäniň aýdyň-hereket we aýdyň-keşp görnüşleriniň ösüşden galýandygyny aňlatmaýar. Pikirlenmäniň bu görnüşleri öňkileri ýaly üýtgeýişde bolup, olar teoretiki pikirlenmäniň hut öz täsiri astynda ösýärler. Diňe bir çagalarda däl, uly adamlarda hem pikirlenmäniň ähli görnüşleri belli bir derejede hemişe ösýär. Meselem, tehniklerde, inženerlerde, we konstruktorlarda aýdyň-hereket pikirlenmesi, ýazyjylarda bolsa aýdyň-keşp "anyk-duýgy" pikirlenmesi has ýokary derejede ösýän bolýar.

## 2.2.Pikirlenmäniň indiwidual aýratynlyklary

Pikirlenmäniň älhi indiwidual aýratynlyklarynyň dürli adamlarda dürli bolmaklygy ilki bilen, olarda pikirlenmäniň agzalan görnüşleriniň bir-birleri bilen özboluşly utgaşandygy bilen düşündirilýär. Pikirlenmäniň ožbaşdaklygy ilkinji nobatda, täze ýüze çykan problemany görmek, ony goýup öz güýjüň bilen çözülişini tapmakda ýüze çykýar.

Pikirlenmäniň çeýeligi, eger-de ýumşuň ilki göz öňünde tutulan çözlüş meýilnamasyny problemanyň çözlüş esasynda soňra dörän şertlerini kanagatlan-dyrmaýan ýagdaýynda ony üýtgedip bilmekde ýüze çykýar.

Pikirlenmäniň çaltlygy, adamyň örän gysga wagt aralygynda degişli netijä gelip, bilmekliginde döreýär. Emma bu häsiýet okuwçylara hem zerurdyr. Meselem, birnäçe oňat okaýan okuwçylar hatda ýokary synplarda hem täze mysallary işlemek üçin tagta çagyrylan wagtynda tolgunyp, bütin synpyň öňünde özlerini ýitirýärler. Şeýle oňaýsyz ýagdaýdadyr, olaryň pikirini togtadýar, olaryň pikiri örän haýal we köplenç şowsuz bolýar.

Pikirlenmäniň agzalyp geçilen häsiýetleri onuň esasy häsiýeti bolan obýektleriň düýpli alamatlaryny ýüze çykaryp, özbaşdak täze jemlemelere gelmek bilen berk baglanyşyklydyr. Adam pikirlenmede aýry-aýry faktorlary ýuze çykarmak bilen çäklenmeýär. Pikirlenme predmetleriň has çuňňur mazmunyna aralaşyp, bir meňzeş hadysalaryň umumy kanunyny açýar.

Okuwçylaryň pikirlenmesiniň örän uly, ýöne ýeterlik ulanylmaýan rezerwleri we mümkinçilikleri bardyr. Psihologiýanyň we pedagogikanyň esasy wezipesi bu rezerwleri açyp, olaryň okadylyşy has netijeli we döredijilikli guramalydyr.

Akyl ýetirişiň duýgy derejesinde daşky täsirler gös-göni biziň aňymyzda degişli keşpleriň döremegine getirýärler. Obýektiw hakykata akyl ýetirişiň söz-logiki derejesinde şöhlelendirilişi has çylşyrymly bolýar. Ol gös-göni däl-de, aralaşdyrylan häsiýetde bolup, onuň netijesinde predmetleriň we hadysalaryň akyl ýetirişi duýgy derejesinde bolman, kabul edilmeýän häsiýetleri beýnide şöhlelendirilýär. Meselem, baha, udel agramy diýen häsiýetler, duýma üsti bilen däl-de, pikirlenmede şöhlelendirilýär. Eger okuwçylara dürli halklaryň ýaşaýyş jaýlaryny göz öňüne getirmek teklip edilse, onda olaryň biri aýnadan we betondan gurlan häzirki zaman jaýlaryny göz öňüne getirse, başga biri çatmany, ýene biri ýokarsyna çenli gar syran öýi görer. Şeýle ýagdaýda dörän göz öňüne getirme hakykaty duýma arkaly şöhlelendirmegiň netijesidir. Şeýle göz öňüne getirmeler adamyň geçmiş tejribesinde bolup geçen hakyky zatlaryň we şekilleriň gös-göni aňda gaýtadan dikeldilmesidir.

Pikirlenmäniň esasy operasiýalaryna derňew, sintez, deňeşdirme, abstraktlaş-dyrma, umumylaşdyrma, klassifikasiýalaşdyrma, kadalaşdyrma ýaly düşünjeler degişlidir. Bu operasiýalaryň her biri akyl ýetiriş esasynda belli

bir funksiýany ýerine ýetirýär we beýleki operasiýalar bilen çylşyrymly arabaglanyşykda bolýar.

Analiziň funksiýasy tutuş zady böleklere bölüp onuň aýry-aýry alamatlaryny, taraplaryny tapawutlandyrmakdan ybaratdyr. Meselem: haýsyda bolsa bir sözlem derňew edenimizde ýa-da söz toparlaryna bölenimizde, biz aýry-aýry sözleri bölüp aýryp, olary atlaryň, işlikleriň, çalyşmalaryň, hallaryň we başgalaryň toparlaryna degişli edýäris., öwrenilýän predmeti derňew etmek bilen, pikirlenýän adam oňa has çuňňur düşünmäge mümkinçilik gazanýar.

Pikirlenme hadysasy adatça, adam haýsy-da bolsa bir kynçylyga duşanda, bir zada düşünmäge, haýsyda bolsa bir meseläni çözmäge isleg bildiren ýagdaýynda başlanýar. Başgaça aýdanymyzda mydama meseleden, ony çözlemek başlanýar.

Özüňi ýa-da başga birine "pikirlenmegi" ýöne maslahat bermek bilen pikiriň işeňňir işlemegini döretmek bolmaz. Munuň çözülmegi üçin pikirlenme talap edýän meseläniň adamyň öňünde durmagy ýa-da adamda şu meseläni çözmek dogrusynda isleg ýa-da borç duýgusynyň döremegi zerurdyr. Şoňa görä, pikirlenýän adamyň duýgusynyň döremegi zerurdyr, birinji alamaty meseleleri hakykatdan-da bir ýerinde görmegi başarmagyndan ybaratdyr. Meseleler diňe özbaşdak pikirlenmäge endik etmedik adamlar üçin hemme zat öz-özünden düşnükli ýaly bolup görünýändir. Bilimiň giňelmegi ozal hemme zat aýdyň ýaly bolup görünýän ýerde bize täze problemalaryň üstüni açmaga kömek edip, pikiri ösdürýär, ony özbaşdak işlemäge, meseläni çözmäge höweslendirýär. Adamyň pikirlenme işi üçin onuň diňe bir duýma usuly bilen alnyp barylýan akyl ýetiriş baglanyşygy däl, eýsem dil, sözleýiş bilen baglanyşygy hem örän möhümdir. Adamyň we haýwanyň psihikasynyň arasyndaky prinsipial tapawut hem hut şu baglanyşyk üsti bilen döredilýär.

Haýwanlaryň ýönekeý pikirlenmesi hemişe aýdyň hereket häsiýetinde bolýar. Ol abstrakt aralaşdyrylan akyl ýetiriş görnüşinde bolup bilmeýär. Ol diňe haýwanyň şu pursatda gözüniň öňünde durýan gös-göni kabul edilýän predmetleriň esasynda geçýär. Adamyň pikirlenmesi haýsy görnüşde amala äsýrylýandygyna garamazdan dilsiz mümkin däldir.

## Bap III. Pikirlenme we sözleýiş.

Adamyñ pikirlenme işi üçin onuñ diñe bir duýma arkaly alnyp barylýan akyl ýetiriş bilen baglanyşygy däl-de, eýsem dil, sözleýiş bilen arabaglanşygy-da örän möhümdir. Adamyñ we haýwanlaryñ psihikasynyñ arasyndaky düýpli tapawut hut şu arabaglanyşyk üsti bilen ýüze çykýar. Haýwanlaryñ elementar, ýönekeý pikirlenmesi hemişe aýdyñ hereket häsiýetinde bolýar; ol abstrakt, aralaşdyrylan akyl ýetiriş görnüşinde bolup bilmeýär. Ol diñe haýwanyñ şu pursatda gözünüñ öñünde duran gös-göni kabul edilýän pridmetleriñ esasynda geçýär. Haýwanyň ýönekeý pikirlenmesi predmetler bilen aýdyň - hereket jähtde iş salyşmak bilen, onuñ çäginden çykyp bilmeýär.

Diñe söz döränden soñra akyl ýetirilýän obýektden ol ýa-da beýleki häsiýetleri abstragirlap, ol baradaky göz öñüne getirmäni ýa-da düşünjäni ýörite sözde berkidip bolýar. Pikir söz arkaly öziniñ maddy bardasyny döredip, beýleki adamlar we özimiz üçin gös-göni hakykata öwrülýär. Adamyñ pikilenmesi haýsy görnüşde amala aşyrylýandygyna garamazdan, dilsiz mümkin däldir (Ýöne beýle diýildigi sözsüz pikiriň ýokdugyny aňlatmaýar. Sözsüz ýa-da "keşpsiz pikirlenme" baryp XIX asyryň ahyrynda nemes Kýulpe, fransuz Bine tarapyndan açylandyr). Her bir pikir sözleýiş bilen baglanşyklylykda döreýär we ösýär. Pikir näçe düýpli oýlanylan bolsa, ol sözde, sesli ýa-da ýazuw sözleýşinde şonça-da has aýdyñ añladylýar. Munuñ tersine, pikiriñ sözde añladylyşy näçe kämil bolsa, ol şonça-da düşnükli bolýar.

Ýörite psihologik synaglaryñ görkezişi boýunça käbir okuwçylar, hat-da ulular-da, öz pikir ýöretmelerini sesli sözleýişde añladýançalar, mysallary işlemekde kynçylyk

çekýärler. Haçan-da olar esasy pikirini ýörite we aýdyň sözleseler, şeýle pikiri sözleýşe geçirmeklik, adatça, olar üçin mysallaryň çözlüşini ýeňilleşdirýär. Adam öz pikir ýöretmelerini beýleki adamlara sesli añladyp, şol bir wagytyň özinde olary özi üçin hem añladýar. Şeýle añlatmak, berkitmek pikiriň dürli pursatlarynda ünsi saklamaga mümkinçilik berip, olaryň has çuň düşünilmegine kömek edýär. Şol mynasybetli has ýaýraň, yzygiderli pikir ýöretme, ýagny, pikirlenme prosesinde döreýän ähli esasy pikirleri biri-birine aýdyň we dogry deňeşdirmeklige mümkinçilik döreýär. Şeýlelikde, diskursiw, ýagny oýlanyşykly, logiki añlanylan pikirleriň möhüm taýýarlygy pikiri sözde añlatmakda döreýar. Sözde añladylýanlygy we berkidilýänligi mynasybetli pikir dörän badyna ýitip gitmeýär. Ol sesli ýa-da ýazuw sözleýşinde düýüpli berkidilýär. Şonuñ üçin-de zerur bolanda hemişe bu pikire dolanyp gelmek we ony has çuñ oýlanmak, pikir ýöretmek prosesinde beýleki pikirler bilen baglanyşdyrmak, mümkinçiligi bolýar. Pikirleri sözleýişde añlatmak olary kemala getirmegiñ esesy şertidir.

Diýmek, adamyñ pikirlenmesi dil, sözleýiş bilen aýrylmaz baglanşyklydyr. Pikirlenme maddy, söz bardasynda funksionirlenýär.

## Bap IV. Pikirlenmäniñ jemgyýetçilik tebigaty.

Pikirlenmäniñ dil bilen özara baglanşygy adamyñ pikirlenmesiniñ sosial, taryhy jemgyýetçilik mazmunynyñ aýdyñ subutnamasydyr. Akyl ýetiriş adamzat taryhynda gazanylan ähli bilimleriñ yzygiderli ulanylmagyny talap edýär. Bilimleriñ şeýle taryhy yzygiderligi haçan-da bu bilimler birikdirilip, saklanyp, soñra bolsa bir adamdan beýlekä, nesilden-nesle geçirilen ýagdaýynda mümkin bolýar. Akyl ýetirişiñ esasy netijelerini şeýle berkitmek dil üsti bilen – kitaplarda, žurnallarda, çyzgylarda we ş.m. amala aşyrylýar. Bu bolsa adamyñ pikirlenmesiniñ jemgyýetçilik tebigatynyñ aýdyñ mysalydyr ( psihologik jähtde bu mesele L. S Wigotskiniñ, S. L. Rubinşteýiniñ, A. N. Leontwyñ, Ž. Piaženiñ we beýlekileriñ işlerinde derñeldi ). Adamyñ akyl taýdan ösişi adamzadyñ taryhy – jemgyýetçilik ösüş ýolunda gazanan bilimlerini özleşdirmek prosesinde amala aşyrylýar. Indiwidiñ dünýä akyl ýetiriş prosesi ylmy bilimleriñ taryhy ösüşi bilen şertlendirilendir, şeýle bilimleri her bir adam okadyş prosesinde özleşdirýär ; bu adamyñ adamzat bilen arabaglanyşygy, sözleşmegidir.

Mekdep okuwynyñ bütin dowamynda çaganyñ öñünde adamzadyñ geçen taryhynda gazanan bilimleri, düşünjeleri göýä taýýar, öñden mälim ulgam ýaly bolup durýar. Emma adamzada mälim zat her bir çaga üçin ilkibada nämälim, täze ýalydyr. Şonuñ üçin-de, taryhyñ toplan bilim baýlgyny özleşdirmek çagadan pikirlenmäni, ulularyñ ýolbaşçylygynda döredijilikli işi talap edýär. Diýmek, çagalar adamzada eýýam mälim bilimleri özleşdirýän-de bolsalar, üstesine-de ony ulularyñ kömegi bilen amala aşyrsalar-da, olarda özbaşdak pikirlenmäniñ bolmagy zerurdyr. Başgaça bolanda bilimleriñ özleşdirilişi formal,

ýüzleý, mehaniki hadysa öwrülýär. Şeýlelikde, pikirlenme adamzadyñ taryhy ösüşinde, bir tarapdan, bilimi özleşdirmegiñ (meselem, çagalarda), ikinji bir tarapdan, täze bilimleri döretmegiñ (ilkinji nobatda alymlar tarapyndan) serişdesidir.

## Bap V. Pikirlenmäniñ logikasy we psihologiýasy.

Akyl ýetirişiñ jemgyýetçilik taryhy ösüşinde, tebigaty we jemgyýeti özgertmek prosesinde ylmy düşinjeler döredilýär, ösdürilýär we ulgamlaşdyrylýar. Başgaça aýdylanda, akyl ýetiriş dilüsti berkidilmek arkaly emele getirilýän gazanmalary we netijeleri öz gezeginde ylymlar ulgamyny – fizika, himýa, biologiýa, sosiologiýa, pisihologiýa we ş.m. emele getirýärler. Akyl ýetirişiñ bu taryhy ösüşi we onuñ netijesinde döreýän ylymy düşinjeleriñ ulgamy akyl ýetiriş taglymatynyñ (ýagny filosofiýanyñ bir bölegi hökmünde gnoseologiýanyñ) predmetini düzýär. Filosofik ders hökmünde akyl ýetiriş taglymaty ähli akyl ýetiriş işiniñ has umumy kanunlaryny öwrenýär. Meselem, ol adamzat taryhynyñ ösüşinde durmuş, materiýa, añ, hil, mukdar we ş.m. ýaly kategoriýalaryñ döreýşini we ösüşini öwrenýär. Akyl ýetirişiñ filosofik, has umumy düzgünleriniñ esasynda adamyñ pikirlenmesi iki sany biri-biriniñ üstüni dolduryan anyk bölekleýin ylym – formal logika we psihologiýa arkaly öwrenilýär.

Logiki pikirlenmäniñ logiki görnüşlerini– **düşinjeleri, pikir ýöretmeleri pikir jemlemeleri** öwrenýär.

**Düşinje – bu özünde predmetleriñ we hadysalaryñ umumy, düýpli tapawutlandyryjy häsiýetlerini şöhlelendiriýän pikirdir.** Meselem “adam” düşünjesine zähmet işi, zähmet guralyny öndürmek, sözleýiş we ş.m. ýaly esasy düşinjeler girýär. Bu möhüm häsiýetler adamlary haýwandan tapawutlandyrýar.

Düşinjeleriñ mazmuny **pikir ýöretmelerde** açylyp görkezilip, olar sesli ýa-da ýazuw görnüşde, sözleýiş arkaly ýa-da pikirde amala aşyrylýar. **Pikir ýöretme – bu predmetleriñ we hadysalaryñ ýa-da olaryñ häsiýetleriniñ**

**arasyndaky baglanşyklary añda şöhlelendirmekdir.** Meselem, "Metallar gyzdyrylan ýagdaýynda giñelýärler" diýen pikir ýöretme temperaturanyñ üýtgemegi bilen metallaryñ göwrüminiñ arasyndaky baglanyşygy añladýar. Düşinjeleriñ arasyndaky dürli baglanyşyklary we gatnaşyklary ýüze çykarmak bilen, pikiir ýöretmeler belli bir zat hakynda degişli bir zat aýtmaklykdyr. Olar predmetleriñ, wakalaryñ, hadysalaryñ arasyndaky gatnaşyklar dogrusunda belli bir zady ykrar edýärler ýa-da ret edýärler. Meselem, haçan-da biz "Ýer günüñ töwereginden aýlanýar" diýenimizde, giñişlikde iki sany asman jisiminiñ arasynda obýektiw baglanyşygyñ bardygyny tassyklaýarys. Haçan-da biz "Beýik Galkynyşlar zamanasy" düşünjesiniñ manysyny açyp görkezenimizde bu taryhy wakalaryñ aýratynlyklaryny häsiýetlendirýän birnäçe pikir ýöretmeler aýdýarys.

Pikir ýöretmeler obýektiw barlygy özleriniñ nähili şöhlelendirýändigine baglylykda hakyky ýa-da ýalan bolup bilýärler. Hakyky pikir ýöretme predmetleriñ we hadysalaryñ hem-de olaryñ häsiýetleriniñ hakykatda bar bolan baglanyşygyny añladýar. Tersine, ýalan pikir ýöretme obýektiw hadysalaryñ arasynda hakykatda bolmaýan baglanyşygy añladýar. Meselem, "Ýewklidiñ geometriýasynda üçburçlugyñ içki burçlarynyñ jemi iki gönüburça deñ däldir" diýen pikir ýöretme ýalandyr.

Pikir ýöretmeler umumy, bölekleýin we ýekeleýin häsiýetde bolýarlar. Umumy pikir ýöretmelerde şol bir topardaky, synpdaky predmetleriñ ählisine degişlilikde belli bir zat ykrar edilýär ýa-da ret ediliýär. Meselem : "Ähli balyklar žabralar arkaly dem alýarlar". Bölekleýin pikir ýöretmelerde ykrar etmek ýa-da ret etmek diñe birnäçe predmede degişlilikde aýdylýar. (Talyplaryñ birnäçesi –

bäşlikçilerlerdir; bu okuwçylar bäşlikçilerdir; bu okuwçy sapaga taýýarlanmandyr”).

Pikir ýöretmeler iki sany esasy usul boýunça döredilýär:

1)göni usul – pikir ýöretmelerde kabul edilýän zat añladylýar;

2) aralaşdyrylan usul – pikir ýöretmeler oýlanmalaryñ ýa-da

pikir jemlemäniñ esasynda döredilýär. Birinji ýagdaýda mawy reñkdäki asmany görüp: “Asman – mawy reñkli” – diýen ýönekeý pikir ýöretmäni añladýarys. Ikinji ýagdaýda bolsa pähim etmek arkaly bir pikir ýöretmeden ikinji bir pikir ýöretme döredilýär. Meselem, D.I.Mendeleýew özüniñ açan periodik kanununyñ esasynda sap nazary usulda, pikir jemlemäniñ kömegi bilen entek şol döwürde belli bolmadyk himiki elementleriñ bardygyny öñünden aýdýar. Soñky döwürlerde bu elementler açylanda ylmyñ nazary öñündengörüjiligi esasan tassyklanyldy.

Pikirlenmäniñ şeýle pikir jemleýji, pähim etmek “işinde” onuñ aralaşdyrylan häsiýeti has-da aýdyñ ýüze çykýar. Pikir jemleme pähim etmek – barlyga aralaşdyrdyrylan häsiýetde akyl ýetirmegiñ esasy görnüşidir. Meselem, eger-de “Ähli kömürler ýangyçdyr” diýen pikir ýöretmesi belli bolsa, (birinji pikir ýöretme ) we “Bu jisim –kömür” añlatma bolsa (ikinji pikir ýöretme), onda bada-bat “Bu jisim ýangyçydyr” (iki öñki ýöretmäniñ esasynda döredilen üçünji pikir ýöretme) diýip netijä gelmek mümkin; bu ýagdaýda şeýle netijä gelmek üçin ýörite tejribelere ýüzlenmek zerur bolmaýar. Şeýlelikde, pikir jemleme – munuñ özi bir ýa-da birnäçe pikir ýöretmeden başga bir pikir ýöretmäni almaklyga mümkinçilik berýän pikirleriñ (düşinjeleriñ, pikir ýöretmeleriñ) arasyndaky baglanyşykdyr. Őzinden ikinji bir pikir ýöretme getirilip

çykarylýan başlangyç pikir ýöretmä pikir jemlemäniň posylkasy diýilýär. Ýokarda getirilen mysallarda "Ähli kömürler ýangyçdyr" (umumy ýa-da uly posylka) . "Bu jisim kömürdir" (bölekleýin ýa-da kiçi posylka) diýen pikir ýöretmeler posylkalardyr. Bu iki posylkany jemlemäniň prosesinde alynýan netijä **jemleme** diýilýär ("Bu jisim kömürdir").

Pikir jemlemäniň iki esasy görnüşi bolýar 1) **induktiw** (induksiýa) we 2) **deduktiw** (deduksiýa).

**Induksiýa bölek mysallardan** (ýagny bölek pikir ýöretmelerden) **umumy netijä gelinýän pikir jemlemedir** (umumy pikir ýöretmä gelmek). Meselem, demriň, misiň, alýumininiň, platinanyň we ş.m. elektrik toguny geçirýänligi anyklanandan soň bu ýekeleýin faktlary umumy pikir ýöretmä jemlemek mümkinçiligi döreýär : "Ähli metallar elektrik toguny geçirijidir".

Tersine, **deduksiýa umumy netijeden** (pikir ýöretmeden) **bölekleýin, faktlara, mysallara geçilýän pikir jemlemedir**. Deduktiw pikir jemlemäniň has ýaýran görüşi **sillogizmdir**. Sillogizme mysal edip induktiw usula ters bolan, umumylykdan ýekeleýinlige geçmek usulunda gurlan şeýle pikir ýöretmäni görkezmek mümkin :

Ähli metallar elektrik toguny geçirijidirler.

Galaýy metaldyr.

Diýmek, galaýy elektrik toguny geçirijidir.

Şeýle sillogistik deduktiw formulanyň kömegi arkaly iki posylkadan (umumy we bölek) galaýynyň elektrik geçirijiligi barada pikir ýöretme döredilýär.

Sillogizm – ýönekeý, şonuň bilen birlikde hem pikirlenmäniň logiki görnüşiniň tipiki görnüşidir. Şeýle usullaryň we formulalaryň esasynda adamyň pikirlenme işinde ulanýan ol ýa-da beýleki düşünjelerini we pikir ýöretmelerini biri-birleri bilen deňeşdirmek bolar. Şunuň

ýaly deňeşdirmäniň prosesinde mysal çözmek ýüze çykýan esasy pikirler barlanýar. Şonuň netijesinde her bir pikiriň dogrulygy düýüpli esaslandyrylýar. Umuman aýdanyňda, ähli subut etmek prosesi (meselem, matematik teoremanyň) ahyrky netijede dürli pikir ýöretmeleri, düşünjeleri biri-birleri bilen baglanyşdyrýan sillogizmleriň zynjyry hökmünde guralýar.

Diýmek, sillogizm we deduksiýanyň hem-de induksiýanyň beýleki logiki görnüşleri pikirlenme işiniň normal amala aşyrylmagy üçin zerur faktorlardyr. Olar mynasybetli her bir pikirlenme subutnamalary, ynandyryjy, garşylyksyz bolýar we obýektiw barlygy dogry şöhlelendirýär. Şonuň üçin-de pikirlenmäniň düşünje, pikir ýöretme we pikir jemleme ýaly görnüşlerini ýörite derňeýän formal logika pikirlenme işiniň düýpli kanunlaryny öwrenýär.

Formal logikanyň öwrenýän kanunlary zerur bolsalar-da, adamyň pikirlenmesini doly, çuňňur, hemmetaraplaýyn düşündirmäge ýeterlik däldir.

Formal logikanyň predmeti pikirlenmäni tutuşlaýyn öz içine alman, ýokarda görşümiz ýaly, onuň diňe bir tarapyny (pikirlenmäniň logiki görnüşlerini) öwrenýär. Formal logika pikirleriň eýýäm dörän, taýýar görnüşlerini – düşünjeleri, pikir ýöretmeleri we ş.m. öwrenip, olaryň arasynda belli bir gatnaşyklary (formulalary) ýüze çykýar. Sillogizm şeýle gatnaşyklaryň ýa–da formulalaryň bir mysalydyr. Şonuň bilen birlikde formal logika bu pikirleriň – düşünjeleriň, pikir ýöretmeleriň, pikir jemlemegiň gös-göni döreýiş we ösüş şertlerinden sowulýar, abstragirlenýär.

Sillogizmiň formulasy ýa-da formal logikanyň islendik beýleki görnüşi şol pikirleriň nähili anyk döreýşini we ösüş prosesini aýdyňlaşdyrmaýar. Meselem, sillogizmde adatça ilkibaşda uly, umumy posylka, soňra kiçi, bölekleýin

posylka bolup, diñe şondan soñra ikisinden umumy netije çykarylýar. Emma beýle diýildigi real pikirlenme prosesinde ilki umumy netije (umumy pikir ýöretme) we diñe şondan soñra belli bir bölekleýin pikir ýöretme döreýär diýildigi däldir. Umumylyk we bölekleýin häsiýet mydam aýrylmaz baglanyşykda ýüze çykýar.

Üstesine-de, real pikirlenmede sillogizmiñ ýa-da islendik beýleki pikir jemlemäniñ posylkalary hiç wagt bir bada **taýýar** görnüşde berlen bolmaýar. Olary pikirlenmäniñ kömegi bilen tapmaly, ýüze çykarmaly bolýar.

Ol ýa-da beýleki mysallary işlemekde pikirlenmäniñ täze netijeleri (düşinjeleri, pikir ýöretmeler we ş.m.) ýüze çykanda sillogizimiñ kömegi arkaly olaryñ arasynda belli bir baglanşyklar döredilýär. Olaryñ arasyndaky döredilýän logiki gatnaşyklaryñ esasynda bir pikir ýöretmeden beýlekisi emele getirilýär. Sillogizmiñ we beýleki logiki görnüşleri derñemek bilen, formal logika pikir jemlemeleriñ posilkalarynyñ ilkibaşdan taýýarlygyndan ugur alýar. Bu bolsa formal logikanyñ pikirleriñ gös–göni döreýiş şeritlerinden sowulýandygyny, abstragirlenýändigini añladýar. Ol pikirlenmäniñ we akyl ýetişiñ duýma üsti bilen alnyp barylýan görnüşiniñ arasyndaky baglanşykdan-da doly sowulýar. Başgaça aýdylanda, formal logika pisihologiýadan tapawutlylykda, biziñ pikirlenmämiziñ mazmunynyñ duýma, kabul ediş we göz öñüne getirmäniñ esasynda nähili baýlaşýandygyny öwrenmeýär. Logiki formulalarda, meselem, sillozimde öñden taýýar pikirler, ýagny pikirlenmäniñ **netijeleri** biri- birleri bilen baglanşdyrylýar.

Ýöne pikirlenme işiniñ ýene-de bir düýipli tarapy – **pikirlenme prosesi** bolup, onuñ netijesinde adamda pikirlenmäniñ netijeleri – düşinjeler, pikir ýöretmeler we

ş.m. döreýär. Pikirlenmäniñ bu ikinji möhüm tarapyny formal logika däl-de, pisihologiýa öwrenýär. Her bir adama ol pikir eden wagtynda, okadylyşda we bilimleri özleşdirmekde, zähmet we öýün işinde, haýsy-da bolsa bir mysalyñ üstünde pikirlenen wagtynda, çeper we ylmy döredijilikde we ş.m. täze pikirler, çaklamalar, meýilnamalar döreýärler we ösýärler.

Pisihologiýa indiwidiñ **pikirlenme prosesini**, ýagny, ol ýa-da beýleki pikiriñ näme üçin döreýändigini we ösýändigini öwrenýär.

Şeýlelikde, **logikanyñ predmeti pikirlenme prosesinde döreýän akyl ýetiriş netijeleriniñ arasynda arabaglanlanyşyk döretmekdir**. **Pisihologiýa bolsa akyl ýetiriş netijelerine getirýän pikirlenme prosesiniñ geçiş kanunlaryny öwrenýär.** Logika we psihologiýa şol bir akyl ýetiriş işini dürli tarapdan öwrenýärler. Logika pikirlenmäni esasan netije tarapdan (pikirlenmäniñ önümleri bolan düşünjeleri, pikir ýöretmeleri, pikir jemlemeleri), pisihologiýa bolsa proses tarapdan çemeleşýär. Pikirlenmäniñ prosesiniñ we netijeleriniñ (düşünjeler, bilimler we ş.m.) aýrylmaz özara baglanyşykly bolýanlygy sebäpli pisihologiýa we logika pikirlenmäni derñemekde ýakyndan baglanyşykly, biri-biriniñ üstini dolduryan häsýtde bolýar.

## Bap VI. Pikrlenme hadysa hökmünde öwrenilşi.

Psihologik taýdan **pikirlenmäni hadysa hökmünde** öwrenmek – ol ýa-da beýleki akyl ýetiriş netijelerini emele getirýän içki, gizlin sebäpleri ýüze ýüze çykarmak diýmekdir. Pikirlenmäniñ şunuñ ýaly netijelerine mysal edip şeýle faktlary: okuwçynyñ şu mysaly işleýänligini ýa-da işlemeýänligi; onda çözlüşiñ çaklanmasynyñ ýa-da meýilnamasynyñ döreýänligini ýa-da döremeýänligini; onuñ belli bir bilimleri, hereket usullaryny özleşdirenligi ýa-da özleşdirmänligini ; onda täze düşünjäniñ döränligi ýa-da döremänligi we ş.m. görkezmek bolar. Pisihologiýa bu daşky faktlaryñ ählisiniñ arasyndan olaryñ içki pikirlenme prosesini ýüze çykarmaga ymtylýar. Şonuñ üçin ol daşky häsiýeti boýunça göze ilýän psihiki hadysalary we wakalary diñe bir ýüze çykarman, añlatman, eýsem olaryñ içki, özboluşly sebäplerini derñäp, olara düşündiriş berýär. Bu prosesde psihologiýa ylmy sebäpli dörediliş – determinizm düzgüninden ugur alýar. Bu düzgüne görä ähli daşky sebäpler içki şertleriñ üsti bilen täsir edýär. Başgaça aýdylanda, meselem, islendik pedagogik täsir adama göni däl-de, aralaşdyrylan görnüşde – şol adamyñ psihiki ýagdaýynyñ üsti bilen, onuñ duýgularyna, pikirlerine we ş.m. baglylykda täsir edýär.

Aýdaly, şol bir mysaly birnäçe okuwçy özbaşdak işleýärler; okuwçylaryñ pikirlenme işiniñ belli bir tapgyrynda mugallym olaryñ her birine, meseläniñ esasy çözlüşine ugrukdurýan birmeñzeş kömek berýär. Şeýle kömek okuwçynyñ hut özüniñ meseläni çözmekde öñe süýşmek derejesine, ýagny onuñ pikirlenmesiniñ içki şeritlerine baglylykda olaryñ her birine dürli-dürli täsir edýär. Okuwçy meseläni näçe çuññur oýlanan bolsa, daşdan berilýän kömegi kabul etmäge şonça-da amatly

“orun” taýýarlanýar. Tersine, okuwçy meseläni näçe ýüzleý pikire ornaşdyran bolsa, onuñ üçin daşdan berilýän kömegi kabul etmek şonça-da kyn bolýar we meseläni ahyryna çenli çözip bilmeýär. Ilkibaşda onuñ daşdan berilýän kömegiñ bu meselä hiç hili dahyly ýok diýip pikir etmegi mümkin, bu kömegi asla kabul etmezligi, ondan peýdalanyp bilmezligi mümkindir. Bularyñ hemmesi daşky (pedagogik we ş.m.) täsirleriñ döredýän psihologik netijesiniñ diñe içki şertleriñ üsti bilen emele gelýänligine şaýatlyk edýär. Ýokarda görkezilen mysaldaky daşdan berilýän kömegiñ (göräýmäge çözlüşe gös-göni ýol görkezýän) ulanylmazlygyny, pikirlenme prosesiniñ şeýle özboluşly içki şertleriniñ bardygyny has-da aýdyñ görkezýär.

**Analiz we sintez.** Pikirlenmäniñ prosesleri ilkinji nobatda – analiz, sintez we umumylaşdyrmakmakdyr. **Analiz – obýektde onuñ ol ýa-da beýleki taraplaryny, elementlerini, gatnaşyklaryny we ş.m. ýüze çykarmak,** akyl ýetirilýän obýekti elementlere bölmekdir. Meselem, okuwçy ýaş tehnikleriñ gurnagynda haýsy-da bolsa bir mehanizimiñ işleýiş usuluna düşünmek üçin bu mehanizimiñ düýipli elementlerini, detallaryny ýüze çykaryp, ony aýry-aýry böleklere bölýär. Okuwçy akyl ýetirilýän obýekti iñ bir ýönekeý böleklere bölýär, seljerýär.

Seljerme-analiz prosesinde haýsy-da bolsa bir predmetiñ ol ýa-da beýleki häsýeti öziniñ ähmiýetliligi, gyzyklylygy we ş.m. boýunça has güýçli “gyjyndyrma” öwrülip, birinji orna süýşýär. Şeýle gyjyndyrjylar kelle beýniniñ gabygynda has güýçli oýanma döredip, fizologik induksiýa kanuny boýunça predmetiñ beýleki häsuýetleriniñ differensiýasyny pes gyjyndyryjy hökmünde tormozlaýar. Şeýlelikde kelle beýniniñ ýokarky gatlaryndaky oýanmanyñ

we tormozlanýanyň belli bir özara gatnaşygy analiz-seljerme psihologiki prosesiniň fiziologik esasy bolup durýar.

**Analiz prosesinde bölünen bitewligiň komponentlerini birleşdirmeklige sintez** diýilýär. Sintez prosesinde akyl ýetirilýän obýektiň böleklere dargydylyp, elementleri biri-birleri bilen baglanyşdyrylýar, birleşdirilýär.

Meselem, mysalda görekezilen okuwçy mehanizimiň ýüze çykarylan böleklerini biri - birleri bilen deňeşdirip, olaryň arasynda baglanşyk döredýär, olaryň biri-birlerine nähili täsir edýändigine düşünýär. Şonuň netijesinde sintez, ýagny dürli elementleriň arasynda özara gatnaşyklar, baglanyşyk döreýär. Sinteziň fiziologiki esasy kelle beýniniň gabygyndaky wagytlaýyn baglanşyklaryň utgaşmagy bilen döredilýär.

Analiz we sintez hemişe özara baglanşyklydyr. Olaryň aýrylmaz baglanyşygy akyl ýetiriş prosesiniň biri bolan **deňeşdimede** has aýdyň ýüze çykýar. Daşky dünýä bilen tanyşmagyň başlangyç tapgyrlarynda dürli obýekitlere ilki bilen deňeşdirme esasynda akyl ýetirilýär.

Iki ýa-da birnäçe predmetleriň islendik deňeşdirilmesi olaryň biri – birleri bilen ýanaşdyrylmadan ýa-da baglanyşdyrylmagyndan, ýagny sintezden başlanýar. Bu sintetiki işiň prosesinde deňeşdirilýän predmetiň analizi bolup geçýär – olaryň umumy we dürli häsiýetleri ýüze çykarylýar. Meselem, okuwçy süýitemdirjileriň dürli synplaryny öz aralarynda deňeşdirip, mugallymyň kömegi bilen kem-kemden bu haýwanlaryň umumy häsiýetlerini ýüze çykarýar. Deňeşdirme şeýlelikde umumylaşdyrylmaklyga getirýär.

**Umumylaşdyrmak** prosesinde deňeşdirilýän predmetleri analizlemek netijesinde haýsy-da bolsa bir

umumy häsiýet ýüze çykýar. Bu umumylyk dürli obýektlerde degişlilikde iki görnüşde bolýar :

1) meñzeş häsiýetleriñ umumylygy we 2) düýpli häsiýetleriñ umumylygy. Meselem, düýbünden başga – başga predmetlerde meñzeşlik tapmak mümkin ; bu babatda şol bir topara reñkiniñ meñzeşligi boýunça üljäni, horazgüli, gany, çig eti, gaýnadylan leññeji we ş.m. goşmak mümkin. Emma bu meñzeşlik ( umumylyk ) agzalan predmetleriñ düýipli häsiýetlerini añlatmaýar; ol predmetleriñ diñe daşky, örän ýüzlek, esasy bolmadyk alamatlaryna esaslanýar. Şeýle esasda döredilýän umumylaşdyrmalaryñ uly ähmiýeti bolman, olar köplenç ýalñyşlyga getirýär. Hut şeýle ýüzleý usulda döredilen umulaşdyrmanyñ esasynda, meselem, kiti süýtemdirjilere goşmagyñ deregine balyklara degişli edip, düýipli ýalñyşmak mümkin. Bu ýagdaýda deñeşdirilýän obýektleriñ häsiýetleriniñ içinden diñe meñzeş, ýöne esasy däl (daşky görnüş, bedeniñ balyga meñzeş keşbi we ş.m.) sypatlary alynýar. Tersine, umumy häsiýetler obýektiñ düýipli, esasy alamatlaryny analizlemek esasynda umumylaşdyrylanda kit balyklara däl-de, süýitrmdirjilere degişli bolýar.

**Şeýlelikde, her bir düýipli, esasy häsiýet şol bir wagtyñ özünde bir meñzeş pedmetler topary üçin umumydyr, ýöne her bir topar obýektler üçin düýipli, esasy däldir.** Şeýle umumy düýpli häsiýetler çuñlaşdyrylan analiziñ we sinteziñ netijesinde ýüze çykarylýar.

Analiz, sintez we umumylaşdyrma pikirlenmäniñ içki esasy özboluşly kanunlarydyr. Diñe şeýle kanunlaryñ esasynda pikirlenme işiniñ daşky görnüşleri çuññur düşündirilişe eýe bolýar.

Şeýlelikde, mugallym gündelik amalyýetde okuwçynyñ bir mysaly işläp, şertleri az-kem üýtgedilen başga mysallary çözmekde bolsa onuñ usulyny ulanyp

bilmeýändigine göz ýetirýär. Meselem, okuwçy ýiti burçly üçburçlukda onuñ içki burçlarynyñ jemi baradaky teoremany sbut edýär, eger-de çyzgy 90° öwrülen ýagdaýda ýa-da oña kütek burçly üçburçluk teklip edilse, ol şol bir subutnamany ulanyp bilmeýär. Amaly taýdan özän möhüm bu faktlar özüniñ psihologiki düşindirilişini talap edýär. Ýumuşlaryñ çözlüş ussullaryny, bilimleri bir ýagdaýdan beýläkä geçirmegiñ ýa-da geçirmezligiñ sebäpleriniñ biri-de berilýän mysallaryñ şeritleriniñ üýtgedilmegi bolup duryar; çözlüşi şol bir teorema esaslanýan mysallaryñ şertleri düýipli üýtgedilse, onda çözlüş usuly bir ýumuşdan beýlekä geçirilýär. Şeýle üýtgetme bolmasa, usulyñ geçirilmegi mümkin bolmaýar. Bu ýerde "geçirişiñ " ýeke-täk şerti ütgetmek ýaly bolup görünýär. Emma pisihologik mukdaýnazardan şeýle düşündirliş örän ýüzleýdir.

Hakykatdan bolsa okuwça berilýän ýumuşuñ şertleriniñ üýtgedilmegi (çyzygynyñ we ş.m.) okuwçynyñ däl-de, mugallymyñ işidir. "Geçirilişi" gös – göni şertiñ üýtgelidilmegi bilen baglanşdyrmak, daşky pedogogik täsiri (mugallym tarapynda ýumuşuñ şertiniñ üýtgedilmegi) okuwçynyñ pikirlenme işiniñ diñe netijesi bilen, ýagny "geçirişiñ" ýa-da geçirmezligiñ daşky fakty bilen baglanşdyrmak bolýar. Okuwçynyñ bu netijäni döredýän pikirlenme işiniñ prosesi, onuñ içki özboluşly kanunlary barada bolsa bu ýagdaýda hiç zat aýdylmaýar. Okuwçynyñ pikirlenmesiniñ içki şertleriniñ daşky pedogogik täsiri nähili aralaşdyrýandygy näbelli bolup galýar.

Hakykatda bolsa ýumuşlaryñ şertlerini üýtgetmek psihologik nukdaýnazardan okuwçynyñ pikirlenme işine amatly şertleriñ döredilendigini añladýar. Şertleri üýtgetmek, okuwçy üçin işlenýän ýumuşuñ analizini gowlandyrmaga we olary umumylaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Okuwçy dürli ýumuşlaryñ düýpli şertlerini ýüze

çykarmak we umumylaşdyrmak bilen olaryñ çözlüş usullaryny bir mysaldan “beýlekä” geçirýär. Şeýlelikde, üýtgetmek – geçirmek görnüşde ýüze çykýan daşky baglanyşyk, psihologik taýdan analiz – umumylaşdyrmak – içki baglanyşyk görnüşde bolýar. Daşdan synlanylýan netije (“geçirmek”), okuwçynyñ içki pikirlenme prosesiniñ kanunalaýyk önimi bolup durýar. Čözlüşi bir mysaldan beýlekä geçirmek üçin olaryñ arasyndaky düýipli umulyga ýüze çykarmaly bolýar. Çözlüşiñ bu umumy düzgünini iki mysaly-da analizlemek esasynda açyp görkezmek, geçirilişiñ içki, psihologik şertdir.

## Bap VII. Pikirlenmäniñ motiwasiýasy.

Analiz we sintez, umuman pikirlenme işi, adamyñ her bir işi ýaly, mydama öz başlangyjyny belli bir isleglerden alýar. Eger islegler bolmasa, iş hem ýokdur. Her bir psihiki prosesde bolşy ýaly, pikirlenmäniñ öwrenilmeginde hem psihologiýa ylmy hemişe adamyñ akyl ýetiriş işiniñ haýsy islegleriñ esasynda amala aşyrylýandygyny, onda analize, sinteze, we ş. m. bolan islegiñ haýsy anyk şertlerde döreýändigini derñeýär (munuñ tersine, formal logika diñe bir pikirlenmäniñ akyl ýetirişiñ duýma görnüşi bilen baglanşygyndan sowulýandygy bilen çäklenmän, pikir işiniñ islegler, motiwler, emosiýalar we ş.m. bilen baglanyşygy bilen-de gyzyklanmaýar). Pikir edýän, oýlanýan "sap" pikirlenme däl-de, belli bir ukyplary, duýgulary we islegleri bolan adam, indiwid, şahsyýet pikir edýär, oýlanýar. Pikirlenme işiniñ islegler bilen aýrylmaz baglanşygyny islendik pikirlenmäniñ hemişe belli bir özboluşly şahsyýete degişli bolýandygynda aýdyñ ýüze çykýar.

Pikirlenmäniñ psihologiýada öwrenilýän motiwleri iki görnüşde bolýar : 1) hususy akyl ýetiriş motiwleri we 2) hususy däl akyl ýetiriş motiwleri. Birinji ýagdaýda pikirlenme işiniñ ugrukdyryjy we hereketlendiriji güýji hökmünde akyl ýetirişe bolan höwesler we motiwler durýarlar (meselem, çagalara mahsus bilesigeljilik). Ikinji ýagdaýda pikirlenme sap akyl ýetiriş höweslerden däl-de, haýsy-da bolsa bir daşky sebäpleriñ esasynda başlanýar. Meselem, okuwçy sapaga taýýarlanmagy, mysal işlemegi we ş.m. täze bir zat öwrenmek we özi üçin haýsy-da bolsa bir açyş etmek üçin däl-de, ululary ñ talaplaryny ödemäge mejbur bolýandygyny, ýoldaşlaryndan yza galmakdan gorkýandygyny we ş.m. üçin alyp baryp biler.

Başlangyç motiwleriñ görnüşine garamazdan, pikirlenme amala aşyrylyp başlanandan soñra hususy akyl ýetiriş motiwleri öz güýjüne girýar: okuwçy sapaga taýýarlygy ulularyñ talabyna mejburlukda başlap, okuw işiniñ prosesinde onda öz edýän işine höwes, akyl ýetiriş islegi döreýär.

Şeýleleikde, adam belli bir islegleriñ täsiri astynda pikir edip başlaýar, onuñ pikirlenme işiniñ prosesinde bolsa has täsirli akyl ýetiriş motiwleri döreýär we ösýär.

## Bap VIII. Pikirlenme psihologiýasynda mesele ýagdaýy we ýumuş

Pikirlenmäni diňe döredijilik prosesinde hereketlenýän (iň bolmanda ýumuşlaryň öň çözlenlerini özbaşdak çözmek) hadysa hökmünde seredýän nazaryýet ony ýumuşlaryň belli bir çylşyrymlylyk derejesi bilen baglanyşdyrýar. Muňa laýyklykda "2x2=?" ýaly hat-da çagalaryň ýüzünugra çözüp bilýän ýumuşlaryna pikirlenme gatnaşmaýar. Olar öwrendekligiň, awtomatizmiň esasynda amal edilýär. Adaty pikirlenme adam özüniň haçanda öňden bar bolan taýýar usullar bilen ýüzünugra çözüp bilmeýän meselesine uçranda, ýagny, **mesele ýagdaýynda (problema situasiýasynda)** herekete gelýär.

Mesele ýagdaýyna girilişilip, belli näbelli bilen baglanyşdyrylyp, onuň haýsydyr bir belli häsiýeti ýüze cykarlanda mesele ýagdaýy özüniň meseleligini bes edip, **ýumşa** öwrülýär. Ýumuş bolsa öz gezeginde agzalan pikirlenme operasiýalary (hereketleri) seljerme-birleşdirme, ýerleşdirme, umumylaşdyrma arkaly çözülýär. Aýdaly sülçi demir ýoluň ýakasynda otludan öldürilip taşlanan meýde pete-pet geldi. Ony kimiň heläkländigi belli däl. Göräýmäge doly näbellilik. Emma heläkçilik golaý wagtlarda bolan bolsa sülçüde ýagdaýdan bir belli häsiýeti anyklamak mümkinçiligi bar. Heläk bolanyň gyzgyny ölçenip, bedeniň her sagatda bir gradus ýylylyk ýitirýänligini nazarda tutup, näçe wagt mundan ozal bu ýerden haýsy otlynyň geçýänligini we ş.m anyklap bolýar.

Adamyň işi we durmuşy onuň öňünde täze-täze çylşyrymly meseleleri goýýar. Olaryň belli bir bölegi akyl ýetirişiň aşaky derejeleri bolan duýma we kabul ediş arkaly çözlüp, has çylşyrymlylary bolsa özüniň aýan edilmegi üçin akyl ýetirişiň ýokary derejelerine daýanmaly bolýar. Her bir

adam durmuşyň belli bir pursatlarynda haýsydyr bir näbelliligiň çozlüşini hut özi açmaly bolýar. Meselem, tomsuň jowzasynda çölde suwsuz galanyň otlara suw halta geýdirip, gije onda bugarmadan ýygnanan nemleri toplap oňşuk edip bilmegi. Şeýle jöwzada salkynlyk duýmak üçin sowadylan içgä derek gyzgyn çaý içip derlemek bilen fizikanyň degişli kanunyny ulanyp bilmek we ş.m. Ýumuşlaryň şeýle çözlüşi adamyň gündelik tejribesinde öň bolmadyk, diňe onuň öz pähimi boýunça amal edilýän bolsa, onda adam özbolușly açyş edýär. Şeýle açyş jemgyýet üçin däl-de, onuň diňe özi üçin niýetlenen we döredilendir. Adamyň durmuş bilen özara täsiriniň şeýle görnüşi ýokary akyl ýetirişiň görnüşini düzýän pikirlenme arkaly dolandyrylýar.

Pikirlenmäniň kesgitlemesinde getirilýän onuň açyş edişe gönükdirilenligi bu psihiki hadysanyň hemişe döredijilikli häsiýetde bolýaýndygyny häsiýetlendirýär.

Eýsem, pikirlenmäniň barlygy aralaşdyrylan usulda şöhlelendirilýändigi nämäni aňladýar? Mysala ýüzleneliň. Nähoşuň gyzgynyny biz elimiz bilen hem barlap bilýäris. Ýöne şeýle çemeleşiş hemişe birtaraplaýyn, nätakyk bolýar. Nähoşuň maňlaýyny ellemezden ozal adam elinde nähili ýylylykdaky zady tutýanlygyna laýyklykda hassanyň gyzgynlygy has ýokary ýa-da kadaly ýaly kabul edilip bilner. Şeýle nätakyklygy aradan aýyrmak üçin lukmanlar aralaşdyrjynyň kömeginden peýdalanýarlar. Termometrdäki simap sütüniň gyzgynda giňelip ýokary galmak häsiýeti nähoşuň gyzgynyny anyk ölçemeklige ähtibar serişde bolýar. Gös-göni görüp bolmaýan ýagtylyk tizligini ýörite abzal arkaly ölçemek bolýar.

Pikirlenmäniň barlygy, onuň düzüjilerini düýpli baglanyşyklarda şöhlelendirýän häsiýeti şeýle baglanyşyklaryň **umumy** we **düýpli** görnüşlerde bolýandygy bilen baglanyşyklydyr. Meselem, jandarlaryň görnüşlere bölünişinde diňe umumy baglanyşykdan ugur alynsa, onda kit balyklaryň

görnüşine goşulyp (suwda ýaşaýanlygy, ýüzgüçleriniň barlygy we ş. m), eger-de düýpli baglanyşyga esaslansa, ol süýtemdirijileriň synpynda bolýar.

Pikirlenme maksada gönükdirilen häsiýetde bolýar. Pikirlenmä bolan zerurlyk haçanda adam öz durmuş tejribesinde täze maksat, täze mesele we işiň şertleri bilen ýüzbe-ýüz bolan wagtynda döreýär. Pikirlenmä bolan hakyky zerurlyk haçan-da täze maksatlar döräp, olara ýetmek üçin işiň öňden bar bolan serişdeleriniň we usullarynyň ýetmezçilik edýän ýagdaýlarynda ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýlara, meseleýin ýagdaýlar diýilýär. Mesele ýagdaýlarynda öz başlangyjyny alýan akyl ýetiriş işiniň kömegi bilen maksada ýetmekligiň, islegleri kanagatlandyrmagyň täze serişdelerini we usullaryny döretmek, açmak mümkin bolýar.

Özüňi ýa-da başga birine "pikirlenmegi" ýöne maslahat bermek bilen pikiriň işeňňir işlemegini döretmek bolmaz. Munuň çözülmegi üçin pikirlenme talap edýän meseläniň adamyň öňünde durmagy ýa-da adamda şu meseläni çözmek dogrusynda isleg ýa-da borç duýgusynyň döremegi zerurdyr. Şoňa görä, pikirlenýän adamyň duýgusynyň döremegi zerurdyr, birinji alamaty meseleleri hakykatdan-da bir ýerinde görmegi başarmagyndan ybaratdyr. Meseleler diňe özbaşdak pikirlenmäge endik etmedik adamlar üçin hemme zat öz-özünden düşnükli ýaly bolup görünýändir. Bilimiň giňelmegi ozal hemme zat aýdyň ýaly bolup görünýän ýerde bize täze meseleleriň üstüni açmaga kömek edip, pikiri ösdürýär, ony özbaşdak işlemäge, meseläni çözmäge höweslendirýär.

Meseläniň nämeden ybaratdygyny doly we anyk aňlamak zerurdyr. Mesele çözmekdäki üstünlik ozaly bilen meseläniň dogry goýluşyna baglydyr. Meseläni dogry goýmak, meseläniň çözülmegine tarap ýola birinji ädim ätmek diýmekdir. Meselýni aňlamagyň yzy bilen, meseläni çözmek prosesi gelýär. Galan çaklamalaryň soňky barlagy meseläni

çözmegiň zerur döwrüdir. Şu döwürde käte haýsydyr bir täze maglumaty almak meselesiniň şertlerini goşmaça takyklamak, doly anyklamak, meseläni täzeden kemala getirmek zerurlyklary hem ýüze çykarylýar.

Pikirlenmede meseläniň çözgüdi dürli-dürli bolup geçip biler. Adamyň synanşmak we ýalňyşlyklar usulda, has dogry we doly, nädogry çaklamalaryň üsti bilen hereket edýän ýagdaýlary-da bolýar.

Çözgüt kähalatlarda algoritmiň passiw peýdalanylmagyna esaslanyp bilinear: bu ýagdaýda çözüliş eýýam belli bolan ýazgynyň gös-göni amala aşyrylmasy hökmünde bolup geçýär. Adam täze mesele çözmegiň zerurlygyna yzygider duşmak bilen, meňzeşlik tärini ulanýar. Ol käte hiç zady tapawutlandyrman, hatda çözgüdiň hemme taraplaryna göz ýetirmän, özüniň geçmişdäki tejribesinden belli bir nusgany tapýar we şoňa meňzeşlikde täze ýumuşy çözýär.

Pikir üsti bilen mesele çözmege has döredijilikli çemeleşmek algoritmiň has işjeň ulanylmasy bolup, ol öz çözgüdini meseläniň mazmunyna uýgunlaşmak arkaly ýa-da meseläniň transfornasiýasynda (meseläniň yzygiderli çözmegi üçin böleklere bölünmegi; meseläniň mazmunynyň täzelenmegi; ülňiniň gurluşy; meseläniň hususy ýagdaýa ýa-da umumy ýagdaýa getirilmegi) tapyp biler.

Adamyň we haýwanyň psihikasynyň arasyndaky prinsipial tapawut hem hut şu baglanyşyk üsti bilen döredilýär.

Haýwanlaryň ýönekeý pikirlenmesi hemişe aýdyň hereket häsiýetinde bolýar. Ol abstrakt aralaşdyrylan akyl ýetiriş görnüşinde bolup bilmeýär. Ol diňe haýwanyň şu pursatda gözüniň öňünde durýan gös-göni kabul edilýän predmetleriň esasynda geçýär. Adamyň pikirlenmesi haýsy görnüşde amala aşýrylýandygyna garamazdan dilsiz mümkin däldir.

Biziň belläp geçişimiz ýaly adamda haçanda täze mesele ýagdaýy, täze maksat dörnäde ýa-da zerurlyk ýüze çykýar pikirlenme hadysasy döreýär. Meselem haçanda sürüji garaşylmadyk ýagdaýda hereketlendirjiniň durmagynda howuply ýagdaýa duçar bolanda, ol ilki bilen otlaýjy we hereketlendirji, imitlendirji barada näme bilýän bolsa şony ýadyna salmaga çalyşýar, ýöne ol baradaky bilimleri kömek etmeýär. Bu ýerde adaty däl ýagdaý ýüze çykýar we oňa pikirlenme (ýadyň kömek etmedik halatynda) kömege gelmeli bolýar. Köplenç bu haçanda meseläniň çözlüşiniň ýollary, ugurlary ýok bolan ýagdaýynda täze maksat bolup döreýär. Bu ýagdaýy mesele ýagdýy diýip atlandyrylýar. Ol işde kynçylyk çykanda köp zat düşnükli däl, köp zat belli däl bolanda ýagdaýlary akyl ýetirmeli bolanda ýüze çykýar. Ony çözmek üçin mesele ýagdaýy seljerip belli näbellini saýgarmaly bolýar. Netijede mesele ýumuş derejesini alýar. Onda bolsa ýumuşy çözmek üçin sorag goýulan bolýar. Alynan belli we belli däl sorag derejesiniň kömegi bilen pikirlenme hadysasy maksadaokunly bolup netijesinde täze-täze öň belli bolmadyk ýagdaýlar we taraplar ýüze çykyp başlaýar. Bu täze subutnamalar bolsa ýumuşy çözmek üçin gönükdiriji bolup durýar.

Bu ýagdaýda ýüze çykýan soragyň görnüşine baglylykda onuň çözlüşiniň ugrukdyrylmasy belli bolýar.

**Soragyň ugrukmasy:**

1) Ýagdaýy (ýumuşy) seljermäne (“Manysy nämede....?”, “Näme üçin wajyp...?”, “Näme üçin, düşündirmeli...?”, “Nädip, düşündirmeli...?” we ş.m.);
2) Seljerme (netijäni) (“Taraplar nämede gowşak we güýçli (subutnalar, hadysalar)...?”);
3) Gipotezany öňe sürmek (“Ýagdýyň ösýşini teklip etmek...”, “Eger-de şeýle bolsa nähili bolar...?”);

4) Beýleki pikirlere seredip geçmek (“Siziň pikiriňizçe beýlekiler näme pikir edýär?”);
5) Öň alynan bilimleri işjeňleşdirmek (“Nädip täsir eder...?”, “Näme bilen baglanşykly?”, “Mysal getiriň.”, “Durmuňda nädip ullanyp boljak...?”)
6) Subutnama we garşylykly subutnama (“Haýsy subutnama “howa” ýa-da “ýoga” getirip biler?” Pikiriňizi esaslandyryň”, “Çözüşde “howa” ýa-da “ýogyň” subutnamasyny aýan ediň”);
7) Deňşdirme – garşy goýma (“Tapawudy nämede ... we ...?”, “Nähili meňzeş ýagdaýlar bolup biler?”, “Meňzeş netijeleri deňeşdiriň.”);
8) Alternatiw çözgüdi gözlemek (“Ýene nähili çözüşler bolup biler?”, “Ýene nähili meňzeş ýagdaýlar bolup biler”);
9) Bahalandyrmak we ony esaslandyrmak (“Mahsus häsiýeti ýüze çykaryň.”)

Okuw ýagdaýynyň düşünilmegi we onuň çözülişiniň ugruny gözlemek goýulan soragyň ýeňilleşdirilmegine getirýär.

**Takyk ýagdaýlara (ýumuşlara) seredip geçeliň.**

**1.1**

**Ýagdaý.** Ýaş eneleruň gürrüňünden: “Meniň pikirimçe gyzym işjeň (aktiw) özbaşdak ösýär, ondan zat soramak hökman däl”. “Ikinji eje – meniň pikirimçe meniň çagam entek kiçi, azajyk öser şonda özi edip başlaýar”.

**?** *Iki enäniňem çaga terbiýesine bolan gatnaşygyny deňeşdiriň. Bu meseläni çözmek üçin terbiýäniň dürli täri barada mazmunly seljerme geçirmeli we çaganyň işjiňligi , özbaşdaklygy barada netije çykarmaly.*

**Çözlüş.**

Eneleriň ikisi hem ýalňyşýar. Birinji enäniň ýagdaýynda işjeň çaga köplenç özbaşdagyň mahsusdygyny göz öňüne tutmaly. Ene çagadan uly adamdan soran ýaly sorasaň bolýar diýip esaslanýar. Mekdebe çenli ýaşly çagalarda emosional erk ösüşi deň duşlarynyňky ýaly bolýar. Çaga ösüşi bilen işjeňlik we bilesigelijilik hereket edýär.

Eneleriň beýle pikir aýtmalary çagalar bilen gatnaşygyň dürlidigini bellemeli. Bir ýagdaýda gyzy emosional ýylylygy duýman biler, bu bolsa ýapyklyga getirýär, ýa-da parhsyzlyga käbir ýagdaýlarda rehimsizlige. Ikinji ýagdaýda çagada özbaşdaklyk, jogapkärçilik ösýär.

## 1.2. Ýagdaý.

Fransuz psihology A. Peronyň bize beren mysalyna seredip geçeliň: Biziň planetamyz heläkçilige uçrady diýip göz öňüne getireli. Diňe çagalar diri galyp, uly adamlaryň hemmesi wepat bolupdyrlar.

Hemme maglumat (material) we medeni gymmatlyklar saklanyp galypdyr. Beýle ýagdaýda adamzadyň taryhy bilen näme bolardy? Çagalaryň psihiki ösüşi nähili geçerdi?

**?** *Bu ýumuşy çözmek üçin jemgyýetçilik – taryhy tejribäni öwretmäniň we terbiýäniň kömegi bilen bermegiň gepotizisynyň wajypdygyny bellemeli.*

**Çözgüt:**

Adamzat nesli ýitmez ýöne adamzat taryhy üzüler. Maglumatlar (material) we ruhy gymmatlyklar galar, ýöne çagalar ony ulanyp bilmeýär, derejesi

boýunça bahalandyryp bilmeýär. Sebäbi ulularyň tejribesini işjeň kiçilere geçirmegi hökman bolup durýar. Jemgyýetçilik-taryhy terbiýe öwretme we terbiýäniň üsti bilen geçirilmeli.

**Okatmagyň maksatnamasynda ýumuşy takyk-tejribä we okuwa bölünýär.**

| **Ý U M U Ş** | |
|---|---|
| Takyk –tejribe | Okuw |
| **Ugry** | |
| Şahsy we takyk netijäni almak üçin | Okuw ýagadýynyň elementi umumy prinsipini açmak üçin |
| **Bilimi we başarnygy özleşdirmek** | |
| Şahsy ýagdaýda ulanylýan görnüşin bolup geçýär; Tejribe ýumuşlary çözmegiň üsti bilen | Takyk ýagdaýda aýratyn ulanm Ýumuşyň çözlüşiniň önümi bolup bilimiň başarnygyň takyk ýumuşda ullanylyş aýratynlygy çykyş edýär. |

**Takyk** – tejribe ýumuşy durmuşy mazmuna eýe; onuň çözlüşi durmuşy ähmiýetli şertli netijä getrýär. Bu ýumuşyň jogaby takyk ýumuş ýagdaýy çözmegi talap edýär.

**1.3.**

**Ýagdaý.** Çagalar bagynyň orta toparyna ýaňy ýakynda öň çagalar bagyna gatnamadyk çaga gelýär. Ol maşyn oýnap, ony otagyň orta arasynda goýup gaýdýar.

***?** Terbiýeçi özüni nähili alyp barmaly?*

**Çözülüş:**

Bu ýagdaýda terbiýeçi çaganyň çagalar bagyna täze gelendigini göz öňüne tutmaly we onuň entäk çagalar bagynyň tertip düzgini bilen tanyş däldigini nazarda tutup, terbiýeçi täze gelen çaganyň galagoply bolýandygyny bilmeli we çaga bilen arkaýyn we ýakymly ses bilen çagalar bagynyň düzgünini düşündirmeli: "Gel ikimiz maşyny durmaly ýerine ýagny garžyna alyp gideli" diýse, oglanjyk bu talaby uly höwes bilen ýerine ýetirýär.

Meňzeş ýagdaýlary (ýumuşlary) we olaryň çözülşini deňeşdirseň peýdaly. Şeýle görnüşdäki takyk – tejribe ýumuşlaryň dogry jogaplaryny olary köp mukdarda çözüp alyp bolýar. Şonyň bilen bir hatarda şeýle ýagdaýlardan ugur alyp çykmagyň ýollary, usullary we olar baradaky maglumat has hem köpelip başlar.

Ýumuşlar çözülende, takyk durmuşy ýagdaýlary emosonal we resional seljermegiň ukybyny ösdürmek hökmandyr. Şeýle hem hereket edýan adamlaryň endikleri her gezek has kämilleşer aşakdakylaryň hasabyna:

a) Çaganyň ösüşi barada täze maglumaty almagy, ol balsa her bir takyk ýagdaýy düşünmäge ýol berýär;
b) Durmuşy ýagdaýlara – sahsy reaksiýasyna gowy düşüner;

Häzirki günde S.L. Rubinşteýniň "Pikirlenme bu umumylykdyr, onuň dürli görnüşleriniň umumy tebigaty

bar, ol bolsa ( mysal üçin, tejribe we taglymat pikirlenme) şol bir kanuna boýun egýär” – diýen tezisi ýörgünli bolup durýar. S.L.Rubinşteýin öz işinde tejribe pikirlenmesiniň özboluşlylygynda durup geçip tejribe pikirlenmäni taglymat pikirlenmeden tapawutlandyrmaga çalyşýar.

Ýagdaýlary deňeşdirilmegi seljermäniň aýratyn görnüşini talap edýär. Bahalandyrma – haçan-da subýekt çözlüş gözlände çözýän ýumuşyny dürli elementler bilen gapma-garşy goýýar. Biziň abstrakt mysalymyzda – bu işleri stanokda “deňeşdirme” takyk şertdi. Meselem: berlen ýumuşy çalt ýerine ýetimek üçin stanoklaryň gowy we çalt işleýänlerini saýlap almaly bolýar. Bu ýerde birnäçe işleri bahalandyrylýar. Berlen şertde we stanokda işlemäge gabat gelýärmi talap edilýän derejede işi ýerine ýetirip biljekmi?

Bahalandyrma mesele çözlüşde dürli görnüşde dürli döwürde, şeýle hem dürli hilde ýüze çykýar. Geçirilen barlaglarda pikirlenme hadysasynyň tejribede umumlaşdyrma bilen arabaglanşygyň aýdyň ýüze çykarlýar. A.W.Bruşlinskiniň ýazmagyna görä – “Pikirlenmäniň psihologiýada hadysa hökmünde öwrenilmwgi akyl ýetirişe we bilime getirýän içki ýapyk sebäpleri öwrenmek”.

Haçan-da obýektiň pikirlenme operasiýasynyň aýaratyn häsiýetleri bahalandyrylanda zähmet işiň ussatlyk bilen ýerine ýetirilişi bilen baglanyşdyrylýar. W.N.Puşkin öz barlaglarynda takyk şertlerde mazmuna eýe konseptual ulgamyň gurluş funksiýasynyň “meseläni görmek” ýa-da intellektual intuisiýasyny ýüze çykarýar. W.N.Puşkin ; “Meseläniň bölekleriniň arasyndaky gatnaşyga ünsi çekip, şertli belgileriň kömegi bilen gurmaklyga konsepsiýanyň ýagdaýlaýyn ulgamy bolup, çözlüş prossesiň optimal determinasiýasyny göni psihologik hakykatdyr” diýen gipotizany öňe süýär.

Biziň belläp geçişimiz ýaly pikirlenme – bu näbellilige hereket. Özboluşly we aýratyn çuňlyga pikirlenmäniň kabul eden häsiýetnamasynda şertli meseläni çözmek hökmany bolup durýar.

A.W.Bruşlinskiniň ýazmagyna görä – “Adam taglymat pikirlenmesinde obýektiň häsiýetiniň aýdyň – duýgynyň araçäginden çykýar ” diýip belleýär. Subýektiň mesele ýagdaýynda ahyrky netijesi takyk we hakyky (real) bolmalydyr.

Pikirlenmäniň köp taglymatlarynda iki komponentli baglanyşygyň suratlandyryşyna duşýarys; maksadyň göz öňüne getirilmegi we Wýursburg mekdebiniň determinirlenen tendensiýasy. Bu edil Kýoleriň maýmyn bilen geçiren tejribesi ýaly bolup, maýmynyň meňe (primanka) etmek üçin eden synanşyklary çözlüşiň funksional aýratynlyklaryny açyp görkezýär.

Çözlüş ýene oýlap tapylýar: näme-de bolsa eli uzadyp biljek enjamy tapmaly. Bu ýerde oýlanyp tapylan pikir “rasional baha” has çuň görnüşe eýe bolýar. Bar bolan takyk predmetleri real hakykatda gözläp tapmaly bolýar.

Gözenege ýakyn meňi (primankany) taýagyň kömegi bilen süşürmek üçin bize belli bolşy ýaly maýmyn ellerini uzatmak üçin taýagy saýlap alýar. Ýöne bu funksional ýagdaýy çözmek üçin ýeke-täk çykalga bolmaýar. W.Kýoleriň maýmyn bilen geçiren ýene bir synagynda maýmyn eline taýak alman bir bogdak saman alýar. Bu bolsa funksional çözlüşe gowy gabat gelýär, ýagny, bir bogdak saman hem maýmynyň elini “uzaltýar”. Pikiri işe geçrmek çözlüşde kyn bolup durýar. Funksional çözlüş başa barmaýar we goşmaça funksiýalar ýüze çykarylýar: ýeterlik berklikde eli uzadyjynyň bolmaklygy.

Çözlüşiň tapylan prinsipial häsiýeti – bu öz içine aşakdakylary alýan aýratyn inellektual prosess:

1. Bu nusgany oýlap tapmak, gurluşy düzmek;
2. Onuň takyk nusgasyny gözläp tapmak;
3. Çözlüşi durmuşa geçirmäge synanyşmak.
4. Durmuşa geçirmegiň netijesini seljermek;

Pikirlenmäniň näbellilige herekti çylşyrymly bolup geçýär. Gipotiza gurnalanda bar bolan serişdeleri berilen takyk şertlerde çözlüşiň işjeňleşdirmelidi. Meseläni dogry we gowy çözülmegi onyň şol meseläni ýeke-täk çözlüşdigine kepil geçilmeýär. Meseläniň çözülşine päsgel berýän “artykmaç” funksional ýagdaýlar bar bolmagy mümkin. Meselem, taýagyň agyr bolmagy ýa-da şahalaryň päsgel berýän bolmaklygy mümkin.

## Bap IX. Pikirlenme arkaly ýumuş çözmekde pikiröňdengörüjilik hadysasy.

Näbellini öňünden pikirde şöhlelendirmek hadysasyna baha bermekde psihologiýada bir-birinden aýrybaşga garaýyşlar bardyr. Olaryň birinde akyl ýetirişiň her bir öňki "ädimi" gös-göni özüniň yzyndaka başlangyç bolup hyzmat edýär diýip tassyklanyar. Şeýle garaýyş pikirlenmäni jandarlaryň iş hereketine ýakynlaşdyrýar. Hakykatda bolsa pikirlenmäniň barşynda näbelli hiç bolmanda belli bir häsiýetde öňünden pikire getirilýär.

Bu nazaryýetleriň başga birinde näbelliniň çözlüşini tapmakda adamyň taýýar çözlüşi bada-bat öňünden pikire getirmek mümkinçiligi has güýçlendirilip, oňa aýgytlaýjy ähmiýet berilýär. Ýumuş teklip edilende şeýle bada-bat pikiröňdengörüjilik döremese, adam göýä bu ýumuşy hiç wagt hem çözup bilmeýär. Bu çemeleşişiň nädogrylygyna göz ýetirmek üçin okuwçynyň mysal çözüşini synlamak ýerliklidir. Oňa täze ýumuş teklip edilende ol hiç wagt ahyrky netijäni şol bada pikirlenmä getirip bilmeýär. Mugallymyň "ýaňzytmalary" esasynda onuň aralyk çözgütlerinden gutarnyklylyga geçýär.

Üçünji bir çemeleşmä görä pikirlenmäniň barşynda obýektiň häsiýetleri bilen baglanyşykly umumy düzgünleri, kadalary, çözlüş usullary yzly-yzyna saýlanylyp, laýygynyň üstünde saklanmaly. Bu nazaryýet pähimi kibirnetiki nukdaýdan derňemekligiň çäginde döräp, pikirlenmede näbellini öňünden pikire getirmekligi düýbünden inkär edýär.

Bu birtaraplaýyn çemeleşmeler meselä dialektiki garaýyşda ýeňlip geçilip, hakyky adama mahsus pikirlenme üsti bilen ýumuş çözlüşde näbellini aýan etmeklik hiç

bolmanda hemişe bir ädim ilerledilen häsiýetde bolýandygy ykrar edilýär.

Haçan-da adam pikirlenme ýumuşyny çözende, ol şeýlelik bilen minimal derejede bolsa-da geljekki çözgüdi görýär. Seýle öňden görüjiligiň özboluşlulygyny açmak üçin, pikiröňdengörüjiligiň ýönekeňje we gutarnykly görnüşiniň düzüjisine seredeliň, mysal üçin günüň tutulmagy.

Astronoma mahsus taglymata esaslanyp gerk bolan sanawy geçirip we onuň netijesinde günüň tutulmagynyň wagtyny we nirede bolup geçjekdigini aýdýar. Bu ýerde öňdengörüjilik takyk işlenen görnüşde çykyş edýär we emperiki taýdan barlanan ýönekeýje öňünden garaşylýan hadysany kabul edişiň kömegi bilen geljekki günüň tutulmagynyň nirede boljakdygyny aýdyp bolýar. Öňden garaşylmanyň bu görnüşine “pikiröňdengörüjilik” adalga bilen atlandyrýarys, bu ýerde pikiröňdengörüjilik aýdylan hadysany görmeklikde jemlenýär. Öňden garaşylýan geljegi öwrenmegiň ýönekeý we köp öwrenilen usuly bolup durýar. Bu ýerde çaklama pikirlenme hadysasynyň netijesi bolup çykyş edip minimuma eltilýär.

Haçan-da adam pikiröňdengörüjiligiň usulyny özi üçin açyp özeleşdirende başgaça çykyş edýär. Şonda pikirlenme maksimal ýagdaýda görkezilendir. Indi öňden görüjilik bolup diňe aňlanylýan maglumatyň obýektiniň häsiýeti bolman (meselem, Gün) şeýle hem azda-kände pikirlenme hadysasynyň kömegi bilen obýekti aňlamak bolup geçýär. Diňe şeýle ýagdaýlarda pikirlenme öňden garaşylýan ýa-da pikiröňdengörüjilik açylan hadysa hökmünde çykyş edýär.

Pikiröňdengörüjilik meselesi irki döwürlerden bäri pikirlenmäniň psihologiýasynda öwrenilýär (Mysal üçin O.Zelsiň, K.Dunkeriň, Ž.Piaženiň, F.Bartlettanyň,

S.L.Rubinşteýniň we onuň mekdebinde, N.A.Mençinskoýyň, Ýa.A.Ponomarýeowyň, W.W.Dawydowyň we beýlekileriň işinde gyzykly netijeler alyndy). Şeýle meselede öwrenilmedik pudaklary köp bolup durýar. Onuň sanyna ýokarda görkezilen pikirlenme hadysasynda yza dolanyş baglanşygy nähili orun eýeleýär diýen sorag ýüze çykýar.

Yza dolanma balanyşyk adatça umumy “mehanizm” hereketi bölümünde seredilýändir. Onuň gurşaw hereketi işinde pikirlenmede ýaýrandyr (ilki bilen okatmanyň dowamynda işde pikirlenmäniň kemala gelmegi). Indi bolsa hakykatdanam pikirlenmäniň determinasiýasynda yza dolanma baglanşygy esasy orny eýeleýändigini ýüze çykarmakdyr.

Ilki bilen kibirnetikany esaslandyrjylar we olaryň işlerini dowam etdirijiler tarapyndan işlenen yza dolanma baglanşygyň mazmunyny we esasy düşünjesine seredip geçeli. N.Wineraň pikirine görä, aňlaýjylykly işde aýratyn esasy faktor hökmünde tehnikleriň yza dolanma diýip atlandyrýan hadysasy ýüze çykýar. Bu hadysanyň esasy bolup: “Haçan biz haýsydyr bir gurluşyň berlen hereketi etmegini işlänimizde berlen we ýerine ýetirilýän hereketiň aratapawudy gurluşyň dolandyrylýan bölegini ýerine ýetirilýän herektiň berilen herekete has ýakyn *bolmagyna mejbur edýän täze giriş yşarat hökmünde ulanylýar”. Mysal* hökmünde gallamy galdyrýan elleriň hereketi we ş.m. getirmek bolýar. Yza dolanýan aragatnaşyk ilki başdan öňden berilen yşarat alamatlara esaslanan dolandyryş usulydyr. Bu manyda yza dolanma baglanşygy bir manyly we aralaşdyrylmadyk. Onyň aralaşdyrylmazlygy tehnikada aýdyňdyr meselem, dolandyryjy bilen ulgamyň dolandyrylýan böleginiň arasyndaky arabaglanşygynyň bir manylygynyň mehaniki

häsiýetidir. Bu aralaşdyrylmazlyk psihofiziologiýada hem aýdyň çykyş edýär. Köplenç bu ýerden yza dolanma arabaglanşygy stimul-reaksiýanyň nusgawy ülňi diýlip netijä gelinýär. Şeýlelikde kibernetikada yza dolanma baglnaşygy aralaşdyrylmazlyk (aýdyň duýma, bir manylyk, mehaniki we ş.m.) hökmünde häsiýetlendirilýär. Ylmy – taglymat (teoretiki) pikirlenme babatda bolsa bilşimiz ýaly ol hemişe aralaşdyrylandyr. Pikirlenme amaly işjeňligiň esasynda döräp duýgy akyl ýetirmeden ugur alyp onuň çäginden çykýandyr. Pikirlenme işjeňligi elmydama duýma, kabul etmä we gözöňüne getirmä daýanýandyr, ýöne hiç haçan olar bilen utgaşmaýar. Seljerme we sinteziniň esasynda pikirlenme nazary umumylaşdyrylma getirilýär. Nazary umumylaşdyrmada duýgy emperiki häsiýetde ulanylýar ýöne olar bilen utgaşmaýar. Taglymat pikirlenme näçe çet bolsa-da amalyýet bilen arabaglanşygyny ýitirmeýär.

Yza dolanma esaslanyp empiriki barlaglar aňsat boýun egip takyk belleýärler. N. Wineriň öňden berilen ýumuşlaryň "isleýänleriň" aralaşdyrylman gysyp çykarylmagy üznüksiz netijesine ýetilýär. Meselem, kemala gelmedik aktlaryň netijesinde öň öňden görülmedik uly "islenilýän" aralaşdyrma bilen ýerine ýetilen pursatlaýyn yzygiderlikde kemala gelýär; ýöremeklik, grafinden stakana suw guýmak (P.H.Anohimyň mysaly boýunça) we başgalar, olaryň yzygiderliliginde aýgytlaýjy roly hakykatdanam yza dolandyryjy, baglanyşyklara degişlidirler, diýmek aýdyň baglanyşyklara, habar beriji we başgalara.

Ýöne öz-özüňi düzetmek hadysasy gitdigiçe sazlaşýan pikirlenme hadysasy ýagdaýynda, tejribede özboluşly aňlanylandyr. Indi "islenilýän" hökmünde saklanylýan (geljekki aýgytlylyk) çykyş edýär, ol uzak wagtyň dowamynda näbelli bolup durýan we şonuň üçin aýdyň däl,

edil öňde görmeklik ýagdaýynda ýaly. Şunuň ýaly "näbellilik" many taýdan onuň ýuwaş-ýuwaşdan ýa-da bölüp geçmeklik çaklanmasynda pikirlenme hadysasynyň soňuna çenli tapylmaýar we çäklenendir.

Bulardan tapawutlylykda yza dolanyjy mihanizmyň baglanyşyklary islegiň aýdyň tiksasiýasyny hödürleýär (edil öňünden berlen ýaly) soňky we pursatlaýyn tapgyrlaryň aktlarynda (mysal, ýöremeklik). Şunuň ýaly fiksasiýanyň ýoklugy özboluşly etalon özara balanyşyklaryň bolmazlygy, islenilýän we ýetilen netijeleriň ýetilmegindedir. Haýsy, bolsa-da bir zady garyşdyrmak üçin, öňünden onuň keşbini, ululygyny, kreteriýalaryny we şuňa meňzeşler bilmegidir.

Şeýlelikde, yza dolandyryjy baglanyşyklaryň esasynda öňünden berlen, pursatlaýyn we soňky ýagdaýlary deňeşdirilýär. Eýýäm bärde determinasiýalaryň aralary tapawutlandyrylýar.

1) yza dolanyjy baglanyşyk
2) öz-özüňi regulirlemek, ösüşiň esasynda ýatandyr.

Soňky bellenilişi ýaly islendik öňünden taýýarlanan ululyklarda amala aşyrylýar. Bu bar bolan tapawutlylykda öz pikirlenmäňi tertibe salmak mysalynda seredip geçeliň.

Pikirlenme daşky barlygyň prosesi hökmünde, birinji we soňky tapgyrlarynda pikirlenme işjeňliginde subýekt üçin doly ýa-da doly däl näbellilik bolup durýandyr.

Pikirlenme hadysasy ýüze çykyp başlanda, näbellilik az bolan mukdarda çaltlanýar. Bu manyda "soňky ýagdaý" we "soňky pursat belli däldir". Şonda-da häzirki zaman psihologlar meseleler "soňky ýagdaý" we "soňky pursat" arkaly çözüp bolýar diýip belleýärler. Muny U.Reýtmanyň ýönekeýje mysalyndan görkezmek bolar, ol ýumuşyň gurluşyny "üçdüzüjiiniň" kömegi bilen mesläni dogry klassifikasiýa bölýär.

1. Ilki başdaky ýagdaý;

2. Ahyrky ýagdaý;

3. Başky we soňky ýagdaýy emele getirýän operasiýa;

Pikirlenme hadysasynyň soňky ýagdaýy öz içine psihiki emele gelmeleri alýandyr. Şonuň üçinem islendik mesele indiwid üçin ilkibaşda näbelli bolup durýandyr. Bu laýyklykda islendik pikirlenme önümçilikli, döredijilikli, özbaşdak bolup durýandyr.

Pikirlenme hadysasy wagtynda adam çäkden çykýar we ol meseläni özbaşdak çözýändir. Aýdyň-duýgy hereketler mesele çözülende ulanylýar we ol adama çylşyrymly meseläni çözmäge kömek berýändir. Şonuň üçin hem yza dolanyjy baglanyşyk aýdyň-duýgy hereketleriň baglylygy zerarly pikirlenme hadysasynda esas bolup durmaýandyr. Bu zatlara akyl ýetirýän obýekt öz aýdyň-duýgy we abstrakt düşünjesine görä pikirlenme işjeňligini göni däl-de gizlin amala aşyryp bilýär. Bu ýagdaý mydama daşky meseleleriň içki şertlerden hereket edilýändigini görkezýär. Islendik pikirlenme hadysasy daşky we içki täsirler netijesinde amala aşýandyr.

Biziň çaklamamyz şundan durýandyr: Köp awtorlaryň pikiriçe ähli zatlary çözmek üçin meýilnama düzülýändir. Ony şeýle düşündirip bolar "Meýilnama – bu organizimiň ierarhiki gurluşly hadysasydyr, ol tertbi gözegçilik etmek ukyby bolup tertipli goýulandyr we ol islendik operasiýany öz içine alýandyr".

Organizm üçin meýilnama matematiki programma ýaly. Meýilnamanyň bu kegitlemesinde esasy operasiýalaryň hereketine üns berilmän, olaryň tertibine üns berilýändir. Bu ýerde pikirlenme hadysasy taýýar görnüşinde hereket edýändir. Şonuň üçin adamyň özüni kibernetiki ulgama degişli edilýändir. Ähli ýönekeý zatlar taýýar komponentler hökmünde çykyş edýärler. Şonuň üçinem bu meseleler iberilen operasiýalary düzgünleşdirmek üçin berilýändir. Bu ýerden

belli bolşy ýaly öňden belli zatlar özara baglanyşykly ýüze çykýar.

Beýle dezýunktiw hadysalar tehnikada, matematikada we ylymlarda bardyr. Ýöne beýle ylmy derňewleri giňden ýaýradyp bolmaýar.

Operasiýadyr we başga psihiki hadysalar pikirlenme hadysasynda öňünden belli bolmaýandyr. Olaryň yzygiderligi diňe hadysalaryň yzygiderligi netijesinde emele gelýär.

Bu ýerde aýdyljak bolýan pikir pikirlenme hadysasy öňünden meýilleşdirilmedigidir.

Şeýlelikde, yza dolanyşykly baglanyşyklary we başga determinirlenen pikirlenme hadysasyny bilmek üçin pikirlenme hadysasynyň meselede pikiröňdengörüjiligini belläp tertipleýär.

Diňe ýörüte gurnalan ekperementler arkaly başdan berlen ýumuşyň hadysalaryny bilip bilýändir.

Biziň nukdaý nazarymyzdan hakyky pikirlenme hadysasynda alternatiw görnüşinde meseläni çözüp bolýandyr. Saýlowlaryň obýekti hökmünde bir eýýäm belli alternatiwalar çykyş edýärler.

Adam mesele çözmek hadysasynda ýuwaş-ýuwaşdan öňki bar bolan zady saklaýan we şonuň netijesinde berlen ýumuşy çözýär. Netijede şeýle ýagdaý iň bir gerekli bolup durýan we pikirlenme hadysasynyň amatlydyr. Şeýlelikde biziň seredýän meselämiz şeýle ýagdaýa gelýär. Eger-de pikirlenme täze görnüşinde emele gelýän bolsa, onda yza dolanýan baglanyşykda boýun bolma prosesini ýerine ýetirýär we onuň tersine şeýle proses öňden goýlan esasy ululyklarda ýerine ýetirilýär yza dolanýan baglanyşyklaryň göz astynda bolýandyr. Guralýan çemeleşmeler diňe bir taglymat (teoretik) taýdan däl, eýsem kontrol taýdan pikirlenme proseslerini çaklaýandyr. Bu islenip çaklanylan usulýet eksperimentleri yza dolanyjy baglanyşyklary determinirlenen pikirlenme

hadysasynda nähili rol oýnaýandygyny bilmeklik we şuňa meňzeşler.

Biz bu eksperementlerimize synag geçirýänlere mesele goýanymyzda, onuň çözgüdini diňe aýdyň-duýgy ýagdaýynda çözüp bolmak däl-de, eýsem onuň taglymat taýdan kem görülmelidigini orta goýýarys. Taglymat taýdan subutnamalaryň zerurdygyny, biz yza dolanyjy baglanyşykda gördük.

a) “Şem kosmosda ýanyşy”
b) “Şemi kosmosda ýaksak näme bolar”.

Ýönekeý çözgüt bolsa şeýledir:

Kosmosda şem ýanar, ýöne ol kislorodyň ýetmezçiligi zerarly söner. Bu ýerde mysalda berlen gatnaşyk ikä bölünýär:

1) şemiň ýanmagy (sönmegi)
2) agramyň ýoklugy.

Biz öz synag geçirýänlerimize 2 (iki) zady hödürledik.

1) berlen mysalaryň dürli görnüşini;
2) dürli fiziki mysalyň şol bir usulda berlendir.

I tapgyrda mesele 2 (iki) esasda hödürlendi, ýagny şem ýanar we ýanmaz. Synagyň II tapgyrynda mesele birnäçe esaslara bölünýär. Eger-de kosmos gämisinde şem ýansa, ol basym öçer.

III tapgyrda kosmos görnüşinde agramlyk güýç ýok. Eger şemi şeýle şertlerde ýaksak näme bolar.

IV tapgyrda bolsa Kosmos görnüşinde hiç zadyň agramy ýok, eger şem ýaksaňam bahym öçer. Näme üçin?

Bu tapgyrlarda synag geçirilýänlere goşmaça kömek berilýär, meseleleriň çözgüdi bolsa konweksirlenen, defuzlenendir we olaryň çözgüdi dürli-dürlidir. Bu geçirilen tejribede synag geçirýänleriň her haýsysy özüňkini dogry edesi gelýär. Şeýleliklik bilen tejribede yza dolanyjy baglanyşygy öwrenmek üçin şeýle şertler döredilýär. Şonuň ýaly tejribeleriň ýüze golaýy geçirildi ol M.I.Wolowikowa we Ýe.S.

Nikitinanyň gatnaşmaklarynda geçirilendir. Bu usulyň käbir aýry häsiýetleri tejribäniň dowamynda seljeriler. Synag geçirilýänleriň sany 66 adamdan dyrýar. Olaryň düzüminde dürli hünärdäki ylmy işgärler, talyplar we ýokary synpdaky okuwçylar bar. Synaglaryň netijesinde, synag geçirýänler az-kem bolsa-da öň geçmişde konweksiýa we diffuziýa ýagdaýy bilen tanyşdyrylar. Synag geçirýänler näme diýseler magnitofona ýazylýardy, ýöne beýle edildigi belli usulýete syn etme diýip bolman. Bu ýerde usulyýet we işjeňlik, diňe taglymat düşünje diýip bolmaz. Seljermäniň üsti bilen birleşdirme ýa-da alternatiw saýlow geçirilýär.

Emma eýerýän parafin başaga özüni alyp barar. Ol fitil astynda bolmorda fitiliň üstüne akar we şem fitiliň parafiň bilen üsti guýulmagy sebäpli öçer. Ýene-de bir ýumuş barmy? Ýumşuň köpgörnüşli şertleriniň içinden synag geçirilýän adam diňe ody, wosky görkezýär we ýagny hadysany tassyklaýar.

Tejribäniň dowamynda synag geçirilýänleriň gürrüňleri magnitafona ýazylýar. Synag geçirilýän adam eksperementatoryň haýşy boýunça ýumşuň ýazgysyny alyp, daşyndan okaýar. Eger-de şemi orbitada ýerleşýän kosmiki korablda ýaksak näme bolar? Ondan soň synag geçirilýän adam birnäçe sekundyň dowamynda içinden pikirlenýär. Synag geçirýänler birinji dymmany bozmak maksady bilen bitarap "Seni näme şübhelendirýär?", diýip sorag berýär. Synag geçirilýän adam bu ýagdaýda şeýle jogap berip bilýär. Men taýyn jogaby beresim gelýär, hem-de bu ýerde şemiň ýanmagyna täsir etjek ýagdaýlar barada birbada pikir alyşmaly bolar.

Ilki bilen bu ýerde synag geçirilýän adam şolbada ikirjeňlenmän başlangyç pikiri gurnaýandygyny we subut edip başlanýandygyny bellemeli, ýagny ilkinji dymma netijesinde pikiriniň aýdyň guralşyna garamazdan şem öçer. Şemiň şeýle ýagdaýda boljakdygy ynamlylyk has ähmiýetli bolup biler.

Synag geçirilýän adam şemiň ýanmak mümkinçiligi barada hiç hili pikir etmeýär, ýöne "şem bilen näme bolar?" diýen soraga iki sany deň mümkinçiligi bolan jogaby berip bolar! Şem ýanar ýa-da tersine öçer.

Diýmek, birinji ýagdaýda (tejribe geçirýäniň soragyndan öň) akyl ýetirilýän obýekt – konweksiýa – baglanyşyklaryň başga ulgamyndan aýratynlaşdyrylan hökmünde takyk kesgitlenen baglanşyklar ulgamynda ýüze çykýar ýagny, synag geçirilýän adam öçüp barýan şeme degişlikde görkezilen obýekti hasaba almaýarlar we şonuň üçin ony esasy ýumuşy seljermekligiň başlangyç döwründe ulanmaýar. Berilen ýumuşy çözmek üçin obýektiw zerur bolan konweksiýany aýdyň inkär etmekligi aňsat düşündirip bolardy, ýöne bu ýagdaýda synag geçirilýän adam konweksiýanyň umumy düzgünini ulanylmaly däl we işjeňleşdirmeli däldir. Ýöne şol bir fiziki hadysany (konweksiýany) umumylaşdyrýan şol bir umumy düzgün, şol bir adam tarapyndan bir ýagdaýda (ýyladyş batareýalary baradaky ýumuş) ulanylyp, başga bir ýagdaýda (şem baradaky ýumuş) entäk düýbünden ulanylmaýar. Şuňa meňzeş görkezijiler beýleki synag geçirilýän adamlara hem häsiýetlidir.

Şeýlelikde, gnoseologik we psihologiki taýdan – indiwidiň pikirlenmesinde bir tarapyndan seljerilýän fiziki hadysa ilki baglanyşyklaryň dürli ulgamlarynda iki dürli häsiýetde ýüze çykýar. Olar ontologiki taýdan bir-birinden aýrylmazdyr. Ontologiki nukdaýdan konweksiýanyň iki dürli hadysalary ýokdur (şemiň ýanmagynda we ýyladyş batareýanyň işledilmeginde). Emma synag geçirilýän adam üçin subýektiw taýdan – ilki başda konweksiýa diňe howanyň yrgyldysy bolup durýar. Akyl ýetirilýän şol bir obýektiň pikirde dürli ýagdaýlara geçirilmegini aňladýan köpsanly görkezijiler pikirlenme üçin başlangyç, özeni bolup durýar. Şeýle wajyp düzgünler diňe pikirleniş hadysasynyň zerur we ähliumumy "düzüjisiniň" ýüze

çykmasy hökmünde düşündirilip bilner, ýagny, ol sinteziň üsti bilen seljermäniň döremegi bolup durýar.

Alnan netijäni başgaça kemala getirmek bolar. Biziň görüşimiz ýaly, şem baradaky ýumuşyň esasy gatnaşyk göterijisi konweksiýanyň ýagny, howanyň hereketiniň barlygy ýa-da ýoklugy bolup durýar.

Tejribeçiniň jogaba iterýän soraglaryndan soňra başlanan döwür öňki obýektiň (konweksiýanyň) täze baglanyşyklara (şem bilen) insaýt-içki goşulmasy – sinteziň üsti bilen seljerme esasynda soňky maglumatlary öňünde aýtmaklygyň täze döwrüni aňladýar. Bu pursatlaýyn däl insaýt synag geçirýän adamda ýokarda belläp geçişimiz ýaly indiki netijeler ýüze çykýar:

"... ýakylma netijesinde ýylan, ýylaýan howa ýokary tarap hereket etmeýär." Soňra soňky pikirleniş hadysasy hiç hili arakesmesiz dowam edýär: "Ol (howa) ýeriň tebigy dartylmasynyň ýoklugy sebäpli,ol ähli ugurlar boýunça ýaýraýar. Elbetde, bu şemiň kadaly ýanmagyna ýardam bermeýär. Ýöne bu umuman şemiň ýanmagyna ýeterlik bolarmyka? Bu meniň üçin aýdyň däl bolup galýar."

Beýanyň berlen bölegi synag geçirilýän adamyň intuitiw-duýgylaryna esaslanýan seljermesini görkezýär. Haçan-da synag geçirilýän adam howanyň ýokaryk tarap hereketini inkär edende, ol öňki seljermä we konwenksiýanyň umumylaşdyrylmagyna esaslanýar. Haçan-da ol, şol bir wagtyň özünde, howanyň ähli taraplara ýaýraýandygyny tassyklanda bolsa, diffuziýanyň seljermesine we umumylaşdyrylmasyna esaslanýar. Howa hereketiniň bu iki düzüjisi synag geçirilýän adam tarapyndan bir-birine ýeterlik gabatlaşyrylmady. Munuň bilen bir hatarda berlen ýagdaýda hem, ol howa hereketiniň görkezilen iki sebäbini bölekleýin tapawutlandyryp başlaýar. Başgaça aýdanyňda, ol konweksiýanyň ýoklugy şemiň ýanmak mümkinçiligini doly inkär etmeýändigini hasaba alýar. "Ikinji

görkezijiniň” şeýle beýany esasy ýumuşy çözmekligiň täze döwründe has aýdyň ýüze çykýar.

Pikirleniş hadysasynyň bu täze döwri tejribeçiniň goşmaça beren soragyndan soň başlanýar. Ol “ikinji görkeziji” diýlende, synag geçirilýän adamyň nämäni göz öňünde tutýandygyny anyklamaga ymtylýar, ýagny, konweksiýa bilen diffuziýanyň özaragatnaşygyny takyklaşdyrýar. Örän ýönekeý umumy soraga: “Bu ýerde seniň üçin konweksiýanyň orny aýdyň dälmi?“, synag geçirilýän adam şol pursat jogap berýär: “Ýok, şeýle konweksiýa ýanmak hadysasyny güýçlendirýär diýlen nukdaýdan ol aýdyň, diýmek ol bozulan ýagdaýynda ýanmak hadysasynyň güýji ähmiýetli peseler, ýöne bu konweksiýanyň ýoklugynyň aýgytlaýjy görkezijisi bolup durýarmy? ”.

Tejribäniň beýanyndan getirilen bölek synag geçirilýän adamyň howa diffuziýasy barada gös-göni hiç zat aýtmaýandygyny ýene-de bir gezek subut edýär.

Soňra synag geçirilýän adam öz pikirini indiki görnüşde beýan takyklaýar: “Ýagny. Şeýle konweksiýa berlen kesgitli şertlerde ýanmak hadysasy üçin aýgytlaýjy şert bolup durýarmy diýen sorag aýdyň däl bolup galdy. ” Ol has pes ýanjakdygy aýdyň, ýöne bu ýagdaýda hem howanyň haýsydyr bir hereketi bolar. Onda şeýle şertlerde howanyň islendik hereketiniň bes edilmegini göz öňüne getirsek, şem öçer dýmek bolar. Kislorodyň gelşi togtaýar. Indi synag geçirilýän adam ilkiji gezek howanyň hereketi we “ýaýramagy” ýaly ýanmaklygyň görkezijileriniň ornuny ynamly we doly seljermäge başardy. Emma bu hereketiň mümkin bolan we ähmiýetli sebäpleri (konweksiýa, diffuziýa we ş.m) onuň üçin aýdyň dälligine galýar. Olaryň çuň seljermesi diňe indiki döwürde başlanýar.

Synag geçirilýän adam öz pikirini dowam edýär; “Ýöne adaty (ýerdäki) şertdäki ýokary gönükdirilmedik howanyň haýsydar bir amof garyşmasy mümkindir. Eger şeýle bolsa

kislorodyň käbir mukdary akym görnüşinde däl-de, haýsy-da bir amorf, tertipsiz hereket görnüşinde bolýar. Bu ýagdaýy gämide kimdir biriniň hereketlenmegi bilen düşündirip bolar. (Tejribeçi eksperimentator: "Bu mumkin däl!"). Eger-de mümkin däl bolsa, onda hereket bilen baglanşykly gämidäki howanyň islendik hereketi inkär edilýän bolsa, gämidäki howa gurşawynyň doly herektsizligini göz öňüne getirsek, onda şemiň öçmegii mümkindir. Sebäbi şeýle ýagdaýda adaty tebigy şertlerde howa akymyny döredýän güýçler bolmasa, ýanýan şeme kislorod barşy üpjin edilmeýär.

Ýumuşy çözmeklige berlen döwri, synag geçirilýän adamyň diffuziýa has takyk seljerme bermekligi bilen häsiýetlenýär. Ol diffuziýada hereketiň mümkin bolan sebäplerini görýär. Ýöne ol entäk hem "diffuziýa" adalgasyny ulanmaýar.

Şeýlelikde esasy ýumuşyň çözgütleriniň dürli döwürleinde seljermäniň, sinteziň we umumylaşdyrmanyň esasy obýekti öňki kömegi ýumuşlaryň mazmuny boýunça meňzeş dürli düzüjiler bolup durýar: ilki konweksiýa, soňra konweksiýa – diffuziýa we diffuziýa. Bu ýerde umumy kanunalaýyklylyk aýdyň ýüze çykarylýar. Oňa laýyklykda, hut esasy ýumuşyň seljerme derejesinden onuň kömekçi ýumuş bilen gatnaşygy garaşlydyr.

Ýumuşy çözmekligiň soňky döwründe synag geçirilýän adam şemiň öçmekliginiň bu iki sany görkezijileriniň arasynda ýuwaş – ýuwaşdan ýtgeýän özaragatnaşygyny takyk seljerýär. Ol indiki görnüşde pikir ýöretýär: Mümkin bu şem öz oduna ýanar. Sebäbi kislorodyň mukdary şemden ýakynda ýerleşip, örän çalt gutarýar, täze mukdary bolsa barmaýar. Onda belki, öňki çözgüde düzediş girizip, birinji tertipli görkezijileriň mümkinçiligini inkär etmän, bu ikinji görkeziji aýgytlaýjy bolar (Tejribeçi: "Birinji we ikinji görkezijiler barada gaýtalaň. Men düşünmedim"). Meniň ilkinji garaýşym indiki boldy: şem

ereýän mumyň täsiri netijesinde öçer we agramsyzlyk ýagdaýynda şem boýunça hereketlenip başlar. Bu birinji garaýyş boldy. Ikinji garaýşym boýunça howanyň kadaly konweksiýasynyň bolmazlygy mumuň zerur bolan mukdaryny hem eredip bilmeýär we şem kadaly ýanmaýar. Diýmek, kislorodyň täze mukdarynyň ýeterlik barmazlygy şemiň ýanmak "ukybyna" täsir edýär. Meniň pikirimçe, ikinji garaýyş, ýagny, gelýän kislorodyň ýerlikli mukdarynyň bolmazlygy wajyp görkeziji bolup durýar. (Tejribeçi: "Siz öz pikiriňize ynamlymy ?") 90%.

Synag geçirilýan adamalaryň pikir ýöretmeleri onuň ýene-de saýlawyň arasynda galan ýaly duýgyny döredýän ýöne bu ýagdaýda hem hiç hili saýlow ýüze çykmaýar.

Birinjiden, synag geçirilýän adam üçin şemiň öçmeginiň iki sebäbi hem subýektiw, hem obýektiw taýdan birmeňzeş bolmaýar.

Ikinjiden, ýokarda seredilen ,,saýlawlar,, synag geçirilýän adama şol wagt taýýar berilmeýär. Olar synag geçirilýän adamyň özi tarapyndan döredilýär we seljerilýär. Şonuň üçin hem pikirlenmäniň dürli döwürlerinde olar dürli häsiýetde ýüze çykýar (şol bir üýtgeýji baglanyşyklaryň we gatnaşyklaryň dürli ulgamlarynda dürli hususy we kesgitli aňlatmalara eýedir).

Tejribäniň beýanynyň içgin öwrenilmeginiň sedäbi, ol köp gatnaşyklarda tejribäniň birinji tapgyryna gatnaşan adamlaryň hemmesi üçin görkeziji bolup durýar. Ähli beýleki synag geçirilýän adamlarda berlen ýagdaýdaky ýaly gurluş ulanylýar (ýanmagyň ýer we kosmiki şertlerini deňeşdirmek). Ol sinteziň üsti bilen analizi amala aşyrýar. Esasy garaýyşyň iki agzasynyň seljerilişine we umumylaşdyrylyşyna baglylykda bu garaýyşyň özi aýratynlaşdyrylyp, umumylaşdyrylýardy we tersine. Synag geçirilýän adamlaryň ählisi ýumuşyň esasy gatnaşygynyň agzalaryny üýtgeýjile hökmünde

belleýärler(ýanmak-sönmek, agram-agramsyzlyk), ýöne dürli adamlarda ýumuşy çözmekligiň dürli döwürlerinde şol bir üýtgeýjiler örän dürli hususy takyk aňlatmalarda ýüze çykýar (ýanmaklyk-odyň, kislorodyň öçmegi we ş.m., agram-oduň, howanyň, kislorodyň, kömürturşy gazyň we ş.m. agramsyzlygy). Muňa degişlilikde ýumuşyň esasy gatnaşygynyň kesgitli göterijisi hem üýtgeýji hökmünde bölünýär (hereket-hereketsizlik). Ol pikirleniş hadysasynyň dürli döwürlerinde islendik hususy aňlatmalarynda däl-de, kesgitli görnüşde ýüze çykýar (hereket-şemiň, howanyň dürli gatlaklarynyň, kislorodyň we ş.m. hereketsizligi, konweksiýa we diffuziýa howanyň hereketiniň sebäpleri hökmünde we ş.m.).

Ýumuşyň esasy gatnaşygynyň iki agzasy hem we onuň kesgitli göterijisi obýektiw organiki bir-birleri bilen baglanyşyklydyr. Olar analiz we uumumylaşdyrma hadysasynda üzülmän bir-birine geçýärler. Bu ilkinji nobatda synag geçirilýän adamyň seljerilýän şol bir fiziki hadysa, hususanda howa, özüniň obýektiw dürli düzüjileri bilen degişlilikde esasy gatnaşygyň dürli agzalarynyň girizilmegi bilen düşündirilýär. Meselem, haçan-da birinji orna kislorod ýaly düzüji geçýän bolsa, onda bu häsiýetde howa gatnaşygyň birinji agzasyna goşulýar (kislorodyň ýanmagy). Soňra haçanda, onuň agramy has ähmiýetli bolanda bolsa, berlen häsiýetde ol gatnaşygyň ikinji agzasynyň düzümine goşulýar. Haçan-da, iň soňunda, onuň konweksiýa we diffuziýa bilen özara täsiriniň görnüşleri açylanda bolsa, ol esasy gatnaşygyň kesgitli göterijisi hökmünde ýüze çykyp bilýär.

Diýmek, aňlanylýan obýekt (meselem, howa) bir-birinden aýry bolan böleklere bölünmeýär. Akyl ýetirilýän obýekt böleklere bölünmeýär, sebäbi sinteziň üsti bilen seljermek akyl ýetiriş hadysasynda hemişe bitewi bolýar.Başgaça aýdanyňda, geçirilen barlaglaryň görkezişi ýaly, synag geçirilýän adam

üçin subýektiw taýdan-ýanmaklyk hökman däl we şol bada ýüze çykmaýar. Ýumuşy ýa-da meseläni çözmek üçin onuň şertleriniň we talaplarynyň köpjähtliliginiň dürlüligini ýüze çykarmaly. Diňe şeýle usul bilen - sinteziň analiz arkaly amala aşyrylmagy - ýumuşyň esasy gatnaşygynyň agzalarynyň we göterijileriniň özara gabat gelmekerini açmak bolýar.

Ýumuşy çözmekligiň başlangyç döwründe indiwid öz umumy çaklamasyny esaslandyrmak üçin täze-täze subutnamalaryny ulanýar. Ýöne ähli ýagdaýlarda bu çaklamanyň pikiri öz güýjini ýitirmeýär. Şeýle subutnamalar jemlenen, ,,gysga wagtlaýyn,, maglumatlardan ybarat bolup biler. Haçan-da adam pikirleniş ýumuşyny çözende, ol ony çözmek bilen bir hatarda, öz pikiriniň gidişini bahalandyrmagyň usullaryny işleýär. Synag geçirilýän adam näçe ynamly subutnamalary tapmagy başarsa, tapylan çözgüdiň dogrulygyny şonça-da ynamly subut eder. Bu netije I tapgyrda geçirilen tejribeleriň esasynda alyndy. Ol ýerde esasy talap kesgitli jogaby tapmaklyk .

(,, şem bilen nämeler bolup geçer,, we ş.m.) bolup durýar. II tapgyrda şeýle maglumaty bermeklik has çylşyrymly şertlerde bolup geçýär. Synag geçirilýän adama şemiň öçýändigi öňünden aýdylýar we ol onuň sebäbini anyklamaly. II tapgyra 12 adam gatnaşýar. Şeýlelikde, II tapgyryň tejribeleri I tapgyryň netijelerini üçin goşmaça subutnamalary berdi. Netijede, I we II tapgyryň ýokarda gysgaça seljerilen tejribeleri aşakdaky iki ähmiýetli görkezijini ýüze çykarýar.

Birinjiden, adam pikirlenme ýumuşynyň çözgüdini saýlaw düzgüni boýunça däl-de, kesgitli yzygider gözlegler esasynda amala aşyrylýar. Ikinjiden, haçanda synag geçirilýän adamlar ýumyşyň obýektiw çözgüdini üstünlikli tapanda we dogry esaslandyranda, olar oňa dürlüçe garaýarlar (ynamly ýa-da ynamsyz). Haçan-da barlagyň taglymy we tejribe meýilnamasynda pikirleniş işiň jähti öňe çykarylanda, döreýän

saýlaw ýuwaş-ýuwaşdan hakyky pikirlenme hadysasynda kemala gelýär. Şol sebäpli biziň synag geçirýän adamlarymyzda iş ýüzünde resmi mümkin bolan saýlaw bolup bilmeýär. Meselem, ýumuşy çözmekligiň iki gapma-garşy usuly bolan diffuziýa we konweksiýa arasyndaky saýlaw (şem ýanarmy ýa-da tersine öçermi). Şol bir ýumuşy çözmekligiň bu iki usuly pikirlenmäniň önümi bolup durýar. Olary şeýle seljermeklik önümlidir. Ýöne bu ýagdaýda bitewi pikirleniş hadysasynda olar saýlawa garaşsyz döreýändiklerini ýatdan çykarmaly däl. Hakykatda bolsa, durmuşda we laborator şertlerinde bir adamyň geçmiş tejribesini dürli adamlaryňky bilen deňläp bolmaýar. Çözgüdi tapmaklyk we açmaklyk ýaly pikirleniş hadysasynyň dürli döwürlerinde adam ýumuşy kemala getirmegiň, ösdürmekligiň, seljermekligiň bir däl-de, birnäçe usullaryny ulanyp bilýär. Emma pikirlenme hadysasynyň her bir işjeň pursatynda subýekt üçin çözgüdiň haýsydyr bir görnüşi öňe çykýar.Bu umumy kanunalaýyklyk ähli ýagdaýlarda öz güýjüni saklaýar.

Şeýlelikde, biziň tejribämiz öňünden berlen, deň ähtimallykly we bir-birinden daşda bolan saýlawyň görnüşleri janly pikirlenme hadysasynyň ahyrynda şeýle häsiýete eýe bolýandygyny görkezdi.

## Bap X. Intellektiň sosial, jyns we ýas aýratynlyklary .

Dürli ýaşdaky şol bir adamynyň intellektiniň ölçegi tapawutlydyr. Eger-de adam 6 ýaşynda ýokary test intellektini görkezýän bolsa, onyň 15, 30 we 70 ýaşynda intellektual teslerde ýokary görkezjiler berer (elbet-de ýaşdaşlaryna görä). Bu intellekt testleri 3 ýaşdan ululylarda ulanylýar. Durmuşynyň ilkinji iki ýaşynda çaganyň intellekti sensomotor esasda ösýär ýöne sensomator ukyplary ölçeýän testleriň netijeleri esasynda geljekki intellekti hakynda hiç zat aýdyp bolmaýar. Şol bir wagtda pisihologiki edebiýatlarda çaganyň täze obýektlere bolan reaksiýa gyzyklanmasyny geljekde intelletiň ýokary boljakdygynyň alamaty hökmünde belleýärler. Eger-de çaga wagtynda intellketi ýokary bolsa, onda şol adam ulananda onuň intellektiniň ýokary boljakdygynyň ähtimallygy ulydyr, ýöne 100 % kepil ýok. Köp meşgur adamlar çagalykda ýokary ukuplylygy bilen tapawutlanypdyr. Irki zehinliligiň fenomenal (üýtgeşik) nusgasyny Blez Paskal görkezipdir. Myllyk (çepiksiz), gaharjaň, dogulandan keselli, uýalarynyň öwredýän matematika we dillerden kakasy tarpyndan izolirlenen bolupdyr. Ýöne olar bilen bir jaýda ýaşap, olaryň gürrüňlerini diňläp şeýle bir çalt bilim özleşdiripdir, eýýäm 4 ýaşlarynda diňe okamak bilen çäklenmän, eýsem, ýeňillik bilen aňynda kyn hasaplamalary geçiripdir.

Bir gezek 9 ýaşlaryndaky Blez günortanlyk naharyny iýip otyrka gap-çanaklaryň çakyşmagyndan çykýan sesini eşdipdir. Kakasynyň düşündirşinden kanagatlanman ol bir näçe günläp dürli predmetleri urup seslerini eşdip barlag geçiripdir. Onuň netijesinde "Ses hakynda traktat" diýen işini ýazypdyr, onda şeýle netijä gelinýär, ýagny ses urulýan peredmetleriň bölejikleriniň titremesinden döräp, sesiň güýji yrgyldynyň germine proporsional, ton bolsa yrgyldynyň ýygylygyna

proporsional. Haçanda kakasyndan geometriýanyň we figuralaryň gurluşynyň esaslarynyň bardygyny eşdip onda hyýal şeýle bir işleýär, soňky birnäçe günleriň dowamynda özbaşdak geometriýa hakynda hiç zat bilmezden ikinji gezek geometriýany ýazypdyr, özbaşdak Ýewklitiň 32-nji teklibine ýetipdir: üçburşlygyň burçlarynyň jemi 2 gönä deň. Haçanda 12 ýaşly Bleziň eline okuw kitaplary düşende, ol aýlaryň geçmegi bilen öz mugallymyndan ökdeläpdir - kakasyndan. 13 ýaşynda ýaşajyk Paskal Mersenyň matematiki kružogynyň ýygnaklarynda çykyş edipdir.

Şeýlelikde muňa garşy mysallar ýok diýip pikir etmeli däl, muňa garşy mysallar biziň durmuşymyzda has ýygy duş gelýär. Belli bir mysallaryň biri - Albert Eýnşteýni 15 ýasynda sapaklaryna ýetişmeýänligi sebäpli gimnaziadan okuwdan çykarylýar. Indi hakykaty anyklalyn, bu ýerde: Eýnşteýiniň intelletual ösüşi gijä galypdyr ýa-da mugallymlar adaty däl okuwçynyň ukyplaryny görmändirler. E.Torransyň maglumatlaryna görä Amerikanyň mekdepleriniň cykarýan okuwçylarynyň 30 %-mi intellektual zehinli çagalardyr. Has gynandyryjy subutnamalaryň biri hem çagalykda has uly ynam bildirilýän çagalaryň ulanmaklary bilen zehinleri küteleşýär (aýdymçy Robertino Loretti we ýaş fransuz şahyry Minu Drue).

Eger biz testleriň kömegi bilen dürli ýaşdaky adamlaryň intellektini ölçesek asakdaky kanuna laýyklygyň üstini açarys. 17, 18 ýaşa çenli ýaş bilen intellekt ösýär, 7-11 ýaşlarynda intellekti çalt ösýän çaga 12 ýaşlarynda organiziminde gormonal ütgeşmeliň bolmaklygy bilen öz görkezijilerini peselder.

Psihodiognostikanyň usullarynda intellekti ölçeýän dürli testler bardyr. Olardan Raweniň testi has meşgurdyr. Intellektiň kadasy köp ýurtlarda döwür bilen ýokarlanýandyr. Bu diýildigi Amerikanyň eneleriniň we atalynyň 50 götürimni öz

agtklarynyň döwründe yzagalak çagalaryň mekdebine ugradylaýmaly bolardy. Uly ýaşly adamlaryň intellektual derejeziniň pes bolmagynyň sebäbi onuň intellektiniň pesliginde däl-de umuman olaryň öz ýaşan döwri üçin kadaly bolup, häzirki döwürde bolsa intellektiň ösmegi bilen düşüdirilýär.

Eger ýaş döwrüňde intellekt özüniň maksimal derejesine ýeten bolsa onda intellektual professonol isjeňligine has giç gelýär. Matematika, biologiýa ýaly ylymlarda ýokary pikirlenmegi görkezmek üçin diňe akylly bolmak ýeterlik däl. Onuň üçin ýörüte baçarnyklar gerekdir. Meselem: matematikanyň ýa-da fizikanyň professory asperantdan biliminiň göwrümi boýunça tapawutlanman, ýumuslary goýup we ony çözüp bilmek başarnygy bilen tapawutlanýar. Şonuň ýaly başarnyklara eýe bolmak üçin uzak wagtlap içlemek talap edýär. G.Saýmon küşçileri öwrenmek bilen aşakdaky kadany teklip edýär "10 ýyllyk tejribe": halkara derjesini gazanmak üçin adam azyndan 10 ýyl küşt bilen meşgurlanmaly, edil şular ýaly kanunalaýyklyklar beýleki ylymlarda hem ýüze çykaryldy. Yokardakylardan şeýle netije çykaryp bilýäris, ýagny hünär isjeňliginde adamlar ýokary derejeäni 35 ýaşyndan soň görkezip baslaýar.

Maşgalanyň intellektual ösüşe täsiri hakynda gyzykly maglumatlar alyndy R.Zaýons intellektual ösüşiň maşgaladaky çagalaryň sanyna tertibine we doguluş intewalyna garaslylygyny öwrenipdir. Şonuň üçin ol "intellektual klimat" düşünjesini girizýär, ýagny maşgala agzalarynyň ortaça intellektini kesgitleýär. Çaganyň dogulmagy bilen maşgalanyň orta inetellekti pese düşýär. Maşgalada näçe çaga köp bolsa we olaryň ýaşy kiçi bolsa olar şonça hem maşgalanyň intellektual klimiti pesdir. Rossiýada sosial gurçawyň intellekte täsirini W.N.Druzinin we onuň okuwçylary öwrenipdir. Olar tarapyndan "enelik täsiri" diýilýän hadysa açylypdyr. Bu täsir

buýunça çaganyň intellekti kakasynyňka garanyňda ejesiniň intellektine ýokary derejede garaşly, özi hem genetiki nukdaý nazardan ene-atasynyň ikisiniň hem täsiri deň bolmaly. Durzininanyň barlaghanasynda çaganyň intellektine ene däl-de haýsy ene-ata çaga emosional ýakyn bolsa şonyň täsiri uly bolýar. Köp ýagdaýlarda çaga ene ýakyn bolup onuň täsiri uly bolýar. Şondan hem enelik täsiri gelip çykýar. Käbir rassistiki taglymatlara görä Amerikada we günorta Afrikada garýagyzly adamlardan akýagyzly adamalaryň intellekti ýokary. Bu aratapawutlar ginetika bilen bagly däl-de ýaşaýyş şerti bilen baglydyr. Aýallaryň we erkekleriň intellektual derejezesi ortaça deňdir. Erkekleriň arasynda has akyllylar we has samsyklar köpdir. Bäş ýaşdan başlap oglanlar giňişlik intellektinde artykmaçdyr. Gyzlar bolsa werbal ukyplarda artykmaçdyr. Erkekler aýallardan matematika boýunça ýokardadyr. K.Benbounyň maglumatlaryna görä Amerikada matematikadan 13 sany zehinli erkege 1 aýal düşýär.

# Bap XI. Çagalarda pikiriň ösüşi.
## 11.1.Pikir, düşünje we pikirlenme näme?

Pikir – bu ýokary derejede guralan materiýanyň önümidir. Ol adamynyň akyl ýetiriş ukyplylygydyr, obýektiw hakykatyň, onuň aňynda we düşünjelerinde söhlelenmek tutumynyň derejesidir hem-de akyl ýetiriş tutumydyr. Pikir munuň özi bir zada bolan garaýyşdyr, düşünjedir. Haýsy-da bolsa bir iş, mesele barada belli bir netijä gelmek maksady özara maslahatlaşmakdyr, bir zat dogrusynda pikirlenmekdir, bir-biriňe pikiriňi aýtmakdyr. Pikir ýöretmek barada aýdanyňda bolsa, ol adamynyň pikiri-düşünje, pikirlenme, netije çykarma, subut etme, garaýyş düşünjelerinde ýüze çykýar. Mundan başga-da pikiriňiz tutumlaryna: deňeşdirme, assasiýa, assimilýasiýa, analiz we sintez, abstraktlylyk we aýdyňlyk, induksiýa we deduksiýa degişlidir. Psihologiýa ylym hökmünde adamyň pikiriniň jemgyýetçilik mazmunyny göz öňünde tutup, adamzadyň pikiriniň psihologik kanunalaýyklygyny öwrenýär. Dil bolsa pikiri beýan edişiň serişdesi bolup hyzmat edýär.

Diýmek pikir näme? Pikir adamda öň bar bolan bilimler netijesinde we amala aşyrylýan iş netijesinde wezipäni ýerine ýetirmeklikdir. Bu pikiriň bir topary bolsa. Ikinji tarapyndan pikir hakykaty jemläp görkezmeklikdir. Pikiri amala aşyrmak üçin adamada dünýäniň hakyky kanunlaryna daýanýar we meseläni dogry görmegiň hötsesinden gelýär. Pikir hakykatyň jemini şöhlelendirip, göň-göni dil we söz bilen amala aşyrylýar. Adamyň pikiri sözsüz, ýagny dile bagly bolmazdan hem beýan edilip bilner(hereketler arkaly).

Düşünje predmetleriň umumy häsiýetlerini hem-de hadysalaryň hakykatyny söhlelendirmekdir. Zatlaryň häsiýetlerini we hadysalaryň hakykatyny söhlelendir-mek bilen

düşünje obýektiw düýäni hem şöhlelendirmegiň iň ýokary basgançagydyr.

Düşünje barada aýdylanda ulular bilen çagalaryň düşünjesiniň deň bolmaýandygyny aýtmalydyr.Çagalarda bolan düşünjeler köplenç durnuksyzlygy bilen häsiýetlendirilýär. Belli bolşy ýaly, adamda bar bolan düşünjeler çagalara (okuwçylara) dil arkaly ýetirilýär. Çagalar düşünje bermekde geplenilýän sözüň sadalygy we täsirliligi uly ähmiýete eýedir. Eger-de çagalar aýdylan zatlar hakynda doly düşünje almasalar, olar köp zatlary ýalňyş aýdýarlar. Meselem: çagalar «guş» diýen sözi özleşdirip, ýarganatlary, kebelekleri, tomzaklary hem guşlaryň hatayna goşýarlar, emma öý guşlary bolan towuklary, ördekleri bolsa, guşlaryň hataryna goşmaýarlar. Bu ýagdaý olaryň düşünjeleriniň ýeterlik däldigindendir.

Mekdeplerde okuwçylaryň oňat düşünje almaklarynda we özleşdirmeklerinde okuw-görkezme esbaplarynyň(her hili zatlaryň, çyzgylaryň we ş.m.) uly ähmiýeti bardyr. Şol sebäpli çagalaryň – okuwçylaryň oňat düşünje almaklary üçinolara okuw – görkezme esbaplaryndan peýdalanmak öwredilmelidir, okuw işi bilen bagly ýumuşlar, gönükmeler işler yzygiderli tabşyrylyp durmalydyr.

Pikirlenme arkaly dünýäniň akyl ýetiriş ýollary we mümkinçilikleri öwrenilýär. Fiziologiýa beýni döredijilerini öwrenýär, ol bolsa pikirlenme akty arkaly häsiýetlenýär. Kibernetika ylmy pikirlenmäni adamyň pikirleniş işjeňligini we EHM işinde umumy we tapawutly görkezijiler bolan maglumat tutumy hökmünde kesgitleýär. Psihologiýa bolsa adamyň işjeňlik derejesini häsiýetlendirýän tutum hökmünde kesgitleýär. Pikirlenmäniň şu görnüşlerini görkezmek bolar: aşdyň-hereket, aşdyň-keşp (obraz), söz-logiki. Pikirlenme hem beýleki psihiki hadysalar ýaly psihologiýada obýektiw usullar arkaly öwrenilýär. Olar: syn etme, tejribe, gürrüňdeşlik we ş.m. Pikirlenme köplenç mesele çözmek tutumynda dolandyrylýar,

onda şertler we talaplar aýdyňlaşdyrylýar. Ýumuş diňe bir subýekt üçin düşnükli bolman, eýsem ol tarapyndan kabul edilen hem bolmaly, ýagny şahsyýetiň talaply-meýilli gurşawyna gatnaşdyrylmalydyr. Pikirleniş işjeňligi motiwler arkaly aýandyrylyp, olar hem diňe bir dolandyryş şertleri bolman, onuň önümligine täsir edýän şertleriň üsti bilen ýüze çykarylýar. Adamyň pikirlenmesi aňlanmaklyk we aňlanmazlyk birligi arkaly häsiýetlendirilýär. Pikirleniş işjeňliginde esasy orny emosiýalar tutup, mesele çözmekde ugry görkeziji bolup durýär. Pikirlenmäniň önümi bolup, hereketiň geljekki maksatlarydyr.

## 11.2. Çagalarda pikiriň ösüşi, kemala getirlişi.

Çaga haçan pikirlenip başlaýar? Bu soraga alymlar dürli-dürli jogap berýärler, beýle pikirlenişe her kim özüçe düşünýärler. Käbir daşary ýurt psihologlary (E. Klapared, W. Ştern, K. Býuler, J. Semli) çaganyň pikiri 7-8 ýaşdan soň ösüp başlaýar diýýärler. Psihologiýanyň bu wekilleri çaganyň ir döwürdäki pikirini inkär edýärler. Çagalaryň pikir meselesi barada meşgullanyp, fansuz psihology Ž. Piaže çaganyň pikirlenmesini derejelere bolýär. Ilkinji dereje-beýnä ornaşdyrylan materiallary arkaly(dürli şekiller, çyzyklar, reňkler boýunça) anyk pikirlenmeklik. Bu hili dereje, onuň pikiriçe sözi peýdalanmazdan bolup geçýär. Ikinji dereje – zatlaryň şekilleri, keşpleri, söz bellikleri boýunça anyk pikirlenmeklik; Munda çaga entäk logiki taýdan pikirlenmäge başarmaýar. Üçünji dereje – olaryň abstrakt we jemleýiş düşünjeleri bolup, logiki pikirlenmeleri bolup biler. Şeýlelikde Ž. Piazeniň pikiriçe, çaga pikiriniň bir derejeden ikinji bir derejä geçmesi, pikiriň içki kanunlary boýunça ýötite

gönükmeler arkaly bolýar. Şeýle-de bolsa-da Ž. Piaze çagalaryň pikirlenmesindäki aňlap bilijiligi ünsden düşürýär we pikiriň ösüşüne yzygiderlikli hökmünde seredilýär. Emma, görnükli psiholog hem-de fizolog J. M. Seçenow pikiriň ýüze çykmasynyň syn etmelerden, ýagny çaganyň özüni gurşap alan zatlary aňlap bilmeginden bolýandygyny görkezipdi. Çagalarda pikiriň ösüşüni iki ýaşyndaka başlanýar. Pikiriň ösüşi olaryň ýöräp başlamagy, hereketlerini kämilleşdirmegi, geplemäni öwrenmegi we gözýetimleriniň giňelmegi bilen baglanyşyklydyr.

Çagalarda pikir işe-melelä baglylykda hut aňlap bilijiligiň netijesinde döreýär. Munuň şeýle bolýandygy ylmy-barlag işleri geçirlende belli boldy. Çaga özüne tabşyrylan işi-meseläni amaly taýdan hereket etmek arkaly ýerine ýetirýär. Çaga her hili oýnawaçlary görmek arkaly şol zatlaryň netijesi zatdygyny we nähili häsiýetiniň bardygyny bilýär. Çaga özüne tabşyrylan ýumuş boýunça (bir gaby ýa-da zady ýerinde goýmak, ýygnamak we ş.m.) hereket edip, onuň pikir tutumy çalşyp durýar. Munda söz gatnaşygynyň hem orny bardyr. Çaganyň gepläp başlamagy bilen onuň sözleýiş pikirlenmesi has güýçli ösüşe barýar. Soňabaka ol logiki pikirlenmäni başarýar we ýönekeýje zatlary jemläp aýdyp berýär. Bu bolsa çaganyň bar bolan tejribesine baglydyr. Çaga ulaldygyça onuň pikirlenişi hem ösüşe barýar, gitdigiçe giňelýär. Çaga 3-6 ýaşa çenli bolan döwürde zatlar bilen gyzyklanyşy (dürli zatlar bilen oýnamak höwesi) has artýar. Munuň özi çaganyň pikiriniň ösmeginiň girewi bolýar.

Çagalaryň köp zatlary görmegiň, eşitmegi we iş tejribesinde barlap görmegi pikiriň gitdigiçe kämilleşmegine eltýär. Çagalar geplemegi öwrenip, ilki bilen, sözleriň ähmiýetine beýnä ornaşdyrýarlar, sebäbi olar sözleri ululardan eşidip öwrenýärler. Gysgaça mazmunda bolýandygyna garamazdançagalaryň pikiri anyk bolýar. Meselem: näme

sebäpden çig suw içilmeýär – diýip sorasaň, olar gaýnag däl suwy içseň syrkawlaýarsyň – diýýärler. Näme üçin pökgi suwda çümmeýär, bulut we tüsse nämeden emele gelýär – diýen soraglara jogap berip bilmeýärler. Sebäbi çagalar ol zatlaryň sebäplerini we ýagdaýlaryny bilmeýärler. Öwrenilmegi netijesinde bilip başlaýarlar.

Çagalaryň mekdebe gatnap başlamagy bilen olaryň bilimlerinde, düşünjele-rinde, aňlap-bilijiliginde uly özgerişler bolýar, sözleýişleri we pikirlenmeleri has güýçli ösmegini dowam etdirýär. Munda ene dilini, okuwy, ýazuwy özleşdirmegiň hem-de hasaplamalar bilen matematiki amallary beýnä ornaşdyrmagyň uly ähmiýeti bardyr. Harplar, sesler, sözler, sözlemler, sanlar, matematiki amallar, çagalaryň pikiriniň ösmeginde möhüm döwri açýarlar. Olaryň bilim, ylym, hat-sowat taraýndan oňat düşünje almaklary beýnilerde oňaýly pikirleriň ornaşmagyna we terbiýelenmegine alyp barýar. Şonuň ýaly-da okuwçylara dürli gönükmeleri işlemek, ýazuw işlerini(beýannama, düzme) geçirmek, mysallar ýa-da meseleler çözdürmek, düzgünleri hem-de okan zatlaryny aýytdyrmak, sorag-jogap we başgalar, olaryň pikirini ösdürmegiň iň möhüm serişdesidir, terbiýeçilik işleriniň esaslarydyr.

## Bap XII. Içki akyl ýetirijilik işini kemala gelmeginiň usullary.

Obýektiw hakykatyň onuň aňynda we düşünjesinde şöhlelenmek prosesleriň derejesidir hem-de akyl ýetiriş hadysadir. Munuň özi bir zada bolan garaýyşdyr, nukdaýnazarydyr, düşünjedir we ideýadyr. Haýsy-da bolsa bir iş, mesele barada belli bir netije gelmek maksady özara maslahatlaşmakdyr, bir zat dogrusynda pikirlenmekdir., biri-birine pikirini aýtmak düşünje, pikirlenme, netije çykarma, subut atme, garaýyş formulalarynda ýüze çykýar. Mundan başga-da pikirleniş proseslerine: deňeşdirme, asosiasiýa assimiliýasiýa, derňew we sintez, abstraklylyk we konkretlilik, induksiýa hem-de deduksiýa degişlidir.

Belli bolşy ýaly, jemgyýetiň ösüş taryhynda jemgyýetçilik ykdysady bazis we şoňa degişli ýetmezçilik bolup, kanuny ýagdaýda başga bir görnüşe geçmegine eltýär. Pikir bolsa şol jemgyýetçilik düzgünlerinde adamzadyň ukyplylygyny şöhlelendirýär, düşünje hem-de pikirlenme formasynda emele gelýär. Dürli ýurtlardaky adamlaryň we synplaryň biri-birleri bilen aragatnaşyk etmeginiň gündelik praktikasynyň görkezijisi ýaly, olaryň sözleriniň bir dilden ikinji bir dile terjime edilip, bir-birlerine düşünişmekleri hem adamzadyň pikir häsiýetini görkezýä. Hemmelere mälim bolşy ýaly, pikiriň mazmuny hem jemgyýetiň ösüş taryhy bilen üýtgäp durýar. Psihologiýa hem ylym hökmünde adamyň pikiriniň jemgyýetçilik mazmunyny göz öňünde durup, adamzadyň pikiriniň psihologik kanuna laýyklydygyny öwrenýär. Dil bolsa pikiri döretmegiň we beýan etmegiň serişdeşi bolup hyzmat edýär.

Dil bolmasa, onda pikir hem bolmaýar. Dil pikiri beýan etmegiň serişdesidir, dil pikiriň hakykatydyr, ýöne pikiriň hut özi däldir. Jemgyýetiň ösüş taryhynda täze pikirler ýüze çykýar,

ýöne şolar hem täze düşünjeler we netije çykarmalar arkaly aýdylýarlar. Şu mynasybetli jemgyýetiň ösmegi hem-de adamzadyň güýç – kuwwaty bilen tebigatyň özgerdilmegi diliň sözlük sostawynyň üýtgemegine we mundan beýläk-de ösmegine alyp barýar. Pikir diňe bir döwrüň önümi bolman, bütin adamzat taryhynyň önümidir. Pikir beýniniň funksiýasyny ýerine ýetirmek bilen bütin taryhy döwründe özüniň formasyny saklap geldi we gelýär. Mysal üçin, Demokridiň aradan çykary bäri iki müň ýyldan gowrak wagt geçipdir. Emma adamynyň pikiriniň formasy şeýle bir özgerine sezewar bolmandyr. Başga bir mysal Aristoteliň dürli alymlar barada aýdan pikirleri biziň günlerimizde hem dowam etdirilýär, tehnika we jemgyýetçilik gatnaşyklarynda uly özgerişme bolupdyr hem-de könelişen düşünjeleriň ýerine täze düşünjeler peýda bolupdyr. Pikir adamynyň zähmet, ylmy, praktiki işinde ýüze çykýar we ösýär. Adam pikiri arkaly haýsy-da bolsa wezipäni amala aşyrmak üçin aktiwlik we maksada okgunlyk bilen hereket edýär. Şeýlelik bilen, çylşyrymly psihik proses bolan pikir arkaly biz real dünýäniň hadysalarynyň, predmetleriň häsiýetlerini we olaryň biri-birine bolan gatnaşyklaryny aňlap bilýäris. Ähli duýgular, beýnä ornaşdyrmalar, göz öňüne getirmeler pikir düşünjeleriň hadysahökmünde beýniniň funksiýasydyr.

Pikir barada umumy düşünje berlende ýene-de birnäçe zatlary bellemek bolar. Adamynyň aňlap bilmekligi diňe onuň duýgusy we beýnä ornaşdyrmasy arkaly ýa-da geçen zatlary täzeden bilmekligi bilen çäklenmeýär. Durmuşdaky zatlar we hadysalar diňe dilenen zatlar bilen kanagatlanman, birnäçe zatlary bilmek, netije çykarmak we ýollaryny agtarmak gerek bolýar. Mysal üçin, lukman özüniň öň alan bilimine daýanyp, adamynyň kesellini bilýär, synlap görýär, sagatlyk üçin näme etmelidigini aýdýar, özüniň pikirini takyklamak üçin degişli apparat arkaly barlap görýär we diagnozyny ýazýar. Şofer ýa-

da inžener dürli kysymdaky maşynlaryň motorlaryň we beýleki mehanizmleriniň işleýiş ýagdaýyny, nämesiniň kemdigini bilýär, bejeriliş ýollaryny salgy berýär. Şu hili aýdylan zatlary pikirlenip bilmeli bolýar.

Diýmek, pikir näme? Pikir adamda öň bar bolan bilimler netijesinde we amala aşyrylýan iş netijesinde wezipäni ýerine ýetirmeklikdir. Bu pikiriň bir topary bolsa, ikinji tarapyndan pikir hakykaty jemläp görkezmeklikdir. Pikiri amala aşyrmak üçin adama dünýäniň real kanunlaryna daýanlar we meseläni dogry çözmegiň hötdesinden gelýär. Pikir hakykatyň jemini şöhlelendirip, gös-göni dil we söz bilen amala aşyrylýar. Adam geplese-de, geplemese-de onuň pikiri dil bilen arabaglanyşykda bolýar. Adam özüniň pikiri arkaly hakykaty eýmeýär, onuň tersine göz öňünde tutýan zadyny aňlap bilýär we ony çuňlaşdyrýar. Dürli ugurlar boýunça ylmy açyşlar, oýlap tapyşlar /atomyň gurluşy barada, himiki elementleriň açylyşy, kosmosa uçuş we başgalar adamynyň pikirine degişlidir.

## Bap XIII. Pikirlenmäniň subýektiwligi.

Pikirlenme-bu diňe adama häsiýetli bolan çylşyrymly akyl ýetiriş psihiki proses hökmünde ýüze çykýan daşky dünýäniň beýnide şöhlelenmeginiň iň ýokary derejedäki görnüşidir. Pikirlenme adamyň sözleýiş dili bilen berk baglanyşykly prosesdir. Adam daşky dünýädäki predmetleriň, hadysalaryň ählisini kabul etmesede şol hadysalar, predmetler barada belli bir düşünjeleri bardyr. Adam ýokary nerw işiniň kanunlaryna, düşünýär, rentgen şöhlesiniň ultraseslerininiň barlygyna akyl ýetirýär. Adam diňe bir predmeti we hadysany beýnide şöhlelendirmän, eýsem şol predmetleriň we hadysalaryň arasyndaky kanunalaýyklykly baglanyşyklaryny hem şöhlelendirýär. Adam predmetiň agramynyň arasynda tapawutlygy, temperaturanyň tapawudyny, giňligiň, beýikligiň, ululygyň, kiçiligiň arasyndaky tapawutlyklary bilýär. Şu tapawutlyklary adam derňewatoryň üsti bilen bilýär. Emma adam üçin daşky dünýäde diňe derňewatorlar arkaly maglumat almak ýeterlik däldir. Eger-de adam daşky dünýäniň hadysalaryny diňe derňewatorlaryň kömegi bilen bellemeli bolsa, onda adam daşky dünýä barada örän ujypsyzja zat bilerdi. Şonuň üçin daşky dünýä düýpli, çuň akyl ýetirmekde esasy proses adam pikiri hasaplanýar. Biz jaýyň diwarlarynyň reňkiniň akdygyna, giňdigini, äpişgeleriň uludygyny, seredip bilýäris. Munuň şeýledigini bize subut etmek hökman däldir. Emma biz jaýyň içiniň tutýan meýdanynyň ölçegini onuň äpişgeleriniň ölçegini seredip anyklap bilmeýäris. Şu ýerde hem adam predmetiň we hadysanyň häsiýetini duýma derejesinde däl-de, kabul edilmeýän häsiýetleri beýnide şöhlelendirilýär.

Biz daşarda haýwanyň temperatura derejesini ten duýmasyz arkaly hem-de aralaşdyrylan häsiýetde temperatura

seredip bilip bilýäris. Biz araçy hökmünde bir zadyň üsti bilen, ýagny ölçeg termometriniň kömegi bilen howanyň takyk derejesini bilýäris. Sebäbi adam pikirlenip howanyň temperaturasynyň simap sütünine bolan gatnaşygyna akyl ýetirýär. Şeýlelikde pikirlenme bu adamyň daşky dünýäni aralaşdyrylan häsiýetde bilmek prosesdir. Adam daşky dünýä predmetleriň we hadysalaryň kanunalaýyklykly baglanyşyklary esasynda hem akyl ýetirýär. Adam predmetleri deňeşdirýär, seljerýär we netije çykarmak bilen anyk maglumat almaga çalyşýar. Netijede bolsa pikirlenmek operasiýasyny amala aşyrýar. Pikirlenmek bu adamyň daşky dünýäni umumylaşdyrmak arkaly bilmek prosesdir. Biz agaç bölegini suwa oklasaň ýüzjekdigine, daşy suwa oklasaň çümjekdigine, suwy oda goýsaň gaýnajakdygyna, sowuk stakana gaýnag suwy guýsaň gaýnajakdygyna öňünden akyl ýetirip bilýäris. Bu adamyň predmetleriň dürli ýagdaýlaryny umumylaşdyrmaga arkaly bilmek prosesdir. Şeýlelikde adamyň pikirlenmesine şeýle kesgitleme bermek bolar.

Pikirlenmäniň fiziologik esasy adamyň beýnisiniň uly ýarym şarynyň gabygynyň çylşyrymly iş funksiýasy bilen düşündirilýär. Uly ýarym şaryň gabygynda örän köp dürli merkezler ýerleşip, adamyň pikirlenmesi mahalynda şol merkezleriň ählisi hem aktiw gatnaşýar. Uly ýarym şaryň çep tarapyndaky sözleýşiň 3 sany merkezi: eşidiş, hereket ediş, görüş merkezleri ýerleşýär.

Eşidiş merkezi adamyň edilýän sözlerine düşünmegini üpjün edýär. Egerde bu merkeze zyýan ýetende adam sözi eşitsede sözüň manysyna düşünmeýär. Hereket ediş merkezi sözleri aýtmagy, dilde beýan etmegi üpjün edýär. Beýniniň bu hereket ediş merkezine zyýan ýetende adam sözleri eşitsede, olara düşünsede dilde aýdyp, beýan edip bilmeýär. Il diňe gygyrmaga, heňlenmäge ukyply bolýarlar. Görüş merkezi adamyň ýazylan sözleri okap bilmegini üpjün edýär. Uly ýarym

şaryň bu merkeze zyýan etse adamyň sözi görýände bolsa ýazylan sözleri, kitaplary okap bilmeýär. Adamyň sözleýşi onuň durmuşynda möhüm funksiýasyny amala aşyrýar.

Sözleýiş - bu adamlaryň biri-birleri bilen aragatnaşyk saklamalary üçin dili peýdalanmak prosesdir. Adam jemgyýetde ýaşamak bilen hökman biri-birine düşünmek üçin sözleýişi ulanmalydyr. Adamlar biri-birleri bilen gürleşenlerinde haýsy hem bolsa bir diliň grammatik düzgüninden peýdalanýarlar. Şonuň ýalyda dil ylmy, medeniýeti, sungaty nesilden-nesile geçirýän serişdeleriniň biridir. Sözleýişiň esasy mohüm funksiýasy hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar

1.Sözleýşiň adamlaryň arasynda aragatnaşyk saklamak üçin hyzmat etmek funksiýasy;

2. Sözleýşiň pikirlenmäniň esasy serişdesi bolmak funksiýasy.

Adamyň pikirlenmek işi birnäçe operasiýalaryň bolmagy bilen amala aşyrylýar. Pikirlenmek operasiýalaryna deňeşdirme, derňew we sintez, abstraktlaşdyrma, umumylaşdyrmak we klassifikasiýalaşdyrmak degişlidir.

Deňeşdirme – bu aýry-aýry predmetleriň we hadysalaryň meňzeş we tapawutly taraplaryň pikirde ýüze çykarmalydyr. Görnükli rus pedagogy K.D.Uminskiý “deňeşdirme operasiýasy hadysa düşünmegiň esasydyr” diýip belläp geçýär. Deňeşdirme operasiýasy okuwçynyň okuw işinde uly rol oýnaýar. Okuwçy dürli predmetler boýunça öwrenýän düşünjelerini biri-biri bilen deňeşdirmek arkaly ýeňil özleşdirýär. Mysal üçin: okuwçy goşmak bilen aýyrmagy, köpelmek bilen bölmegi, uly bilen kiçini, uzyn bilen gysgany, tokaýlyk bilen çöllügi, kislorod bilen wodorody deňeşdirmek arkaly has çuň özleşdirýär.

Derňew we sintez operasiýasy:

Derňew – bu tutuş düşünjäni, predmetiň böleklere bölüp onuň aýry-aýry alamatlaryny, taraplaryny tapawutlandyrmakdan ybaratdyr. Mysal üçin: biz türkmen dili sapagyna bir sözlem derňämizde onuň sözleriniň hersini söz toparlaryna bölüp atlara, işliklere, sypatlara, sanlara degişlisini belli edýäris. Şu ýerde hem öwrenilýän sözlem böleklere bölünip çuňňur derňewlenýär.

Sintez – bu derňewiň hadysande ýüze çykyp aýry-aýry elementlerini böleklerini, häsiýetlerini umumy dil bitewilige birleşdirilmekdir. Derňew bilen sintez berk baglanyşyklydyr. Mysal üçin: okuw bir-topar dürli sözleriň içinden degişli sözleri saýlap alyp umumy bir sözlem düzmegi ony sintezlemek arkaly özleşdirmekdir. Okuwy öwrenýän predmetini ilki böleklere bölüp derňewleýär, soňra ony pikirde umumy bir bitewilige birleşdirip sintezleýär.

Abstraktlaşdyrma – bu adamyň bir predmetiň we hadysanyň alamatlaryny başgalardan tapawutlandyrmagy we olardan ünsi sowmagy üpjün edýän pikirlenmek operasiýasydyr. Abstraktlaşdyrmanyň netijesinde biz aýdyň däl-de sowa pikir alýarys. Meselem: Biz suwuň, howanyň, aýnanyň umumy alamaty bolan durulygy barada pikirlenýäris. Şol wagt bizde her aýry predmet barada däl-de, olaryň ählisine mahsus bolan häsiýet barada pikir döreýär. Adamda abstraktlaşdyrmak bilen baglanyşykly uzynlyk, beýiklik, göwrüm barada düşünjeler emele gelýär.

Umumylaşdyrma – bu predmetleri we hadysalary esasy alamatlary we häsiýetleri boýunça birleşdirmekdir. Umumylaşdyrmak adamyň predmet, hadysa barada göz öňünde getirmesi mahalynda emele gelip başlaýar. Sözlerde düşünjeler umumylaşdyrylypdyr. Okuw işinde umumylaşdyrma köplenç düşünjeden netije çykarylanda, kesgitleme berilende, düzgünleri düşündirilende emele gelýär. D.B.Elkonin, W.W.Dawydow ýaly birnäçe psihologlar umumylaşdyrmany

iki görnüşe bölüp düşündirýärler. Olar emriki we teoretiki umumylaşdyrmalardyr. Meselem: Biz okuwçylara metallar barada düşünje berenimizde ilki umumylaşdyrmadan başlaýarys. Soňra metallaryň dürlüligi barada gürrüň edilýär.

Klassifikasiýalaşdyrma – obýektleri, predmetleri haýsydyr bir esasa görä böleklere, toparlara bölüp we soňra birleşdirmäge gönükdirilen pikirlenmek operasiýasydyr. Bu umumy düşünjeden takyk düşünjä geçmekdir. Okuw işinde bu operasiýanyň ähmiýeti örän ulydyr. Ol biziň teretiki düşünjämizi durmuş we praktika iş bilen baglanyşdyrmaga, hakyky zada dogry düşünmäge mümkinçilik berýär. Okuwçy umumy düşünjä mysallar getirmek bilen öz pikirini takyklaşdyrýar.

Adamyň pikirlenmek operasiýalary biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Daşky dünýä, hadysalara akyl ýetirmek işinde pikirlenmek operasiýalarda akyl işi hökmünde aralaşmak bolar. Adamyň pikirlenmesiniň 3 sany formasy bolup olara: düşünje, pikir ýöretme, netije çykarmak degişlidir.

Düşünje – bu adamyň predmetleriň we hadysalaryň ýagdaýlaryny pikirde bir bitewilige birleşdirip takyk düşünjäni emele getirmekdir. Mysal üçin: Bize "termometr" näme diýilip sorag berilende bizde termometriň daşky sypaty, formasy däl-de, howanyň temperaturasyny ölçeýän guraldygy baradaky düşünje emele gelýär.

Pikir ýöretme – bu adamyň dürli predmetleriň we hadysalaryň ýagdaýyny tassyklamak ýa-da oňa garşy bolmak maksady bilen öz hususy pikirini beýan etmegiň bir formasydyr. Pikir ýöretme tassyklaýjy we garşylykly görnüşlerde beýan edilýär.

Tassyklaýjy pikir ýöretme – bu predmetiň ýagdaýyny goldamak, tassyklamak bilen pikiri beýan etmekdir. Mysal üçin: Okuwçy Mowzukny gowy bilýär, bu ýol oba barýar, şu

gün howa sowuk, bu gelýän Maksadyň kakasy diýen ýaly düşünjelerde tassyklaýjy pikir ýöretmeler beýan edilýär.

Garşylykly pikir ýöretme – bu predmetleriň, hadysalaryň ýagdaýyny goldamazlyk ýa-da oňa garşy bolan pikiri beýan etmegiň bir formasydyr. Meselem: Bu söz sypat däl, okuwçy Mowzukny bilmeýär, şu gün ýaba suw gelmez diýen ýaly düşünjelerde garşylykly pikir ýöretmeler beýan edilýär.

Netije çykarma – bu adamyň dürli pikir ýöretmeleri derňewlemegi, seljermegi netijesinde predmetiň, hadysanyň ýagdaýyny subut etmek üçin gutarnykly täze pikir ýöretmek netije çykarmakdyr. Netije çykarmagyň anyk mysaly bu okuwçynyň dürli meseleleri, mysallary, geometriki teoremalary subut edip düşünmekdir. Adam induktiw we deduktiw görnüşler arkaly netije çykarýar.

Induksiýa – bu bölekden başlap umumylyga birleşdirilen netije çykarmakdyr.

Deduksiýa – bu umumylykdan başlap böleklere bölüp netije çykarmakdyr. Meselem: Okuwçylarda "Öý haýwanlarynyň berýän peýdasy" diýen Mowzukda düşündirip berilýär. Ilki bilen birnäçe öý haýwanlary atlandyrylyp olaryň hersi barada aýratynlykda gürrüň edilýär. Sapak ähli öý haýwanlarynyň peýdalydygyny düşündirmek bilen jemlenýär. Bu netije çykarmagyň induktiw ýoludyr.

Okuwçylara "Peýdaly ösümlikler" diýen Mowzukda gürrüň berilýär. Mowzukny mugallym ilki bilen ösümlikleriň peýdasy barada umumy gürrüňden başlanda bolsa esasy bir ösümligiň peýdasy barada gürrüň berip sapagy jemleýär. Bu netije çykarmagyň deduktiw ýoludyr.

Pikirlenmek hadysa köplenç adamyň durmuşyndaky bir meseläni çözmekde, bir kynçylyga uçranda çykalga tapmaga, nämede bolsa bir zada düşünmäge isleg bildirende ýüze çykýar.

Umuman aýdylanda pikirlenmek hadysa adamda nähilidir bir meseläni çözmekde bolup geçýär.

Adamyň pikirlenmegi üçin şol meseläni çözmekde islegiň, höwesiň ýa-da borç duýgusynyň döremegi zerurdyr. Çözülmeli meseläni dogry goýmak mesele çözmäge birinji ädimi etmekdir. Adamyň pikirlenmesiniň indiwidual aýratynlygy hökmünde akylyň birnäçe hillerini bölüp görkezmek bolar. Şeýle aýratynlyklara akylyň özbaşdaklygy, giňligi, çuňlugy, çeýeligi, çaltlygy, tankydyrylygy degişlidir.

Akylyň özboluşlylygy – bu akylyň esasy häsiýetleriniň biridir. Bu adamyň dürli meseleleri, problemelary çözmekde başga adamlaryň kömegine garaşsyzlykda özbaşdak çözüp bilmegidir we öz pozisiýasynda durup bilmegidir.

Akylyň giňligi – bu adamyň akyl ýetirişiniň işiň dürli oblasytlarynda giň dünýägaraýşy ýerine ýetirlmelidir.

Akylyň çuňlugy – bu adamyň çylşyrymly, kyn meseleleri, ýumuşlary has çuň derňewläp ony subut edip bilmegidir. Akylyň çuňlugy bilen tapawutlanýan adam beýlekileriň çözüp bilmedik problemalaryny çözmegi başarýar.

Akylyň çaltlylygy – bu adamyň dürli meseleleri, ýumuşlary çözmekde ýagdaý üýtgeýän mahalynda hem täze çemeleşmeleri, täze çözgütleri talyp bilmegidir. Akylyň çeýeligi bilen tapawutlanýan okuwçy meseläni çözmekde bir usuldan beýleki bir usula çalt geçip bilmegi başarýar.

Akylyň çaltlygy – bu adamyň dürli kyn we çylşyrymly ýagdaýlarda hem çalt pikirlenip bilip dogry çözgüdi tapyp bilmegidir. Ugurtapyjy we düşünjeli adamlar akylyň çaltlygy bilen tapawutlanýarlar. Akylyň çaltlygyndan akylyň howlukmaçlygyny tapawutlandyrmak mümkindir. Akylyň howlukmaçlygy bilen tapawutlanýan okuwçy meseläni diňe bir taraplaýyn çözmäge ymtylýar. Akylyň howlukmaçlygynyň netijesinde okuwçy ýazuw işinde, mesele çözmekde köp ýalňyşlyklar goýberýär.

Akylyň tankydylygy – bu adamyň dürli meseleleri, problemalary çözmekde öňe sürülen çaklamalara dogry baha berip, onuň netijelerini barlap dürli kemçilikleri ýalňyşlyklary ýüze çykaryp bilmegidir. Akylynyň tankydylygy bilentapawutlanýan adam öz düşünjesiniň hem ýalňyşlyklaryny ýuze bilýär. Adam iş hadysande dürli derejelerde pikirlenmegi başarýar. Şonuň üçin adamyň pikirlenmesiniň aýdyň obrazly we söz logiki ýaly görnüşlerini bölüp görkezmek bolar.

Aýdyň-keşbi pikirlenme – bu adamyň pikirlenmesiniň daşky dünýädäki obrazly materiala esaslanmagydyr. Okatmak hadysande mugallym okuwçylaryň aýdyň-obrazly pikirlenmesini predmetleriň özüni ýada shematik pikirlenmelerini görkezmek arkaly ösdürip bilýär.

Söz-logiki pikirlenme – bu adamyň pikirlenmesinde dürli ýumşuň sözleýiş (werba) formasynda çözülmegidir. Okatmak hadysande mugallym okuwçylaryň söz-logiki pikirlenmelerini dürli çäreler arkaly ösdürmäge çalyşmalydyr. Okuwçylar söz-logiki pikirlenmäniň üsti bilen düşünjelerini we olaryň sisMowzuklaryny özleşdirýärler. Olaryň ylmyň dürli kanunlaryna düşünýärler. Söz-logiki pikirlenmäniň üsti bilen tebigatdaky we jemgyýetçilik durmuşyndaky bolup geçýän wakalar, hadysalar boluşy ýaly adamyň aňyna ýetirýärler. Öň belläp geçişimiz ýaly adamyň pikirlenmesi sözleýiş bilen berk baglanyşyklydyr. Birinjiden adamlar sözleýişi arkaly öz pikirlerini biri-birine aýdýarlar. Ikinjiden bolsa adamlar sözleýişiň kömegi bilen pikirlenip bilýärler. Şonuň üçin sözleýiş pikirlenmäniň formasydyr.

Psihologiýada sözleýişiň daşky we içki diologiki we monologiki ýazuw we dil üsti daktil we egosentik ýaly görnüşlerini bölüp görkezmek bolar.

Daşky sözleýiş – bu adamlaryň biri-birine düşünmekleri, pikir alyşmaklary aragatnaşyk saklamaklary üçin

dili peýdalanmak netijesinde sözleýiş amala aşyrmak hadysadir.

Daşky sözleýiş hem dilden we ýazuw üsti bilen ýerine ýetirilýär. Dil üsti sözleýiş-daşdan sesli gepleşikler arkaly amala aşyrylýar. Ýazuw üsti bilen sözleýiş bolsa pikiriniň, düşünjäniň ýazuw tekstleriniň üsti bilen ýerine ýetirilmelidir.

Diologiki-sözleýiş – bu iki ýa-da birnäçe adamlaryň arasynda gürrüň formasynda geçýän sözleýişdir.

Monologiki sözleýiş – bu bir adam tarapyndan aýdylyp, beýlekiler bolsa diňleýji bolmak bilen ýerine ýetirilýän sözleýişdir. Doklad edilmegi, leksiýa berilmegi monologiki sözleýişe degişlidir.

Daktiki sözleýiş – bu pikiriň, düşünjäniň barmaklaryň hereketleriniň dodak hereketleri bilen üýtgeşikli ýerine ýetirlýän sessiz sözleýişdir. Sözleýişiň bu görnüşi gulagy eşitmeýän we gepläp bilmeýän çagalar (lal, gul) ýöriteleşdirilen mekdep internatlarynda surba-pedagoklar logopedler tarapyndan öwredilýär.

Egosentik sözleýiş – bu adamyň praktiki işi hadysande döräp, öz-özüne gönükdirilen sözleýiş bolup daşky sözleýişiň içki sözleýişi geçmeginiň öňisyrasyndadyr. Bu sözleýiş oýunjaklar bilen oýnap oturan çagada, bir iş bilen gümra bolup oturan adamda eşitmek bolýar. Sözleýişiň bu görnüşi çaganyň pikirini sözleýişi aktiwligini ösdürýär.

Içki sözleýiş – bu adamyň öz pikirini içinden sessiz beýan etmegidir. Içki sözleýiş, sözleýiş aragatnaşygy emele gelmeýär. Adamyň pikirlenýän mahaly içki sözleýiş bolup geçýär.

Çaganyň predmeti duýmagy, kabul etmegi bilen birlikde pikirlenmek we sözleýiş prosesleri hem ösüp başlaýar. Çagada ýönekeýje pikirlenmek hadysa predmetlere täsir etmegi (manipulirlenmegi) netijesinde ýüze çykýar. Mekdebe çenli döwürde çaganyň aýdyň obrazly pikirlenmesi ösüp başlaýar.

Çaga özüniň daş töweregindäki görýän zatlary, predmetleri barada pikir ösüp başlaýar. Çaganyň mekdebe gelmegi bilen aýdyň-obrazly pikirlenme bilen birlikde söz-logiki pikirlenmesi hem ösüp başlaýar. Okuwçy okuw işiniň dowamynda çyşyrymly meseleleri, gönükmeleri, ýumuşlary çözmek bilen mugallymyň berýän düşünjelerini özleşdirmek bilen söz-logiki pikirlenmäni amala aşyrýar. Okuw işiniň dowamynda okuwçynyň akylynyň hilleri hem ösýär. Pikirlenme bilen birlikde okuwçy dogry sözleýişi hem ele alýar.

## Bap XIV. Akyl işini kemala getirmegiň esasy döwürleri

Pikir baradaky umumy düşünjeleriň, düşünmäni özleşdirmäniň, pikirlenmäniň hem-de netije çykarmanyň, deňeşdirmäniň, jemlenmäniň we beýleki pikir tutumlarynyň amala aşyrylmagy akylyň hiline bagly bolýar. Akylyň hili bolsa adamlaryň pikiriniň şahsy aýratynlyklary bilen häsiýetlendirilýär.

Okuwçylary okatmak tutumynda olaryň şahsy aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak zarur meleläniň biridir. Okatmak tutumynda şahsy çemeleşmek olaryň akyl derejesiniň ýaokary bolmagy üpjün edýär. Adamlaryň akyly biri-birinden tapawutlylykda dürli formada, görnüşde ýüza çykýar.

**Akylyň hiline: degişli görnüşler hakynda.**

*1. Akylyň çeýeligi.*

Adamyň akylynyň hili çeýeligi bilen tapawutlanýar. Akyly çeýe adam her bir işe (okuwa, zähmete, ylma, döredijilik işine) ukyplylygy bilen tapawutlanýar. Bu hili adam haýsy her bir işe bolsa, özüne alyp çykýar we özüne tabşyrylan işi baýarýar. Çeýe pikirlenýän okuwçylar ýa-da talyplar her bir işi(mesele ýa-da mysal işlemekligi, gönükmeleri ýerine ýetirmegi, beýannama, düzme ýazmaklygy we ş.m.) başarjaňlyk bilen ýerine ýetirýär. Ýöne bu ýerde bir zady bellemeli bolýarys. Ol hem bir adam özüne tabşyrylan işi çalasynlyk bilen ýerine ýetirýär, başga biri haýallyk bilen amala aşyrýar. Munuň ikisinde-de ýakary nerw işiniň häsiýeti bardyr. Bu ýerde bir zady bellemek gerek, ol hem pikiriň ýetmezçiligi, gowşak çeýeligi aňladýandyr.

Gowşak çeýeli adam özüne tabşyrylan işi amala uçuranda birneme gijä galýar, wagty köp talap edýär, görnükmeleri ýa-da mysal – meseleleri işlejek bolanda köp meşgullanmaly bolýar.

*2. Akylyň özbaşdaklygy.*

Adam özbaşdak hereket bilen tapawutlanýar. Munda adam ýoldaşlarynyň pikirini deňeýär, ýöne meseläni özüçe çözýär, her bir zada özi jogap berýär, taýýar zady gözlemeýär, her bir işde döredijilikli çemeleşýär, mesele çözmekde täze ýollary agtaryp tapýar, täze düzgünleri hem-de häsiýetleri ýüze çykarýar. Bu bolsa adamynyň başarjaňlygyny alamatlandyrýar we akylly hereket edýändigini görkezýär.

*3. Akylyň tankydylygy.*

Ýokarda beýan edilen akylyň özbaşdaklygy, tankydy akyl bilen örän araballanyşyklydyr. Tankytly akyly bolan adam her bir zada seresaplyk bilen garaýar, tertipliligi üpjün edýär, ýalňyşlary düzedýär, meýilnamalara hakyky(real) seredýär, ýalan zatlara ýol bermeýär. Umuman, akylyň çeýeligi, özbaşdaklygy, tankydylygy adamynyň döredijilik işinde uly prun eýeleýär. Bu hili akyl tutumlaryny okuwçylarda ösdürmek möhüm meseledir.

Bulardan başda-da, akylyň çuňlugy, duňligi, yzygiderligi, çaltlygy hem bardyr.

*4. Akylyň çuňlugy.*

Bu her bir meseläniň we işiň hut mazmunyna geçirmek, hadysalaryň sebäplerini anyklamak, boljak zatlary öňünden aňlamak pikirlenmesidir. Munda tebigatyň, durmuşyň, ýaşaýyşyň kanunalaýyklygy açylyp görkezilýär we çuňňur pikirlenme bilen häsiýetlendirilýär. Häzirki zaman informasiýalarynyň – maglumatlarynyň akylynyň barha artýan şertlerinde bilimleriň haýsy-da bolsa bir ugry boýunça akylyň çuňlaşmagy bolup, onuň çäkleriniň manysyna aralaşmagyň derejesi bilen akylyň çuňlugy kesgitlenilýär.

*5. Akylyň yzygiderligi.*

Her bir meselä seredende tertibi berjaý etmekllikdir, dürli zatlar bilen delillendirmeklikdir, adamynyň logiki taýdan pikirlenmegidir, çylşyrymly mesele çözülende belli bir dügüni

saklamakdyr. Ara alnyp maslahatlaýylýan meseläniň yzygiderli bolmagyny üpjün etmekdir, özüniň pikirini degişli mysallar arkaly subut ermekdir.

*6. Akylyň giňligi.*

Bu adamynyň köp zatlardan baş çykaryp bilmegidir, aň-düşünjäniň birnäçe zatlary öz içine almagydyr, ylmyň dürli pudaklary we amaly meseleler boýunça döredijilikli pikir aýtmaklykdyr. Häzirki şertlerde akylyň giňligi bilimleriň belli bir ulgamynyň hemmetaraplaýyn ele almaga mümkinçilik berýänligi has maksada laýykdyr.

*7. Akylyň çaltlygy.*

Bu adamynyň edýän işiniň, kabul edýän kararynyň çaltlyk bilen amala aşyrylmagydyr we bökdençligi berjaý etmaklikdir. Bu hem akylyň giňligine, çuňlugyna, yzygiderligine daýanýar we giň derejede bolmagyny üpjün edýär.

*Akylyň hiliniň pikirlenme bilen baglanyşygy.*

Adam akylynyň hili ozaly bilen pikirlenmäniň dürli görnüşleriniň sazlaşygynyň aýratynlyklary we ösüş derejesi bilen baglanyşyklydyr. Haýsydyrbir ukybyň we meýiliň bir mazmunly ýumuşy çözmäge artykmaçlygynyň bolmaklygy adamynyň akylynyň hil häsiýetnamalarynyň ilkinji biriniň we has umumylarynyň biridir. Bu barada adamyň sensa –pesseptiw aýratynlyklary, birinji we ikinji signal sistemalarynyň, ulgamlarynyň gatnaşyklary has möhümdir. Emma, işiň belli bir görnüşlerindäki tejribäniň aýratn ähmiýeti bardyr. Adamyň aklynyň ilkinji umumy hil häsiýetnamasy pikirlenmäniň mazmun we orarasion gurluşynyň gatnaşyklarynyň aýratynlyklary bilen baglanyşyklydyr. Ol ýa-da beýleki düzümleriň garmoniki sazlaşygy, belli bir derejede biri-birine laýyk gelmegi has amatly bolýar. Eger adamyň ýadynyň öndümli işlemegi bilen düşünjeleriň has uly mukdary özleşdirilse-de, pikirlenme operasiýasynyň ösüşiniň degişli

derejesine ýetilmez we munuň özi adamyň akyl işiniň umumy netijesine ep-esli aşakladýar. Eger ýörite türgenleşikleriň netijesinde pikirlenmäniň ol ýa-da beýleki operasiýalary özleşdirilip, emma çuň we doly düşünjeleri özleşdirmegiň netijesi bolmasa, onda bu hem adamyň akyl işiniň tutuş tutumyna ýaramaz, oňyn däl täsir edýär.

*Düşünmeklik.*

Durmuşdaky ylymdaky, jemgyýetdäki zatlary aňlap bilmeklik işi düşünmekden başlanýar. Şol sebäpli düşünmeklik pikirleniş işleriniň iň çylşyrymly görnüşidir. Düşünmek arkaly adam zatlaryň we hadysalaryň hakykatyny açyp görkezýär. Meselem: bir zady anyk öwrenmek, şol zadyň nämeden durýandygyny kesgitlemek we başgalar.

Adamyň zatlara düşünmekligi anyk hem abstrakt görnüşde bolýar. Her bir zada düşünmekde adamyň sözüniň uly orny eýeleýändigi we onuň zähmet işinde anyklanylýar, kesgitlenilýär. Pikir tutumyna degişli bolan düşünmeklik hem beýniniň analitik-sintetik işiniň netijesinde bolýar. Şonuň üçin mugallymyň düşündirişi düşnükli we sada bolmalydyr.

Eger-de okuwçy ýa-da talyp öwrenýän, diňleýän, işleýän, ýazýan, çözýan işlerine(ene dili, taryh, fizika, matematika, himiýa we başgalar boýunça) oňaýly düşünmek, mysallary hem-de meseleri işläp bilmeýär, görnükmeleri ýerine ýetirmegi başarmaýar, ýalňyş goýberýär, eden işi formal bolýar. Şu ýagdaýy göz öňünde tutup, öwrenilýän zatlara düşünmeklik adamynyň pikiriniň möhüm tarapydyr. Eger-de adam düşünmek, onda onuň pikirleniş işjeňligi ösmeýär.

## Bap XV. Sözleýşiň psihologiýasy
## 15.1. Dil we sözleýiş işi hakynda düşünje

Haýwanlar durmuş şertlerine diňe, “indiwidual häsiýetde”, özlerinde şertli reflekslerň belli bir ulgamyny döretmek arkaly uýgunlaşyp bilýär. Haýwan öz indiwidual tejribesini öz görnüşiniň beýleki wekillerine geçirmeklige düýpgöter ukypsyz bolýar, şeýle hem ol özünden öň ýaşap geçen beýleki haýwanlaryň tejribesini öwrenmäge ukypsyz bolýar (eger-de şeýle tejribe onuň beden ýa-da nerw ulgamynyň gurluşynda şertsiz refleks görnüşinde ornaşan bolmasa). Adamyň haýwanlaryň ählisinden möhüm tapawudy, gysga wagtyň içinde (ewolýusion prosesiň umumy ýoly bilen deňeşdirilende) oňa tebigatyň güýjüne akyl ýetirmäge we ony boýun egdirmäge mümkinçilik berilýän atykmaçlyk, onda şahsy indiwidual tejribäniň umumyadamzat tejribesi bilen baglanyşykly bolmaklygy, aýry-aýry adamyn işiniň beýleki adamlaryň tejribesi bilen aralaşdyrylýan häsiýetde guralýandygy bilen düşündirilýär.

Bu aýratynlyk adamda dil mynasybetli bolýar.

## 15.2. Dil hakynda düşünje

Eýsem dil name? Iň bir umumy kesgitleme hökmünde dil söz belgileriniň ulgamy diýip düşünmek mümkin. Belgi munuň özi biziň işimizi aralaşdyrýan, onuň häsiýetine baglylykda bu işiň amala aşyrylmaklygyny kesgitleýän hakykatyň islendik elementidir. Meselem, ýolda duş gelýän köçe hereketleriniň belgilerine baglylykda biz awtiomobil sürenimizde özümizi dürli-dürli alyp barýarys. Bu ýerden görnüşi ýaly belgi bilen guralyň arasynda düýpli tapawut ýokdur: olaryň arasyndaky tapawut guralyň biziň amaly işimizi, belginiň bolsa nazary intellectual işimizi aralaşdyrýanlygyndadyr, zähmet, amaly iş iki ugra –

işiň obýektini we işiň hut özüni üýtgetmeklige gönükdirilendir (mazmuny boýunça şol bir iş bolsa-da, çekiç bilen çüý kakmak ony daş bilen kakmakdan başgaçadyr).

Belgi biziň intellektual işimizi, ýokary psihiki funksiýalary – kabul edişi, ýady, pikiri we ş.m. aralaşdyryp ol hut şolara gönükdirilendir.

Eýsem biziň nazary işimizi döredýän söz belgileriniň obýektiw häsiýetleri nämeden ybarat? Sözüň manysy onuň mazmun tarapydyr. "Oturgyç" diýmek bilen biz iňňän köp sanly peýdaly informasiýany: onuň dört aýakly mebel predmetdigini, oturmaklyga niýetlenendigini, arkasy bar bolan esbapdygyny we ş.m. habar berýäris. Eýsem bu informasiýada "oturgyç" sözüniň seslenmesi bilen döreýän onuň düzümi ilki başdan bu informasiýa bilen içki taýdan baglanyşykly hasap etmek mümkinmi? Elbetde, ýok. Biz şertli ýagdaýda, şeýle seslneme bilen degişli häsiýetleri özünde jemleýän, gündelik durmuşda ulanylýan jemgyýetçilik ähmiýeti predmetleriň real toparyny baglanyşdyrýarys. "Oturgyç" sözüniň manysy, bolmaly görnüşinde aýtsaň, biziň real oturgyç bilen potensial edip biljek, onuň häsiýetleri hakynda bilýän ähli zadymyzdyr. Her gezekde bu sözi degişli predmete belgilemekde ulanyp, biz şonuň bilen öz gürrüňdeşimize ýa-da öz-özümize onuň predmetleriň haýsy toparyna degişlidigini, onuň bilen nähili iş alyp baryp boljakdygyny görkezýäris.

### 15.3. Diliň esasy funksiýalary.

Her bir adamyň özüni alyp barşyny, işini umuman üç sany esasy faktor kesgitleýär. Birinjiden, bütinadamzadyň ýa-da çäkli kollektiwiň taryhy-jemgyýetçilik tejribesi. Ýaş çaga dünýä özbaşdak akyl ýetirip bilmeýär: ol ata-enä soraglar berýär, olar bolsa jogap berýärler; bu jogapda çaga umumy bilimiň bir bölejigini özleşdirip, ony soňabaka öz

işinde ulanýar. Ol bu bilim bölejiigini dil görnüşinde, diliň söz belgiler ulgamynyn kömegi bilen kabul edýär. Edil şeýle proses mekdepde hem ýüze çykýar: dünýä hakynda ähli bilýän zatlaryny okuwçy mugallymyň düşündirişinden ýa-da okuw kitabyndan diliň üsti bilen alýar. Dil bu ýerde ýaşaýşyň, taryhy-jemgyýetçilik tejribäni nesle geçirmekligiň we özleşdirmekligiň serişdesi funksiýasyny ýerine ýetirýär.

Ikinjiden, beýleki adamlaryň gös-göni jemgyýetçilik ähmiýeti bolmadyk tejribesi. Meselem, men naharhana barýaryn. Maňa bu ugurda ýolda sataşan ýoldaşym: "naharhana ýapyk, remont" diýýär. Bu habar hiç hili okuw kitaplaryna, uniwersitet sapaklaryna girmez, tutuş jemgyýet üçin ähmiýetsiz bolar. Emma şol bir wagtyň özünde bu habar meniň işimi özboluşly dolandyrýar: men yzyma öwrülip, beýleki naharhana gidýärin. Bu ýerde dil özüniň başga bir möhüm funksiýasynda – kommunikasiýanyň usuly ýa-da serişdesi, adamyň özüni alyp barşynyň dolandyryjysy hökmünde ýüze çykýar. Sebäbi her bir kommunikasiýa, sözleýiş öz maksady boýunça söhbetdeşiňe göni (eger biz oňa name etmelidigini aýdýan bolsak) ýa-da gytaklaýyn (eger biz onuň işi üçin şu pursatda ýa-da geljekde ugur görkeziji bolar ýaly möhüm maglumat aýdýan bolsak) täsir etmekdir.

Üçünjiden, her bir adamyň şahsy tejribesi. Ol belli bir manyda haýwanyň indiwidual tejribesine meňzeşdir (şeme elini ýakyp, çaga oňa soňra hiç wagt golaýlaşmaýar). Ýöne şahsy tejribe hemişe dil manysy bilen aralaşdyrylan häsiýetde bolup, ol köp dreejde dil bilen başga görnüşde hem baglanyşyklydyr. Bilşimiz ýaly, haýwan öz hereketlerini meýilleşdirip bilmeýär: ol şertli we şertsiz reflexleriň özüne habar berýän zatlaryna awtomatik häsiýetde jogap berýär. Adamyn özüni alyp barşy bolsa düýbünden başgaça guralýar. Onuň üçin tipiki ýagdaý – problema ýagdaýy, ýumuş bolup,ol ony diňe bir öz şahsy tejribesini (haýwanyn edişi ýaly) ulanmak bilen däl-de, beýleki

adamlaryň bütin jemgyýetiň tejribesini ulanmak esasynda çözýär. Şeýle ýumşy goýmak we çözüş prosesine, intellektual akt diýilýär; ol üç tapgyrdan durýar: işi dolandyrmak, ony amala aşyrmak we ýetilen netijäni goýlan maksat bilen deňeşdirmek. Adamyň “indiwidual” özüni alyp barşy esasan şeýle intellectual aktlardan durýar. Şeýlelikde, onuň “şahsy” tejribesi indiwidual tejribäniň beýleki adamlaryň, jemgyýetçilik tejribäniň özboluşly sepleşigidir.

Diýmek, haýwandan tapawutlylykda adam öz hereketlerini meýilleşdirip bilýär. Şeýle meýilleşdirişiň özi umuman pikirlenme mysallaryny işlemekligiň esasy guraly dildir. Bu ýerde biz diliň üçünji bir möhüm funksiýasyny – intelllektual işiň (kabul edişiň, ýadyň, pikiriň, hyýalyň) guraly funksiýasyny görýäris. Eýsem bu funksiýanyň haýsy biri esasy bolup durýar? Elbetde, kommunikatiw funksiýasy, sebäbi diňe sözleýiş prosesinde biz hakykat barada düşünje alyp bilýäris. Diliň intellectual işiň guraly serişdesi dogrusynda aýdylanda bolsa, ony sözleýşiň öz-özüň bilen geçirilýän görnüşi, hut öz hereketleriňi dolandyrmak işi hökmünde seredip bolar.

Dil söz belgileriniň ulgamy görnüşinde sözleýiş işinde ulanylýar.

## 15.4. Sözleýiş işi hakynda düşünje

**Sözleýiş** – munuň özi adamyň dili taryhy-jemgyýetçilik tejribäni nesle geçirmek we özleşdirmek ýa-da kommunikasiýa döretmek, galyberse-de öz hereketlerini meýilleşdirmek maksady bilen ulanmagydyr. Şeýlelikde, bu işiň gönükdirilmesi dürli-dürli bolup biler. Bir ýagdaýda onuň maksady täze informasiýany, düşünjeleri nesle geçirmek ýa-da haýsy-da bolsa pikirlenme mysalyny çözmek işi bolup

biler (eger-de has takyk adalga çemeleşmesinden ugur alynsa, sözleýiş işi diýmän, haýsy-da bolsa bir çylşyrymly işiň,

meselem, okuw ýa-da zähmet işiň düzümine girýän "sözleýiş hereketleri" diýilse has takyk bolýar). Diýmek, dil sözleýşiň serişdesi, guraly bolup, sözleýiş işi – bu sözleýiş aragatnaşygynyň hut prosesidir.

Sözleýiş işi we onuň esasynda durýan söz belgiler ulgamy bolan dil diňe bir psihologiýa däl, beýleki ylymlar arkaly-da öwrenilýär. Olaryň has möhümi lingwistika (dil öwreniş) bolup, ol dili onuň sözleýiş işindäki funksiýasyna baglanyşyksyzlykda, abstrakt ulgam görnüşinde öwrenýär. Psihologiýa sözleýşi öwrenmekde dili dürli işlerde, problema ýagdaýlarynda ulanyş aýratynlyklaryny, diliň adamyň özüni alyp barşyny programmirlemekdäki roluny, çagada sözleýiş prosesiniň kemala gelmeginiň ýollaryny we ş.m. anyklamakdan ugur alýar. Bu wezipeler lingwistikanyň çäginden has giňdir. Soňky wagtlarda psihologiýanyň we dili öwrenmekdäki lingwistikanyň toplan baý tejribe usullaryny we düşünjelerini jemlemeklige ymtylýan we dil birliginiň sözleýiş işiniň mehanizmleri we amala aşyrýan funksiýalary bilen baglanyşyklygyny ýüze çykarmaga synanyşýan araçäk predmet – psiholingwistika ösýär.

## Bap XVI. Sözleýiş işiniň fiziologik mehanizmleri

### 16.1. Sözleýiş işiniň reflektor häsiýeti.

Sözleýiş işiniň dürli görnüşi birmeňzeş fiziologik mehanizmleri tarapyndan amala aşyrylmaýar. Hakykatda sözleýiş işi düpgöter başga-başga mehanizmler bilen üpjün edilýär; bu ol ýagdaýda beýleki hereketleriň takyk mazmunyna we maksada gönükdirilmekligine bagly bolýar.

Sözleýşiň döreýşi we kabul ediliişi ýönekeý reflektor işiniň kanuny boýunça amala aşyrylyp, sözleýiş stimullary birinji signal ulgamynyň gyjyndyryjylary bolup biler. Meselem, ylgawçylar ylgaw ýodajygynda start almaga taýýar wagtynda "Marş!" sözi olar üçin birinji signal gyjyndyryjysy bolup durýar: olar üçin bu söze düşünmek zerur bolman, özüniň diňe ýüze çykyşy bilen täsir edýär. Öz adymyz tutulanda biziň biygtyýar ýüzümizi öwürmekligimiz-de fiziologik manysynda bu ýagdaýa meňzeşdir. Ýönekeý sözleýiş reaksiýasy "Salam!", "Ýagdaýlar niçik" sözleri-de birmeňzeş düzgünde geçýär. Emma şeýle ýagdaýlar sözleýiş işi üçin tipik däldir. Köplenç biz sözi döredenimizde we kabul edenimizde sözleri "signallaryň signaly" (I.P.Pawlow) hökmünde ulanýarys, ony mazmunlarynyň esasynda aňlanylmaýan (ýa-da aňlanylýan) ýagdaýda saýlaýarys we jemleýäris. Bu çylşyrymly proses uly ýarym şarlaryň gabygynda amala aşyrylyp, dürli sözleýiş hadysalary üçin degişli fiziologik mehanizmleri işleýär.

### 16.2. Sözleýşiň dinamiki ýerleşişi

Mundan ýüz elli ýyl gowrak ozal (1861) P.Broka beýni gabygynyň belli uçastogy zaýalananynda (çep ýarym şaryň aşaky maňlaý egreminiň yzky üçden biri) kessellide sözleýiş

artikulýasiýasynyň-geplemekligiň) bozulmagynyň ýüze çykýandygyny açypdyr. Broka bu uçastogy "sözleriň motor keşpleriniň merkezi" hasaplaýar. Mundan birnäçe wagtdan soňra (1874) K.Wernike çep ýarym şaryň ýokarky gapdal egreminiň yzky üçden biri zaýalananda sözleýşe düşünmekligiň bozulmagynyň ýüze çykýandygy belläp, bu uçastokda "sözleýşiň sensor keşpleri" ýerleşýär diýen netijä gelipdir. Bu derňewler bu ugurda geçirilýän beýleki işleriň başlangyjy bolup, soňabaka sözleýiş bilen baglanyşykly ähli psihiki funksiýalaryň beýni gabygynyň belli bir uçastoklarynda ýerleşdirilmekligine getiripdir. Kähalatlarda şeýle ýerleşmek örän sada göz öňüne getirilip, bu barda psihologlaryň biri: "her bir täze ýada ornaşdyrmak täze, entek eýelenmedik öýjügi tapýar… onda ornaşdyrmak … öz döredijilerini tapyp, olarda biri-birine goňşy ýagdaýda hemişelik saklaýar…" diýip ýazypdyr.

Fiziologlaryň (P.K.Anohin, N.A.Bernşteýn) we psihologlaryň (A.P.Luriýa, A.N.Leýonýew, D.N.Uznadze, ABŞ-da J.Miller) soňky ýyllardaky köp sanly derňewleriniň netijesi sözleýiş işiniň fiziologik esasyna şeýle düşünmegiň nädogrulygygyny subut edýär.

Sözleýşiň (umuman psihiki işiň) fiziologik mehanizminiň ýönekeý düşündirilişini öz wagtynda J.Jekson (1835-1911) hem tankytlap, özüniň psihiki funksiýalarynyň "wertikal" guralyşy taglymatyny öňe sürýär. Jeksonyň pikiriçe (bu nukdaýnazar häzirki döwürde ählumumy ykrar edilýändir) nerw ulgamy boýunça amala aşyrylýan her bir funksiýa onuň çäkli öýjükleri bilen däl-de, nerw ulgamynyň fiziologik gurluşynyň çylşyrymly iýerarhiki derejeleri bilen alyp barylýar. Başgaça aýdanyňda, adamyň söz sözlemegi üçin uly ýarym şarlaryň gabygyndaky bu barada "jogapkär" (köne düşündirilişi boýunça) öýjükleri işjeňleşdirmek ýeterlik däldir: sözi

döretmekde öz tebigaty, gurluşy we çuňluga aralaşmak derejesi boýunça dürli-dürli beýni mehanizmleri gatnaşyp, olar sözüň erkli ýa-da erksiz aýdylyşyna baglylykda hem tapawutlanýarlar.

P.K.Anohin tarapyndan geçirilen derňewleriň görkezişi boýunça sözleýiş işiniň fiziologik esasynda funksional ulgam,has takygy, birnäçe funksional ulgamyň çylşyrymly guralyşy durup, olaryň biri sözleýiş hökmünde ýöriteleşip, beýlekileri bolsa işiň başga görnüşlerine "hyzmat" edýärler. Bu guralyş köp agzaly we köp derejeli bolýar. Sözleýiş proseslerini üpjün etmekde, bir tarapdan, "stimul - reaksiýa" tipli elementar fiziologiki mehaizmler, başga bir tarapdan bolsa özboluşly, sözleýşiň ýokarky görnüşlerine häsiýetli bolan iýerarhiki gurluşly mehanizmler gatnaşýarlar, soňraka mysal edip sözleýşiň içki programmirleýji mehanizmini görkezmek bolar.

## 16.3. Sözleýşiň mehanizmi

Eýsem, sözleýşiň mehanizmi ämeden ybarat? Derňewleriň görkezişine görä haýsy-da bolsa bir zat aýtmaklygy guramagyndan ozal adam aýratyn bir koduň kömegi bilen ("predmetşekillendirilişi",ýagny gözöňüne getirmäniň, keşpleriň we shemalaryň) onuň "süňňüni" guraýar.

Bu söz aýtmaklygy programmirlemegiň mehanizmidir. Meýilnamadan (programmadan) soňra sözlemiň grammatiki (sintaktiki) gurluşyny düzýän mehanizmler gelýär; bulara sintaktiki konstruksiýany grammatiki çaklama edýän mehanizm, sözleriň grammatik häsiýetlerini ýada ornaşdyrýan saklaýan we amala aşyrýan mehanizm, konstruksiýalaryň bir titpinden beýlekisine geçmekligi (transformasiýany) üpjün

edýän mehanizm, programmanyň elementlerini grammatik konstruksiýa geçirýän mehanizm we ş.m. degişlidir. Soňra zerur sözleri semantiki we ses alamatlary boýunça agtarmagy üpjün edýän mehanizm we sintagmalary hereket taýdan programmirleýän mehanizm işleýär. Galyberse-de, sözüň seslerini seçip almak we hereket programmadan ony sesler bilen "dolandyrmaklyga" geçmek mehanizmi bardyr. Iň soňundan sözleýşiň sesli real amala aşyrylmagyny gurýan mehanizmler herekete geçýär. Görnüşi ýaly sözleýiş prosesleriniň fiziologik esasy örän çylşyrymly mehanizmdir.

## 16.4. Sözleýşiň bozulmagy

Ýokarda aýdylyp geçilen sözleýşiň fiziologik esaslary baradaky esasy düşünjeler häzirki döwürde beýniniň beýleki uçastoklarynyň zaýalanmagynda döreýän "afaziýa" baradaky derňewlerde özüniň dowamyny tapdy. "Afaziýa" adalgasy bilen uly ýarym şarlaryň
gabygynyň aýry-aýry uçastoklarynyň ýaralanmak, çiş döremek we beýleki organiki bozulmalar esasynda döreýän sözleýşiň dürli bozulmalary aňladylýar. Bu ugurda psiholog A.P.Luriýanyň we onuň mekdebiniň işleri has ähmiýetlidir.

Dinamiki afaziýa – bu ýagdaýda näsag sözi gaýtalamakda, adyny tutmakda, düşünmekde hiç hili kynçylyk çekmese-de, jümleler boýunça sözleşmeklik bozulýar.

Dinamiki afaziýanyň iki görnüşi bolup, olaryň birinde sözleýşiň programmirlenmegi bozulyp, beýlekisinde bolsa onuň grammatik-sintaksiki gurluşy bozulýar.

Efferent motor afaziýasy hem sözleýşiň aýry-aýry sözleriniň aýdylmak ukybynyň saklanmagynda grammatiki gurluşynyň, şeýle hem onuň motor (hereket) shemasynyň

bozulmagy bilen baglanyşyklydyr; aýry-aýry sesleri aýtmak ukybyny saklap, näsag olary belli bir yzygiderlige salyp bilmeýär. Bu ýerde umuman sözleýşiň suksessiw (yzygiderlilik) bozulýar.

Afferent motor afaziýasy sözleýiş artikulýasiýasynda agzalary aýyl-saýyl aýtmak ukybynyň bozulmagydyr. Näsag özüne zerur bolan sesi tapyp bilmän hemişe oňa golaý seslere "typýar", geçýär. Bu ýerde sesleri seçmek zwenosy bozulandyr.

Semantiki afaziýa – bu ýerde näsag söz tapmaklykda we sözleriň arasyndaky semantiki (logiki-grammatik) gatnaşyklara düşünmekde kynçylyk çekýär. Meselem, näsag "ata' we "dogan" sözlerine düşünýär-de, "atamyň dogany" diýmekligiň nämedigine düşünmeýär. Bu ýagdaýda sözleriň semantik ulgamy, ýagny sözleri manysy boýunça seçip almak bozulýar.

Sensor afaziýasy näsagyň sözleýşi kabul edişinde, ilkinji nobatda fonematik eşidişiň bozulmagynda, ýagny sözleriň ses düzümi bilen mazmunynyň arasyndaky arabaglanyşygyň dargamagynda ýüze çykýar. Çak edilişine görä, bu ýerde sözüň ses analizi bozulýar.

Sözleýşiň dürli görnüşdäki bozulmalary birnäçe psihiki kesellerde, meselem, şizofreniýanyň agyr görnüşlerinde döreýär.

# Bap XVII. Sözleýiş işiniň görnüşleri

## 17.1. Sözleýşiň görnüşlere bölünişi

Sözleýşiň aýry-aýry ýüze çykyşyny dürli alamatlar boýunça görnüşlere bölmek mümkin. Şeýle alamatlaryň birnäçesini görkezeliň. Birinjiden, sözleýşi üpjün edýän psihofiziologik mehanizmiň çylşyrymlylyk derejesi – bu kriteriý-şert boýunça sözleýşiň hor, eholalik (ýönekeý gaýtalamak), sözleýiş-atlandyryş we kommunikatiw görnüşlerini ýüze çykarmak bolýar.

Ikinjiden, meýilleşdirilişiň (programmirlemegiň) roly. Bu babatda işjeň sözleýiş (hemişe programmirlemegi talap edýän), reaktiw sözleýiş (guramaçylyk gurluşy talap edýän, ýöne öňki görnüşe seredende has az derejede) we sözleýşiň dürli kömekçi görnüşleri, meselem, ýazuw tekstini okamak (guramaçylyk gurluşy praktiki talap etmeýän), ýaly görnüşleri tapawutlandyrmak mümkin. Möhüm şert-kriteriýalaryň üçünji biri-de sözleýşiň erklilik derejesidir. Galyberse-de dördünji kriteriý – sözleýşiň eksteriorizasiýalaşmak ýa-da interiorizasiýalaşmak häsiýeti boýunça daşky we içki sözleýiş görnüşleri bardyr.

Aşakda biz bu kriteriler boýunça sözleýşiň diňe birnäçe görnüşlerine seredip geçmekçi. Bular ilkinji nobatda kommunikatiw işjeň sözleýiş we (öz gezeginde erkli ýa-da erksiz bolup bilýär) we kommunikatiw reaktiw sözleýişdir. Bularyň birinjisi, adatça, monolog sözleýiş (sesli ýa-da ýazuw görnüşde), ikinjisi dialog sözleýiş diýlip atlandyrylýar. Lingwistikadan gelip goşulan bu adalgalar sözleýşiň

görnüşleriniň psihologik aýratynlygyny häsiýetlendirmeýän-de bolsa, psihologik edebiýatda giňden ulanylýar.

## 17.2. Monolok sözleýiş

Monolog sözleýşiň has ýaýraň görnüşidir. Bu görnüşde biz informasiýanyň söz çeşmesinden başga çeşmelerden az peýdalanýarys. Predmeti görkezmek üçin monolog sözleýişde iň bolmanda, ony ýatladyp adyny tutmaly bolýarys, eger söhbetdeşimiz gadaý bilen tanyş bolmasa, onda predmeti häsiýetlendirmeli-de bolýarys. Mundan başga-da monolog köp derejede işjeň ýa-da erkli sözleýiş bolýar. Başgaça aýdanyňda, monology amala aşyrmak üçin sözleýji, adatça, belli bir mazmundaky materiala daýanyp, erkli hereket esasynda öz sözüniň we berýän gürrüňiniň yzygiderligini guramaly bolýar. Galyberse-de, monolog sözleýşiň has guramaçylykly görnüşi hasaplanýar. Beýle diýildigi sözleýji öňünden diňe aýry-aýry aýdylýan zatlary, sözlemleri meýilleşdirmän, eýsem, bütin monology programmirlemeli bolýar. Käýagdaýlarda bu meýilnama "ýatda" saklanyp, kähalatlarda bolsa geljekki çykyşyň meýili ýa-da konspekti görnüşinde kagyza geçirilýär.

Monolog sözleýşiň görkezilen aýratynlyklary ýörite sözleýiş terbiýesini talap edýär. Gündelik durmuşdan görnüşi ýaly, ýaş çaga, şeýle hem sowady, medeniýeti has uly adama erkli we ýaýraň sözlemek örän kyn bolýar: mekdebiň ene dili grammatikasy kursunyň möhüm funksiýasynyň biri-de sözleýşiň erkliligini we ýaýbaňlygyny üpjün edýän başarnyklary kemala getirmekden ybaratdyr. Guramaçylyklygy aýdylanda bolsa, bu häsiýet bilen baglanyşykly başarnyklar diňe yzygiderli oratorçylyk-suhangöýlik ýa-da pedagogik amalyýetiň esasynda döreýär. Mugallym üçin bular has-da zerurdyr: mugallymyň "peltek dilliliginden" gözgyny zat

ýokdur. Diliň guramaçylyklygy diňe bir köpýyllyk amaly tejribäniň netijesinde döremeýär: ýeňilräk sözleýiş ýumuşlaryndan yzygiderli onuň kyn görnüşlerine, giňişleýin daşky sözleýiş "daýançlaryndan" onuň has az ulanylýan görnüşine geçmeklik arkaly çendan gysga möhletde degişli başarnyklary işjeň kemala getirmek mümkin. Bu wezipäni öňler ýörite predmet – ritorika amala aşyrýardy.

Monologik sözleýşiň erkliligi şu pursatda aýdylýan zatlara mahsus dil serişdelerini tapawutlylykda ulanmak başarnygyny talap edýär: sözleýji öz niýetini doly beýan edip biljek söz düzümlerinden, grammatik konstruksiýalardan peýdalanmalydyr. Emma şeýle başarnyk sözleýşiň diňe bir formal dogry bolmaklygy üçin däl, onuň ynandyryjy we aýdyň beýan edilmekligi üçin-de ýeterlik däldir. Munun üçin sözleýän adam dilüstidäl, emma psihologik taýdan has ähmiýetli pikirleri aňladyş kommunikatiw serişdelerden (intonasiýa) hem peýdalanyp bilmelidir.

Sözleýän adam gepinde tassyklaýan zatlarynyň dürli derejelerini, sowallaryň dürli görnüşlerini berip bilýän bolmaly. Diňe bir "ýok" sözi pesinden onlarça intonasion wariantlarda – äheňde aýdylyp, onuň her birinden söhbetdeşimiz goşmaça informasiýa alyp bilýär. Ỳöne intonasiýany dilüstidäl ýeke-täk kommunikatiw serişde hasaplamak bolmaz, bu serişdelere mimika we el hereketlendirme, kähalatlarda ümlüklere degişli dürli görnüşdäki dil görnuşli bolmadyk "ses dolduryjylar", dyngy-pauzalar toplumy, sesli sözleýişde özboluşly "nygtamaklyk" funksiýany alyp barýan käbir sözleriň bölekleýin aýdylmagy we ş.m. degişlidir. Sözleýişde aýdylýan zatlary "işjeň böleklere bölmek" ýagny aýdylýan zatlaryň logiki merkezini takyk şöhlelendirmek aýratyn mesele bolup durýar. Meselem, "Aman düýn irden geldi"diýen sözlem bizin nämäni göz öňünde tutýanlygymyza baglylykda dürli-dürli

aýdylyp biler: eger biz hut Amanyň (Berdiniň däl-de) gelenligini (hiç ýerde eglenmändigini), ýa-da onuň hut düýn gelenligini (şu gün däl-de), ýa-da onuň hut ir bilen (gün batansoň däl-de) gelendigini we ş.m. nygtaýanlygymyza baglylykda sözleýşiň logiki merkezi üýtgäp bilýär. Bu aýratynlyklary adama ýörite öwretmelidir.

## 17. 3. Dialog sözleýşi

Sözleýşiň bu görnüşi köp derejede pursatlaýyn(ýagny sözleýşiň geçýän ýagdaýyna laýyk) we konstektual (ýagny her bir soňky aýdylýan zat köp derejede öňki bilen döredilýän) häsiýetde bolýar. Dialogyň häsiýeti monologa gapma-garşydyr. Birinjiden, ol çemelenýän görnüşdedir: monologda beýan edilýän zatlaryň köpüsi bu ýerde ýagdaýyň söhbetdeşleriň ikisine-de tanyş bolansoň sözsüz düşünilýär. Şonuň üçin-de dialog sözleýşiň ýazylyp alnan teksti başga adam üçin dýüşnüksiz bolýar. Bu aýratynlyk monologda kömekçi funksiýany ýerine ýetirýän dilüstidäl sözleýiş serişdeleriniň dialogda özbaşdak ähmiýete eýe bolýandygy we köplenç dil bilen aýdylýan zatlaryň ornuny tutýanlygy bilen düşündirilýär. Ikinjiden, dialog erksiz, reaktiw häsiýetdedir: dialogda replika köplenç söz üsti bilen aňladylmaýan stimula jogap hökmünde döreýär (meselem, barmagyny gapa gapjadan adamyň "Wah, görä muny" diýmegi ýa-da bir adamyň özi geýnip duran wagtynda geýinmeýäne "Sen gideňokmy?" diýmegi we ş.m.); mazmuny öňki aýdylanlar bilen döredilýän dialoga mysal: birinji mysalda başga biriniň "Indi ägä borsuň!" diýmegi we ş.m. Kähalatda öňki aýdylan zat gös-göni jogabyň takyk görnüşini-de döredýär (ikinji mysalda geýinmän duranyň "Gidýän" diýmegi). Űçünjiden, dialog az guramaçylykdyr.

Dialogda aýdylýan replikalar adatça, programmasyz bolýar; eger-de bu ýerde konstruirlemek ulanylaýanda-da ol has ýönekeý bolýar. Dialog sözleýiş öz akymly bolup, ony her bir aýdylýan zat doly derejede ýagdaý we öňki aýdylanlar (kontekst) bilen döredilýär, sözleýşiň bu görnüşinde dürli hili ülňüler, şablonlar, endik bolan söz öwürmeleri, replikalar we ş.m. ("ol bolýan zatlara seret", "asla kelläňe geljek zat däl" we başgalar) uly rol oýnaýar.

## 17. 4. Içki sözleýiş

Sözleýşiň özboluşly görnüşleriniň biri-de içki sözleýişdir. Ol amaly we nazary işiň meýilleşdiriş fazasy (meselem, bir punkta ýetmek üçin degişli ýoly saýlanymyzda biz ony öz ýanymyzda "maslahatlaşyp" haýsy biriniň amatlydygyny ykrar edýäris) ýa-da nazary işiň käbir çylşyrymly görnüşleriniň amala aşyrylyş fazasy (meselem, kyn matematiki mysaly işlänimizde biz öz-özümiz bilen gepleşip, ony derňeýäris) hökmünde ýüze çykýar.

Bu ýagdaýlarda biz öz-özümize ýarym sözden düşünýäris. Şonuň üçin-de içki sözleýişe fragmentarlyk-böleklilik häsiýetlidir. Başga bir tarapdan bu ýerde kabul ediş ýagdaýda hem hiç hili düşünmezlik bolman, bu nukdaýdan sözleýşiň içki görnüşi dialoga ýakynlaşýar.

Içki sözleýşi söz organlarynyň (dodakly, dil we ş.m.) hereketlerini registrlemek arkjaly daşa çykarylmaýar. Ony ses görnüşinde derňemek mümkin. Içki sözleýişdäki "görünmeýän" söz hereketleriniň derňewleriniň görkezişine görä içki sözleýiş käbir sesli sözleýiş aktlarynyň-da (aýratyn-da ýokary erkli görnüşlerinde) öňüsyrasynda bolup bilýär. Muňa mysal edip çet ýurt dilinde gürlemegi we ýazuw üsti bilen sözleýşi görkezmek bolar.

### 17.5. Ỳazuw sözleýşi

Monolog sözleýşiniň aýratyn görnüşleriniň biri-de ýazuw sözleýşidir. Oňa monologyň ähli häsiýetleri mahsus bolup, ýöne ondan has aýratyn aňladylýandyr. Ỳazuw işi sesli monologdan has ýaýraňdyr. Bu aýratynlyk söhbetdeşden "yzyna gaýdýan baglanyşygyň" ýoklugy bilen döreýär. Başgaça aýdanymyzda, bir tarapdan, söhbetdeşimiz bizden düşünmedik zadyny gaýtalap sorap bilmeýän bolsa, ikinji tarapdan, biz onuň özüni alyp barşyna görä düşünenligini ýa-da düşünmänligini aňlap bilmeýäris. Şonuň bilen baglanyşyklykda ýazuw sözleýşiniň sesli sözleýişden has çylşyrymly gurluşy, oňa degişlilikde düşünmesiniň kynlygy, özüniň özleşdirilmegi üçin ýorite okadylyşy talap edýänligi gelip çykýar.

Ỳazuw sözleýşiniň aýratyn erkli häsiýetde bolýanlygy-da bellemeli zatdyr. Dil serişdelerini seçip almak bilen biz olary ýöne bir sözleýşiň maksatlaryna uýgunlaşdyrmak bilen çäklenmän, onuň zerurlygyna, däldigine aňly baha berýäris. Űstesine-de, niýetlän zadymyzy azda-kände aýdyp, biz ony esasy maksat bilen aňly ýa-da aňsyz ýagdaýda deňeşdirip, esasy aýdyljak bolunýan mazmuna laýyk bolmasa ony galdyryp, bütin operasiýany täzeden başlap bilýäris; bu häsiýet monologda we dialogda düýbünden mümkin däldir. Amala aşyrylan wariantlary şeýle seçip bahalandyrmak, adatça, içki sözleýşi ulanmak bilen utgaşýar: aýdyljak zady ýazuw görnüşinde beýan etmezden ozal, sözleýän (häzirki ýagdaýda ýazýan) adam ony içki sözleýişde "gürleýär".

Ỳazuw sözleýşiň bu babatda psihologik taýdan dürli-dürli bolup bilýänligini bellemelidir. Bu sözleýiş ilki özleşdirilýän döwründe içki sözleýiş düýbünden zerur bolman, daşky sözleýiş görnüşinde ýüze çykyp, adam öz-özüne degişli

mazmuny aýdyp berýär. Adatça, içki sözleýiş ýazyljak bolunýan mazmuny ýaýraň ýa-da jemlenen häsiýetde içiňi gepletmek görnüşinde amala aşyrylýar. Ỳazuw sözleýşiň ýokary medeniýeti bar bolan adamlarda bu tapgyr doly içki orna geçip, onuň programmirlenişi aňlanylmaýar we sözleýän adama sözler öz-özünden kagyza geçýän ýaly bolup görünýär.

Sözleýiş hereketleriniň guramaçylygy barada aýdylanda bolsa bu häsiýeti ýazuw monolog sözleýşinde amala aşyrmak sesli sözleýişde amala aşyrmakdan has ýeňildir, sebäbi ol bu ýerde has göze ilginç bolýar. Şonuň üçin-de guramaçylykly sözleýşi öwretmekligi ýazuw sözleýişden başlamak has amatlydyr.

## Bap XVIII. Okadylyş prosesinde sözleýşiň ösüşi
### 18.1. Çaganyň sözleýşinde fonetikanyň we grammatikanyň özleşdirilişi we ösüş tapgyrlary

Çaganyň sözleýşiniň ösüşi üç sany esasy tapgyra bölünýär. Sözleýşi doly manyda özleşdirilmekligiň öňüsyrasynda durýan birinji tapgyr çaganyň iki aýlygyndan on bir aýlyga çenli aralygy öz içine alýar. Ikinji tapgyr, dili ilkinji öwreniş tapgyry on bir aýdan bir ýaş ýedi aýa çenli aralygy öz içine alýar. Diliň grammatiki gurluşy özleşdirilýän üçünji tapgyr bir ýyl ýedi aýdan üç ýaşa çenli aralykda bolýar. Soň-soňlar çaganyň sözleýşi düýpgöter üýtgemän, diňe sözlük ätiýajyň we grammatik görnüşleriň sanynyň köpelmegi bilen tapawutlanýar.

Söze çenli tapgyryň içinde ýaňlanma (güwwüldi) (5 aýlyga çenli) we wüjürdi döwürlerini ýüze çykarmak mümkin. Ỳaňlanma kähalatlarda fonetikany özleşdirmegiň başlangyç zwenosy hasaplansa-da, beýle diýmäge düýpli esas ýokdur, sebäbi çaganyň bu döwürde aýdýan sesleri: a) biri-birleri bilen baglanyşdyrylmaýar, b) belli bir zat bilen gabatlaşdyrylman, tötänleýin, adatça beýleki sözleýiş galmagallary bilen goşulyşyp döreýär, w) konstant (hemişelik) häsiýetde däldir, ata-enelere "birmeňzeş" bolup eşdilýän ses, hakykatda çaga tarapyndan her gezekde başga-başga aýdylýar; g) relewant däldir, ýagny belli bir dil bilen baglanyşykly däldir.

Wüjürdi döwrüň başynda (4 we 5 aýyň aralygynda) sesler aýdyň predmet, hadysalara degişlilikde we hemişelik häsiýete eýe bolýar. Soňra çaga "bogunlary" aýdyp başlap, olaryň içinde çekimli we çekimsiz sesleri biri-birlerine garşy goýup başlaýarbu sözleriň goşa dyrnakda getirilmesi olaryň metaforik

manyda ulanylýandygy bilen düşündirilýär). Bu aýratynlyk seslerde biri-birleri bilen baglanyşdyrmaklyk häsiýetiniň döremegi bilen ýüze çykýar. 6 aýlykda "hakyky däl söz" döreýär – çaganyň sözleýiş akymy birnäçe bogunlardan durýan hem-de basym, artikulýasiýa we intonasiýa birligi boýunça birleşdirilýän böleklere bölünýär.

Haçan-da bu "hakyky däl sözler" obýektiw predmetler bilen baglanyşdyrylmak häsiýetine eýe bolanda (8 aýlyk çemesinde), bu bir ýaşyň soňunda ýüze çykýan hil we mukdar taýdan dörejek üýtgeşmeleriň habar berijisi bolup durýar. Bu üýtgeşiklik, birinjiden, çaganyň sözleýşinde (işjeň sözlükde) ulanýan sözleriniň sanynyň düýpgöter köpelmeginde ýüze çykýar. Şeýle köpeliş çaganyň birgiden predmetleri we hadysalary söz arkaly çalşyrmak we jemlemek mümkinçiligini "açmaklygynyň" netijesidir. Ikinjiden, çaganyň sözleýşinde özboluşly hadysa döräp, ony "sintagmatik fonetika" diýip atlandyrmak mümkin. Beýle diýildigi, sözüň ses strukturasy döredilip, emma şol bir pozisiýada duran sesleriň biri-birlerine garşy goýulmaýandygyny, tapawutlandyrylmaýandygyny aňladýar. Meselem, "deeem" diýmek "demir", "degme", "degirmen" hatda "derman" diýmekligi aňladýar. Kähalatlarda sözüň bogun shemasy aýdylyp, çaga onuň hakyky ses düzümine golaýlaşmaga hatda synanyşyk-da etmeýär: "umma" – "emme". Şol bir sözdäki ähli sesleri biri-birine meňzetmek "sintagmatiki fonetika" üçin adaty ýagdaýdyr: "babam" – "banan", "güjük" – "jüjük" we ş.m. Bu döwrüň has aýgytly aýratynlygy-da sözleýşiň erkinligidir (aýry-aýry sesleriň aýdylyşynda ýüze çykmasa-da). Galyberse-de, sözleýşiniň ses düzümi degişli diliň ses düzümi bilen baglanyşdyrylýar.

1 ýaş 3 aýlyk döwür bilen 1 ýaş 6 aýlyk döwür aralygynda sözlük baýlygynyň ösüşi birneme haýallaýar; sebäbi bu döwürde çaga özi üçin täze mehanizm bolan pragmatiki fonetikany özleşdirip, bu bolsa oňa diňe bir ses bilen

tapawutlanýan sözleri, meselem, “göle”, “döle”, “japbak”, “ýapbak”, “topbak” we ş.m. biri-birlerine garşy goýmak mümkinçiligini berýär. Bu mehanizmi özleşdirip, çaga gaýtadan leksikany ürç edip öwrenip başlaýar. Bu prosesiň ýokary depginde geçmegine belli bir derejede çaganyň bir sözli (meselem, “äber!”) sözleýşinden onuň iki sözli görnüşine (meselem, “eje, çörek!”) geçmekligi uly rol oýnaýar. Emma çaga iki ýaşa çenli sözleriň baglanyşygy üçin hiç hili grammatiki serişdeleri ulanman, diňe bir sözüň ýanynda zerur ikinji sözi goşýar. Eger-de bu ýerde käbir grammatiki görnüşler gelseler-de, olar tötänleýindir. Çaga çem gelşi ýaly sözleri biri-birlerine utgaşdyrýar: “kaka oturjak”, “kaka oturdy”, “kaka otur” we ş.m. Bu döwür görkezilen tapgyrlaryň üçünjisine degişli bolup, ony “sintagmatik grammatika” tapgyry diýip atlandyrmak bolar. Galyberse-de iki ýaş çemesi döwürde çaga grammatik görnüşlery dogry ulanyp başlaýar. Soňra bolsa sözde onuň aýry-aýry grammatik düzüjilerini – morfemalary ýüze çykaryp ugraýar.

Çaganyň grammatikany özleşdirşiniň esasy mehanizmi heniz aýan däldir. Käbir daşary ýurt awtorlarynyň pikiriçe, çaga diliň grammatiki gurluşyny “kontekstual jemlemek” boýunça öwrenýär: ýagny ol “ululary̆ň” diliniň sözlerini olaryň sintaktiki häsiýetleri bilen bilelikde özleşdirýär. Ol ilkinji nobatda sözleriň yzygiderliligini öwrenip, soňra ondan ugur alyp, ähli sözleri grammatik synplar boýunça bölüşdirýär. Başga awtorlaryň pikiriçe sözlügi özleşdirmek çagada sözleýşiň belli bir shemasynyň döremegine itergi bolup, bu shema soňra yzygiderli döredilýän, anyklanýan sözler bilen “doldurylýar”.

### 18.2. Sözüň semantikasynyň we funksiýasynyň ösüşi

Şu wagta çenli biz çaga sözleýşiniň fonetikasynyň we gramatikasynyň ösüşi hakynda gürrüň etdik. Bu ösüş orta mekdep ýaşyna çenli amala aşýar. Sözleýşiň semantikasynyň

ösüşi L.S.Wygotskiý tarapyndan hertaraplaýyn öwrenilendir. Ol bu ösüşi çaganyň predmetleriň tötänleýin, ikinji derejeli häsiýetlerinden olaryň esasy häsiýetlerine geçişi hökmünde düşündirilipdir.

Çaganyň sözleýşiniň funksiýasynyň ösüşi aýratyn meseledir. Funksiýalarda düýpli özgerişler ýüze çykýar. Çaganyň sözleýşi ilkibaşda situatiw (ýagny sözleýşiň mazmunynyň çaganyň gür berýän ýagdaýyny, onuň el hereketlerini, mimikasyny, intonasiýasyny we ş.m. göz öňünde tutanyňda çaganyň söhbetdeşine düşnükli bolmaklygy), özüňi alyp barşyň hereket görnüşinden üzňedäl häsiýetde bolup, ol soň-soňlar kontekstleýin (ýagny ýerligi-konteksti mälim bolanda düşnükli bolmaklygy) häsiýete eýe bolýar. Kontekstlilik we situatiw elementleriň utgaşmaklygy sözleýşiň maksadyna we şertlerine bagly bolýar.

Ž.Piaženiň (belli şweýsar psihology) pikiriçe çaganyň sözleýşi egosentrik ("öz-özüňe gönükdirilen") sözleýiş görnüşden jemgyýetleşen ("başgalar üçin sözleýiş") görnüşe tarap ösýär. Bu taglymata L.S.Wygotskiý öz nazaryýetini garşy goýup, egosentrik sözleýşi ilki başdan jemgyýetçilik mazmunly hasaplap, ony indiwidual sözleýşe geçmekligiň araçäk tapgyrydyr diýip düşündirdi. Bu nazaryýet eksperiment üsti bilen tassyklandy. L.S.Wygotskiniň pikiriçe (bu pikir häzir köp alymlar tarapyndan makullanýar) içki sözleýiş jemgyýetçilik sözleýşiň mundan beýläkki interiorizasiýasy we "indiwidualizasiýasy" bolup durýar; şeýlelikde, içki sözleýiş öz gelip çykyşy boýunça daşky sözleýişden öz gözbaşyny alýar.

Wygotskiniň eksperimentinde egosentrik stadiýadaky çagany onuň bilen sözli gatnaşyk edip bilmeýän çagalar kollektiwine (kerler, daşary ýurt dilliler) ýerleşdirilýär. Bu ýagdaýda egosentrik sözleýiş esasan ýok bolup gidýär. Şeýle ýagdaý jemgyýetçilik, kommunikatiw-aragatnaşyk häsiýeti bolmadyk beýleki ýagdaýlarda hem ýüze çykýanlygy

anyklanypdyr. Bu ýerden Wygotskiý egosentrik sözleýşi ilkibaşdan çaganyň egosentrik, indiwidual häsiýetli pikirlenmesi bilen bagly däl diýen netijä gelýär: sebäbi şeýle baglanyşyk bolsa, sosial sözleýiş häsiýeti bolmadyk ýagdaýda(kerleriň, güňleriň gurşawynda) egosentrik sözleýiş özüniň ösmegi üçin amatly şert tapardy diýip Wygotskiý pikir jemleýär. Çaklanyşyna görä tersine, egosentrik sözleýiş ýeterlik indiwidual häsiýeti bolmadyk jemgyýetçilik sözleýişden gelip çykýar.

Sözleýşiň aragatnaşyk üçin ulanylyşy, onuň hereketleri meýilleşdirmek we dolandyrmak (oýunda, okuw işinde) üçin ulanylyşyndan öň döreýär. Soňky funksiýa mekdebe çenli ýaşyň soňunda ýüze çykýar.

Çaganyň öz sözleýşini aňlamaklygy doly manyda mekdebe çenli ýaşyň dowamynda döremeýär. Birinjiden, çaga ýörite okadylyş bolmasa öz sözleýşiniň sözlere bölünýänligini örän seýrek aňlaýar. Ondan başga-da sözleýşiň ses gurluşynda ol diňe aýry-aýry bogunlary, bognuň içinde bolsa esasan başky çekimsiz ses bölegini ýüze çykaryp bilýär; bu ýerden kiçi ýaşly çagalaryň adaty ýalňyşy – çekimli sesleri aňladýan harplary sözde sypdyrylýanlygy gelip çykýar (meselem, “kaşa”, “kşa”).

## 18.3. Dil özleşdirmekde ses we grammatikanyň roly.

Mekdepde ene dili predmetiniň möhüm wezipeleriniň biri-de çagada öz sözleýşine we ony düzýän dil elementlerine aňly we erkli gatnaşygy kemala getirmekden ybaratdyr. Bu wezipe ýazuw we sowat özleşdirmekde has-da ähmiýetlidir.

Psihologik derňewlere esaslanýan häzirkizaman sowat öwrediş usullary özüniň esasy wezipesi hökmünde çagada

sözleýşi erkli analiz etmek başarnygyny kemala getirmekligi öňe sürýär. Şeýle başarnyklary özünde döredip, diliň fonetikasynyň ulgamlaýyn häsiýetine düşünen çaga täze koda – ýazuw sözleýşiniň koduna geçmek ýeňil bolýar. Bu sowat we ýazuw öwretmekligiň bir funksiýasydyr. Onuň ikinji funksiýasy – soňky tapgyrlarda ene dilini öwretmekligiň özboluşly usuly propedewtikasy(öňisyralygy)[1] bolmakdyr: okuwçylar ilkinji gezek dil materiallaryna degişli bolan hereketleriň dil ulgamy bilen iş salşyp, soň-soňlar ony beýleki dil birliklerine geçirip bilýärler. Galyberse-de, onuň üçünji funksiýasy – ähli beýleki predmetleri öwretmekligiň real propedewtikasy bolup durmagydyr: sowat özleşdirmezden olary öwrenmäge geçmek mümkin däldir.

Ene diliniň grammatikasyny öwrenmeklik hem hut şeýle ýagdaýda guralýar. Bu ýerde, birinjiden, çaga grammatikanyň derejesinde diliň ulgamlaýynlygy hakynda düşünje berýärler. Ondan soňra sintaktiki birlikleri, sintagmalary, sözleri erkin ulanmak başarnygy döredilip, ol bolsa dil serişdelerini aňly, hiç bolmanda erkli seçip almaga mümkinçilik döreýär.

Mekdepde ene dilini öwretmekligiň ýene-de bir möhüm funksiýasy bolýar. Ol “dogrynyň” “nädogrudan” saýgarylmagyna, has möhümi-de dil serişdeleriniň funksional ýöriteleşmegine, olaryň takyk şertlerde maksadalaýyk we täsirli ulanylmagyna getirýär. Ene dilini öwrenmekligiň bu funksiýasy entek ene diliniň mekdep kursunda aýdyň şöhlelenmesini tapan däldir. Hakykatda bolsa bu kurs sözleýşiň umumy ösüşine bolan ähmiýetinden başga edebiýat kursunyň propedewtikasy hökmünde örän möhümdir.

Ikinji dili öwrenmek, okuwçynyň haýsy ýaşdan okadylyp başlanyşyna baglylykda dürli psihologik mazmuna eýe bolýar.

---

[1] Propedewtika – ilkinji maglumatlaryň toplumy bolup, onsuz esasy ylmy düşünjelere geçmek mümkin bolmaýar.

Ol ene dilini öwrenmeklik bilen parallel ýa-da ondan biraz yza galmak ýagdaýda gidip bilýär; şeýle ýagdaý iki dilde gepleýän maşgalalarda adatydyr. Bu ýagdaýda ol ene dilini öwrenmek bilen meňzeş bolýar. Ikinji dil öwrenmek mekdebe çenli ýaşda hem başlanyp biler: bu döwür umuman dil öwrenmek üçin "sensitiw" (has duýgur), ol fonetikany we gramatikany aňlamazdan "gös-göni" usul boýunça özleşdirmeklige amatly ýaş hasaplanýar. Ýöne ikinji dili okatmaklygyň has adaty görnüşi – çagada ene diliniň faktlaryny erkli ulanyp bilmek başarnygy kemala gelenden soň okatmaklykdyr. Bu başarnyklaryň esasynda çet ýurt ýa-da islendik ikinji dili okatmaklyk başlanýar. Eger-de ene dili "aşakdan ýokary", ýagny ilki bogun emele getirmek ýaly elementar mehanizmleri, soňra diliň ýokary derejeleri, sözleýşiň erkliligi özleşdirilip, iň soňundan dil birliklerini aňly ulanmak görnüşinde kemala gelýän bolsa, ikinji dili öwrenmek "ýokardan aşak" – dili ulanmaklygyň aňly operasiýalaryndan başlap, dil serişdelerini erkli seçip almak arkaly sözleýşiň awtomatlaşmagyna geçmek ýoly bilen amala aşyrylýar. Çet ýurt dilini okatmaklygyň bu psihologik aýratynlyklaryny kähalatlarda pedagoglar ünsden düşürýärler.

## 18.4. Sözleýş we şahsyýetiň akyl ýetiriş işi

Ýokarda aýdylanlardan görnüşi ýaly adamyň psihiki durmuşynda sözleýşiň roly örän uludyr. Hakykatda adamyň aňy dil bilen guralandyr. Diliň kähalatlarda "hakyky aň" diýip häsiýetlendirmesi ýöne ýerden däldir. Diliň we sözleýşiň bu roly adamyň ýokary psihiki funksiýalaryny amala aşyrmakda has aýdyň ýüze çykýar.

Dil ähli psihiki hadysalardan pikirlenme bilen has ýakyn baglanyşyklydyr. Emma olaryň arasynda käbir lingwistleriň

tassyklaýşy ýaly parallellik ýokdur, Pikirlenmede diliň takyk ekwiwalenti-mynasybeti bolmaýşy ýaly, tersine, dilde-de pikiriň doly gabatlygy ýokdur; pikir öz tebigaty boýunça dilden durýar; dil pikiriň guralydyr; emma pikirlenmede (aýratyn-da uly adamlarda) dilden başga-da şeýle gurallar ulanylýar. Dil ýat bilen-de ýakyn arabaglanyşykdadyr. Hakyky adam ýady (aralaşdyrylan häsiýetde) köplenç dile daýanmak arkaly amala aşyrylýar. Kabul ediş hem hut şeýle derejede sözleýşiň kömegi bilen ýerine ýetirilýär.

Diliň hyýal bilen baglanyşyklylygy gös-göni göze ilmesede, bu ýerde hem onuň roly şübhesizdir. Bir eksperimentde okuwçylardan Ỳer togalagynyn haýsy-da bir bölegini (meselem, Ỳewropany) hyýala getirip, soňra suratyny çekmek tabşyrylanda olar kenar ýakasynyň diňe söz bilen aňladylan ýerlerini (aýlaglar, burunlar, adalar, ýarym adalar) çekmegi başarypdyrlar. Dil beýleki şertli belgiler, kartalar, çyzgylar, hasaplaýyş serişdeleri we ş.m. bilen bir hatarda "psihologik" gurallaryň biridir. Her bir psihologik gural ýaly dil "şolar ýaly psihiki funksiýalaryň bütin gurluşyny we geçişini üýtgedýär… edil tehniki gural ýaly zähmet operasiýalarynyň görnüşini kesgitläp, tebigy uýgunlaşyş prosesini üýtgedýär"[2].

Şeýlelikde, esasy akyl ýetiriş prosesleriniň (kabul ediş, ýat, pikirlenme we hyýal) psihologik häsiýetnamasyna diňe olaryň kemala getirilişinde şahsyýetiň sözleýiş işiniň aýratyn roly aýan edilenden soňra düşünmek mümkin.

---

[2] Выготский Л.С. Развитие высоких психических функций. М. 1960. 225-nji sah.

## Bap XIX: Diliň fiziologik nazarýetden öwrenilişi.

Siziň bilşiňize görä lingwistler diliň öwrenilişi we onuň ulgamlaýyn gurluşy barada ylmy-amaly işleri alyp barýarlar. Olaryň bu işi käbir ýagdaýlarda ýadyň modelini işläp düzmek bilen meşgullanýan psihologlaryň işi bilen hem golaý bolýar. Siziň öwrenişiňize görä ýadyň modelini öwrenmek hem onuň mazmuny gurluşy we onda bolup geçýän prosessler (kodirleme operasiýasy, ýada salmak (gaýtadan dikeltmek ýa-da özgertmek we ş.m.) bilen baglydyr.

Lingwistler hem diliň mazmunynyň modelini işläp düzmek, onuň gurluşy we hadysalary bilen iş salyşýarlar. Diliň öwrenilişi onuň iýerarhiki düzümlerini, ýagny ses birliklerini, taglymat birliklerini, söz düzüminiň böleklerini, sözlemiň agzalaryny, birlikleriň ähmiýetini öwrenmek bilen baglanyşyklydyr.

Ýazuw düzgüniniň işlenip düzülmegi, ýagny sözleýişiň beýan edilişi we many aňladyşy adamyň iň bir agramly (ähmiýetli) iýearhik döredijileridir. Iňlis dilinde sanlary aňladýan 10 simwol, olaryň ýazuwda ulanylyş kadasy örän gyzyklydyr. Şol az sanly harplardan we sanlardan, ulanyşda peýdalanylýan 40 müňden gowrak söz düzülendir, ýöne şol sözlerden millionlarça sözlemler düzülendir. Elbettde, beýleki adamlar bilen aragatnaşyk saklamak üçin her minutda täze – täze sözlemler düzülýär. Dili öwrenmekde fonemalaryň ähmiýeti örän uludyr. Ol sözleýiş esasy birligi hökmünde üns merkezindedir we dilçiler tarapyndan Fonemalar – sözleýişiň aýratyn sesleridir we adamyň bokurdagynyň diliniň, dişleriniň, dodaklarynyň, ses damarlarynyň, öýkeniniň özara hereket işleriniň netijesinde amala aşyrylýar. Sebäbi dile düşünýän

adamlar tarapyndan çalt kabul edilýär. Iňlis dilinde 44 ses bar, ýöne olaryň hemmesi bir deň derejede ulanylmaýar, bary ýogy 9 fonema gerek bolýar, galanlary selçeň ulanylýar. Käbir dillerde bary ýogy 15 fonema hem ýeterlik, käbirine bolsa 45 fonema hem gerek bolýar.

Mysal üçin amerikan dili üçin Denes we Pinson – 1969 umumy ulanylýan fonemalaryň düzümini işläp düzdüler.

ee – heat    - father    t – fea    f – fear

l – hit : - call    pm – pen    [θ] – thin you

e – head    [u] – put    k – key    s – see

^ - ton    [au] – shout    d – dowu    [h-] – he

- the    [es] – take    g – go    [v] - vuw

er – bird    [ou] – tone    m – me [ ] – them

oi – toil    [ ] - might    n – no    [z] - zoo

Şu görkezilen fonemalary dürli usullar bilen birleşdirip müňlerçe sözleri düzmek bilen sözlemde dürli manylarda özleşdirmek mümkin, ýöne her bir fonemanyň öz esasy häsiýetini we belgisini öwrenmeli.

Morfemalar – Dil öwrenmekde morfemalar uly ähmiýete eýedir, olar sözler, sözüň bölegi goşulma ýa-da söz öňi sözler (pristawka) hem bolup gelýär. “The old chemist loved joyful sounds”

Iňlis dilinde 100 müň söz morfemalaryň düzümlerinden emele gelendir, ýöne olar berk kada esasynda düzülendir. Meselem, iňlis dilinde bogunyň başynda yzly-yzyna üç çekimsizden köp bolmaýar, ýle hem çekimsizler – ikiden köp bolmaýar. Ýene bir düzgün käbir harplar hiç wagt bile ýazylmaýar, meselem “*q* we *d*” ýa-da “*j* we *z*”.

Sintaksis – bu lingwistik iýerarhiýanyň ýene bir derejesidir, bu morfemalaryň düzüm sazlaşygyny aňladyp söz birikmeleri we sözlem düzmegiň kanunydyr (düzgünidir).

Soňky döwürde sintaksisiň düzgünleri maglumatlary bir görnüsden beýleki görnüşe geçirmekde giňden ulanyp başlandy. Ilkinji bolup noam Homskiý grammatikasynyň dili häsiýetlerini (daşky we abstrakt) beýan etmekde uniwersal taglymatyny teklip etdi.

Bu taglymat diňe bir lingwistiko barada göz öňüne getirmän maglumaty üýtgetmek däl-de, eýsem psihologiýa ylmyna hem hususan-da eýsem psiholingwistika-da uly täsir etdi. Ýagny sözlemiň düzülişi, onuň täsirligi – many – mazmuna baglydyr. homskiniň taglymatyna görä:

1. Dil – sözlemiň bir ýeke-täk gurluşyna bagly bolup, onuň daşky häsiýetleri üns merkezinde däl.
2. Dil – ýapyk däl-de, ösýän ulgamdyr.
3. Diliň gurluşynyň esasyny ähli dillere oňa mahsus bolan we olary şöhlelendiriň. Umumy düzgünler ýatandyr. Bu düzgünler diliň öwrenilişine täsir edýär. Homskiý bu meseläniň psihologik nazarýetden öwrenilmeginiň wajypdygy barada teklip bilen çykyş etdi. Onuň taglymatynda esasy 3 düşünje – daşky gurluş, çuňlaşdyrylan gurluş we özgertmek kanuny (düzgün).

Soňky 30 ýylyň dowamynda Homskiniň taglymatynyň esasynda örän köp ylmy barlaglar geçirildi. Esasan hem, onuň grammatiki özgertmeleriň düzgünleri üns merkezinde bolup, içgin öwrenilýär.

Onuň taglymatyna görä diliň esasy düzüm bölekleri dogabitdi diýen düşünjesi çekeleşikli hasap edilýär (soň kabul edilen däl skinner pikirine görä).

## Bap XX: Dil we diliň kömekçi şertleri.

Sözleýiş dil arkaly aralaşdyrylýan adamlaryň hakyky barlygy üýtgeýdiji hem-de ony dörediji işi ýagdaýynda taryhy şertlerde ýüze çykýan aragatnaşygyň gepleşigiň görnüşidir. Sözleýiş psihologiýasy okuw-terbiýeçilik işinde çagalaryň ösüşinde ýüze çykýan käbir kemçilikleri, meselem, sakawlamak, peltemeklik, harplary, sözleri nädogry aýtmak, öz pikiriňi beýan etmek edip bilmezlik ýagdaýlarynda giňden ulanylýar.

Bular ýaly ýagdaýlarda ýokarda aýdylan kemçilikleri düzetmek üçin ýörite harplar, sesler, sözler, ýumuşlar dürli oýunlar ulanylýar. Mekdep işinde bolsa, şeýle çagalar bar bolsa, olar bilen goşmaç a şahsy ýekebara okuw sapaklaryny guramakda we geçirmekde sözleýiş psihologiýasynyň wezipeleriniň, düzgünleriniň we kabul edişiň ýerlikli ulanylmagy uly ähmiýete eýedir.

Adamyň ýeke-täk dili hökmünde sesli dil ýa-da sözler bolup, adamlaryň özara pikir alyşmaklyga kömek edýär.

Sesli dil adama şekillendirmek ukybyny bermän, eýsem öz pikiriňi aýdyp bilmän, predmetleri we durmuşyň hakyky hadysalaryny aňlap ol pikirlenmäniň düşünjeleriň ösmeginiň esasy şerti bolup durýar. Ol adamlara ýeke-täk predmetleri giňeldip, öz umumy pikirleriň ösdürmäge kömek edýär. Şeýle hem adamyň haýwanat dünýäsinden saýlanyp, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny guramaga, öz pikiriňi ösdürmäge kömek etdi.

Dil hemişe ösüp gelipdir hem-de pikirlenmäniň ösmegi bilen ösýär. Biziň durmuşymyzda täze düşünjeleriň döremegi täze sözüň ýa-da sözlemiň dörändigini aňladýar. Biz başga bir adamynyň pikirini onuň sözleýşi esasynda netije çykarýarys.

Häzirki zaman adamsynyň dili sesli dildir. Bu örän dogry, ýöne onuň häsiýetnamasy bir taraplydyr. Sebäbi diliň

sesi sözleýiş artikulýasiýasynyň önümi bolup durýar. Bu manyda biziň dilimiz hereketleniji häsiýete eýedir. Çap edilen sözleýiş bolsa göreş kabul ediş görnüşe eýedir. Sözüň fiziologik esasynda analitik sintetik prosesi beýniniň uly ýarym şaryň gabygynda esasy güýç bolup hyzmat edýär. Eşidiş hereketleniş we görüş duýgulary bilen örän jebis baglanyşyklydyr.

Sesli dil adamynyň sözleýiş apparatynyň hereketi esasynda ýüze çykýar.

Adamynyň sözleýiş apparaty artikulýasion hereketiň ýoly bilen adam pikirini akustiki ýagdaýlarda kodirleýär.

Zähmet işiniň gatnaşygynda adam öz pikirlerini hem-de beýleki adamlara bolan gatnaşyklaryny düşündirmek üçin adam şu maksatlary üçin özi hem-de beýleki adamlara bolan gatnaşyklaryny düşündirmek üçin şu maksatlary üçin özi hem-de beýleki adamlar eşider ýaly hereket edýär. Şeýle hereketler adamynyň zähmet işi bilen berk baglanyşykly bolan sözleýiş artikulýasiýasydyr.

Bu garaýşyň dogrudygyny nazarda tutup, biz I. Pawlowa ýüzlenýäris. Maýmyn beýleki haýwanlardan tapawutlylykda ňame üçin adama ýakyn? diýen sowala I.P.Pawlow şeýle jogap berýär: "Maýmynda eli bolup, özi hem 4 eli bar. Şuňa laýyklykda olar daşky gurşaw bilen gatnaşyga girip bilýär. Ine şonuň üçin beýleki haýwanlara mahsus bolmadyk assosiýalaryň köpüsi duş gelýär. Şuňa laýyklykda şol hereketlenişi reaksiýalaryň beýnide öz material substraty bolup, maýmynlaryň uly ýarym şarlaryň has ösýär. Esasan hem şol dürli görnüşli hereketleniş funksiýalary bilen baglanyşykly.

Belli bolşy ýaly biziň sesimiz howanyň basyşy astynda ses baglanyşyklarynyň netijesinde döreýär.

Biz başga adamynyň pikirlenişini onuň sözleýşiniň manysy boýunça jemleýäris. Başga adamynyň pikiri şeýle hem öz hususy pikirimiz sözleýiş prosesinde hakyky bolup, amaly

düşünjesi bolýar. Şeýlelikde, diliň kömekçi şertleri bolup, olar yşaratlardyr.

Illýustyratiw we aýdyň hereketleri tapawutlandyrýarlar. Illýustratiw şertlere mysal edip, biz soragy tutuşlygyna seretjek bolýan sözlerimizi aňladýar. Şeýlelikde biz iki elimiz bilen tegelegi görkezýän ýaly ýokardan başlap, aşakda gutarýarys. Ýüzüň mimikady hem illýustratiw bolýar. Meselem, biz şübhelenýän zadymyz barada gürrüň edenimizde gözlerimizi ýygyrýarys.

Aýdyň hereketler adamynyň emosional erkli ýagdaýlaryny ýüze çykarýar. Meselem, biz elleşip salamlaşanymyzda beýan edýäris. Aýdyň hereketler özboluşly kömekçi bolup, adamlaryň duýgularyny, isleglerini we arzuwlaryny dogry beýan etmäge kömek edýär.

Drama çeper edebiýatyň döredijiligi hökmünde bolup, ol sözleriň dilinde ýazylandyr. Ýöne ol döredijilik sungaty bolup, adamlaryň gatnaşygynyň ähli kynçylyklaryny, hakyky durmuşy diňe teatryň sahnasynda entonasiýanyň hem-de aýdyň hereketleriň kömegi bilen aňladylýar. Şeýle hem biz özara gatnaşykda signallar we şertli belgiler bilen aňldýarys. Olar hem öz gezeginde diliň kömekçi şertleridir. Meselem, eger-de biz ýoluň açykdygyny ýa-da ýapykdygyny 3 ýagdaýda bölüp bileris. Birinjiden, bize kimdir biriniň aýtmagy bilen. Ikinjiden, ýol polisiýasynyň özüniň hereketleri bilen bize habar bermegi bilen. Üçünjiden hem biz swetoforyň reňkleri boýunça bilýäris.

Şertli belgiler hökmünde bolsa arifmetikadaky (+; – ; ×; ÷) belgiler, algebradaky $(a+b)^2$ we beýlekiler bolup, bu belgiler berlen ululyklar bilen nähili ýerine ýetirmelidigini aňladýar. Himiýada bolsa mysal üçin, H – wodorod, O – kislorod, $H_2O$ suwy we ş.m.

## Bap XXI. Ene diliniň we daşary ýurt dilleriniň sözleýşini duýmaklygyň aýratynlyklary

Sözleýşi kabul edenimizde özara gatnaşykdaky duýmalaryň, ýagny eşidiş, hereket, görüş we şeýle hem duýmalaryň özboluşly koordinasiýasynyň we artikulýasiýa organlaryň hereketiniň görüş duýmalarynyň esasynda emele gelip, harplary we sözleri görüş taýdan kabul edýäris. Şeýle hem görüş duýmasy sözleýiş bilen baglanyşykly. Sebäbi görüş gürleýän adamyň žestleri we mimikasy bilen baglanyşyklydyr.

Durmuşda biz hemişe öz ene dilimizden sözleýişden ulanyşymyz ýaly ýazuwda hem ulanýarys. Şonuň üçin bizde duýmalaryň ähli görnüşlerine bolan endigimiz diýseň uludyr. Käbir adamlar sözleýişi ulanyş prosesini duýmaýarlar. Olar garyndaşy bilen gepleşmän, diňe öz pikirini geçirýändirin öýdýärler. Şeýle hem pikirlenýärler, ýöne ýazmaýarlar, oýlanýarlar, ýöne okamaýarlar. Sözleýioş we ýazuw prosesleri olarda awtomatiki ýagdaýda bolýar. Bu ýagdaý orta mekdepde okaýanlara mahsus bolup, sözleýişde ýazuwda garanyňda köp bolýar.

Ene diliniň ýa-da daşary ýurt dilleriniň sözleýişine endik etmekligiň özüniň yzygiderligi bar. Dürli dillerde dürli bolup esasan olaryň sesleriniň gurluşyna bagly bolýar. Rus dilinden soňra günbatar Ýewropa dilleriniň aýdylyşyny öwrenmeklik ýeňil bolýar. Bu bolsa rus diliniň sesleriniň diopozon ukyplylygy beýleki dillerde garanyňda baý bolýar. Mysal üçin rus dilinde “l” we “t” harplary ýumşak hem-de gaty bolýar. Emma nemes we iňlis dillerinde bolsa “l” we “t” ortaça hem-de alweolýar ulanylýar.

Öz ene diliňe endik edeniňde ene diliň hemde daşary ýurt dilleriniň seslerini deňeşdirip ulanyp görmeseň, onda haçanda daşary ýurt dilini öwreneňde kynçylyk ýüze çykýar.

Bu endik şeýle güýçli bolup, haçanda başga dili gowy bileninde hem aksenti bildirýär. Sözleýişde biz ene dilimiziň sesleriniň obrazlaryna endik edýäris. Şeýle hem bu aýry sesleriň görüş-eşidiş hereketlerini, obrazlaryna endik edýäris. Bu ýagdaýda haçanda kabul edenimizde bolýar. Bu ýagdaý ähli dilleriň sesleriniň we haplarynyň arasynda meňzeşlik bolmadyk ýagdaýynda hem bolýar. Şonuň üçin haçanda daşary ýurt dilleriniň seslerini hem-de artikulýasiýasy öwrenilende trankripsiýany ulanmaly, hat-da mekdep ýaşyndaky çagalarda hem.

Ýüzüň myşsalarynda daşky ýagdaýy dodaklaryň we diliň pozisiýalary umumy energetiki aýdylyş bularyň hemmesi gürleýän adamyň ýüzünde görünýär. Şonuň üçin ýüzüň görüji kabul edilşi dogry mator duýmalaryny tapmaga kömek edýär. Sebäbi hemme artikulýasion apparatlarda gerekli bolar inwersiýany döredýär we şonuň netijesinde öwrenilýän diliň sesleriniň dogry aýdylyşyna kömek edýär. Şunuň esasynda laboratoriýada N.D.Karillowskiý fransuz diliniň ýapyk sesleriniň aýdylyşyny öwrenmekligiň aýratyn usuly işlenip düzeldi. Bu usul üçin okuw gollanma taýýarlananda, ilki bilen fransuz adamyň ýüzüni surata düşürýärler. Onuň bilen sesleri aýdyp durşy, soňra bu surat boýunça çyzgynyň şekili çekilýär. Ahyrynda adamyň ýüzüniň çyzgysy, ýagny fransuz diliniň berlen ýapyk fenomeniniň aýdylyşy. Okyjylarda bu çyzgyny görüp kabul edişde sözleýiş organlarynda belli bir derejede innerwasiýa ýüze çykýar. Ol ýa-da beýleki sesleri aýtmak üçin zerur bolýar.

Sözleýşi kabul edilende duýmanyň we pikirlenmäniň özara baglanyşygy esasan hem eşidiş fenomeninde gaty ýagty görünýär. Adamynyň sözleýşi dürli dilde hem örän köp dürli seslerden durýandyr.

Adam özüniň oňyn eşidiş duýgurlygy esasynda dürli adamlar tarapyndan şol bir sesiň aýdylyşynda dürli öwüşginleri

eşidip biler. Ýöne aragatnaşyk prosesinde bu hiç zady aňlatmaýar we şonuň üçin biz aýry-aýry sesleri şol bir ses ýaly fonema ýaly kabul edýäris. Edil şunuň ýaly gatnaşyp pikirlenmede we duýmada bolýar. Haçanda sözleýşi kabul edenimizde shematiki illýuziyany tapýarlar. meselem sözleýişde haýsydyr bir düşünjäni kabul edenimizde biz subýektiw taýdan sesiň gatylygyny, şeýle hem bir sözüň basyşyny çaltlandyrýarys. Bularyň ähli sözleýiş seslerini duýmaklyk, ýönekeý fiziki sesleri duýmaklykda pikirlenmäniň işjeňligi bilen bellenilýär.

Bularyň hemmesi fiziki sesleri biz birinji signal sistemada daýanýarys, emma sözleýişiň seslerini bolsa (fonemalary) biz ikinji signal sistemamyzyň kömegi bilen kabul edýäris.

Sözleýiş seslerini we olaryň aýry alamatlaryny duýmaklykda öýkünmäniň we derňewi anyklamaklygyň özara gatnaşygy. Bu sorag Z.M.Swetkow, O.S.Goradeskiý we M.A.Arenburg laboratoriýada alyp baran ýörite barlaglaryň predmety bolupdyr. Barlagyň esasynda 16 ýaşa çenli mekdep çagalarynda iňlis, fransuz we nemes dillerine bolan gatnaşyga şol bir netije alyndy.

Ýörite synplarda okaýanlarda iňlis, fransuz we nemes sesleriniň aýdylyşynyň 3 görnüşini tapawutlandyrýarlar. Olar:

1. Eşidiş öýkünmek ýoly.
2. Görüş eşidişe öýkünme ýoly.
3. Analitiki düşündirişleri görüş eşidiş öýkünmeleri bilen baglanyşdyrmak ýoly.

Birinji ýagdaýda okuwçy mugallymy diňe eşidýär, ikinjide okuwçy mugallymy eşidýär hem-de onuň aýdylyşyna syn edip görýär. Üçünji ýagdaýda ol ýa-da beýleki sesleri nähili aýtmalydygyny düşündirýär. Soňra başdan şol sesi özi aýdýar. Okuwçylaryň eşidiş imitasiýasynda erbet ýagdaýlara eýe

bolýarlar, emma analitiki düşündirişler gowy netije alypdyrlar. Eşidiş imitasiýada okuwçylar sesleri dogry 40% aýdypdyr.

Ähli dört barlaglarda hem şol bir diliň dürli sesleri olaryň aýdylyşyny öwretmegiň dürli ýagdaýlary bolýar. Haçanda adamynyň ýüzüne, dodagyna, dişlerine üns berip seredeniňde öwrenilýär.

Iňlis dilini öwrenmeklik duýmalara uly medeniýet berýär. Okuwçylaryň sözleýiş duýmalarynyň derejesi daşary ýurt dillerini öwrenenlerinde hem-de eşidenlerinde ösýär. Daşary ýurt dilini başlangyç öwrenilende öz ene dilini kabul edilende eşidiş hereketleniş we görüş duýmalarynyň ösmegini talap edýär.

Ikitaraplaýyn terjimeçilik sözleýiş duýmalaryny ösdürýär. Duýmalaryň işjeňligini hemişe pikirlenme işjeňligi hem goşulýar. Ene dili we daşary ýurt sapagynda duýmalar medeniýeti umumy we gysga psihologik görkezijilerdir. Bu görkezijiler indikelerden ybarat:

- ähli okuwçylar pedagog we logopedler tarapyndan seredilen bolmaly. Olarda sözleýişde bolan kemçiligi tapmak üçin ene dili mugallymy edil daşary ýurt mugallymy ýoly duýma organlarynyň hem-de okuwçylaryň sözleýiş organlarynyň ýagdaýy barada alada etmeli;
- dil bilen baglanyşykly ähli sapaklar, esasan hem aýdylanda diňe bir eşidiş duýmalaryna daýanman, eýsem başga sözleýiş duýmalaryny hem duýmalydyr. Olar sözleýiş we ýazuw üsti sözleýişi kabul edenlerinde degişlidir;
- esasy aýdylyşy öwretmegiň nazaryýetini we kabul edişde duýmalaryň sözleýiş medeniýetiniň esasy ugurlary deňeşdirilendir;

- ene we daşary ýurt dilleriniň fonetika sapagynda duýma organlarynyň duýgurlygynyň ýokarlanyşy hakynda alada etmek;
- dürli duýmalaryň we pikirlenmäniň aragatnaşygy esasynda duýma organlarynyň duýgurlygynyň ýokarlanmagy hakynda pikirlenmek;
- sesleriň garyşyp imitasion analitiki usullaryndan peýdalanmaly;
- sözleýiş düymasy beýleki psihiki prosesler bilen we şahsyýetiň aýratynlyklary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr;
- ene dili we daşaýurt sapagynda sözleýiş medeniýeti mugallymyň hut öz sözleýşi orta epiki dogry, düşnükli bolmalydyr.

# EDEBIÝAT

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak,Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. I tom. Aşgabat, TDNG, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan-sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Umumymilli Galkynyş hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary gurultaýynyň bilelikdäki mejlisinde sözlän sözi. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, TDNG, 2007.
7. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň giňeldilen mejlisinde sözlän sözi. Aşgabat, 2007.
9. Брушлинский А. В. Мышление и прогнозирование. — М.: Мысль, 1979. — 230 с.
10. Брушлинский А. В. О взаимосвязи природного и социального в психическом развитии человека // Проблемы генетической психофизиологии: Сб. статей. — М.: Наука, 1978. — 123 с. -С. 11-21.
11. Брушлинский А. В. Проблемы психологии субъекта. — М.: ИП РАН, 1994. — 346 с.
12. Брушлинский А. В. Субъект: мышление, учение, воображение. — М.; Воронеж: Институт практической психологии, 1996. — 167 с.

13. Зимняя И. А. Функциональная психологическая схема формирования и формулирования мысли посредством языка // Исследование речевого мышления в психолингвистике / Ф. В. Ахутина, И. А.Горелов, А. Залевская и др.; Отв. ред. Е. Ф. Тарасов. — М.: Наука, 1995.-239 с.
14. Пиаже Ж. Речь и мышление ребенка. — СПб: СОЮЗ, 1997. — 250 с. — (Психология ребенка)
15. Рубинштейн С. Л. О мышлении и путях его исследования / АН СССР, Ин-т психологии. — М.: 2005.
16. Хомский Н. Язык и мышление. / под ред. В. Раскина. — М.: Изд-во Моск. ун-та, 2007.
17. B.Basarow we beýlekiler.Umumy psihologiýa. Çärjew, 1992.
18. B.Basarow. Psihologik sözlük.Aşgabat, 1993.
19. Б.Ф.Баев. Психология внутренней речи. М., 1967. (rus dilinde).
20. Н.И.Жинкин. Механизмы речи. М., 1958. (rus dilinde).
21. А.Н.Соколов. Мышление и внутренная речь. М., 1968. (rus dilinde).

## Mazmuny

**Giriş**..............................................................................................7
**Bap I. Pikirlenmäniň psihologiýasy barada umumy düşünje.**
2.1. Pikirlenmäniň psihologiýasynyň öwrenýän meselleri............9
2.2. Pikirlenmäniň tebigaty…………………………………….........10
**Bap II. Pikirlenme psihologiýasynyň öwrenilişi, görnüşleri hakynda.**
2.1. Pikirlenmäniň görnüşlerini kesgitlemä psihologik çemeleşmäniň esaslary………………………………..……….16
2.2. Pikirlenmäniň indiwidual aýratynlyklary………………….....19
**Bap III. Pikirlenme we sözleýiş**……………………………23
**Bap IV. Pikirlenmäniň jemgyýetçilik tebigaty**..................25
**Bap V. Pikirlenmäniň logikasy we psihologiýasy**……..….27
**Bap VI. Pikrlenme hadysa hökmünde öwrenilşi**………… 34
**Bap VII. Pikirlenmäniň motiwasiýasy**……………………38
**Bap VIII. Pikirlenme psihologiýasynda mesele ýagdaýy we ýumuş**…………………………………………………..42
**Bap IX. Pikirlenme arkaly ýumuş çözmekde pikiröňdengörüjilik hadysasy**………………………………54
**Bap X. Intellektiň sosial, jyns we ýas aýratynlyklary** ..................................................................71
**Bap XI. Çagalarda pikiriň ösüşi.**
11.1 Pikir, düşünje we pikirlenme näme?...................................75
11.2 Çagalarda pikiriň ösüşi, kemala getirlişi............................77
**Bap XII. Içki akyl ýetirijilik işini kemala gelmeginiň usullary**..............................................................................80
**Bap XIII. Pikirlenmäniň subýektiwligi**.................................83
**Bap XIV. Akyl işini kemala getirmegiň esasy döwürleri**...... 93
**Bap XV. Sözleýişiň psihologiýasy.**
15.1. Dil we sözleýiş işi hakynda düşünje……………………...97
15.2. Dil hakynda düşünje……………………………….…….97
15.3. Diliň esasy funksiýalary....................................................98

15.4. Sözleýiş işi hakynda düşünje................................100
**Bap XVI. Sözleýiş işiniň fiziologik mehanizmleri.**
16.1. Sözleýiş işiniň reflektor häsiýeti........................................102
16.2. Sözleýşiň dinamiki ýerleşişi...............................................102
16.3. Sözleýşiň mehanizmi.........................................................104
16.4. Sözleýşiň bozulmagy.........................................................105
**Bap XVII. Sözleýiş işiniň görnüşleri.**
17.1. Sözleýşiň görnüşlere bölünişi.............................................107
17.2. Monolok sözleýiş..............................................................108
17. 3. Dialog sözleýşi...............................................................110
17. 4. Içki sözleýiş....................................................................111
17.5. Ỳazuw sözleýşi.................................................................112
**Bap XVIII. Okadylyş prosesinde sözleýşiň ösüşi.**
18.1. Çaganyň sözleýşinde fonetikanyň we grammatikanyň özleşdirilişi we ösüş tapgyrlary.....................................114
18.2. Sözüň semantikasynyň we funksiýasynyň ösüşi............116
18.3. Dil özleşdirmekde ses we grammatikanyň roly.............118
18.5. Sözleýş we şahsyýetiň akyl ýetiriş işi.........................120
**Bap XIX:** Diliň fiziologik nazarýetden öwrenilişi.................122
**Bap XX:** Dil we diliň kömekçi şertleri.............................125
**Bap XXI.** Ene diliniň we daşary ýurt dilleriniň sözleýşini duýmaklygyň aýratynlyklary............................................128
**Edebiýat** .......................................................133